Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Şuhrat Ergaşew, Begzod Hodjaýew,
Jamşid Abdullaýew**

# DÜNÝÄ TARYHY

**(1918 – 1991-nji ýyllar)**

Orta bilim berýän mekdepleriniň 10-njy synpy üçin derslik

Birinji neşir

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi
tarapyndan tassyklanan

Daşkent
«TURON-IQBOL»
2017

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 94(100)(075.3)=512.164
KBK 63.3(0)ya721

E 70 **Ergaşew, Şuhrat.**
Dünýä taryhy [Tekst]: Orta bilim berýän mekdepleriniň 10-njy synpy üçin derslik / Ş. Ergaşew, B. Hodjaýew, J. Abdullaýew. – Daşkent: «Turon-Iqbol», 2017. – 144 s.

**KBK 63.3(0)ya721**

**Jogapkär redaktor:**
Taryh ylymlarynyň doktory, professor **M. Rahimow**

**Syn ýazanlar:**
Taryh ylymlarynyň kandidaty **T. Babamatow**
Taryh ylymlarynyň kandidaty **A. Abdukadirow**
Respublikan tälim merkeziniň baş metodisti **Ş. Safarowa**
Daşkent şäheriniň Sergeli tümeniniň 266-njy mekdebiniň taryh mugallymy **Z. Umarowa**
Daşkent şäheriniň Mürze Ulugbek tümeniniň 248-nji mekdebiniň taryh mugallymy **F. Amanowa**
Karşi Döwlet uniwersitetiniň ýanyndaky 2-nji akademik liseýiň taryh mugallymy **B. Rahimov**
Daşkent Transport kesp-hünr kolležiniň taryh mugallymy **H. Matkurbanow**

## Şertli belgiler


Internet bilen işlemäge degişli ýumuş


Adalgalar düşündirişi


Ýadyňyza salyň


Çeper-taryhy eser bilen işlemäge degişli ýumuş


Karta bilen işlemäge degişli ýumuş


Ýatda saklaň


Döredijilikli iş ýumşy


Özüňizi synaň

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi**

ISBN 978-9943-14-480-4

© Ş.Ergaşew we başg., 2017.
© «TURON-IQBOL», 2017.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GIRIŞ

Adamzat taryhynyň Birinji jahan urşunyň soňy – 1918-nji ýyldan başlanyp, häzirki güne çenli bolan döwri **«Iň täze taryh»** diýlip atlandyrylýar.

«Iň täze taryh» adamzat jemgyýetiniň ösüşinde **industrial siwilizasiýadan postindustrial siwilizasiýa** geçiş döwri hökmünde garalýar.

Iň täze döwür taryhynda özgelere garanda özbaşdak bolan üç basgançagy tapawutlandyryp görkezmek mümkin. **Birinji basgançak 1918 – 1945-nji ýyllar** – industrial jemgyýetiň durmuş-syýasy düzüminiň krizisiniň başlanan döwri. Bu krizis jahan uruşlarynda, sosialistik we milli-azatlyk öwrülişiklerinde, Germaniýa, Italiýa, Ýaponiýa, SSSR-de totalitar düzümleriň emele gelmeginde, sosial gapma-garşylyklaryň ýitileşmeginde görünýär. ***Bu basgançagyň mazmunyny jemgyýetiň ösüşiniň iki esasy modelleri – liberal-demokratik bilen totalitar düzümleriň arasyndaky göreş düzýär.***

**Ikinji basgançak 1945 – 1991-nji ýyllary** öz içine alýar. Bu basgançagyň mazmunyny kolonial düzümiň ýykylmagy we en-çeme garaşsyz döwletleriň döremegi, «sowuk uruş», dünýäni ýadro heläkçiligi ýakasyna getiren ýaraglanmagy haýdatmak düzýär. ***Ikinji jahan urşundan soň şekillenen sosialistik lager bilen Günbatar ýurtlarynyň arasyndaky global gapma-garşylyk bu döwrüň häsiýetli tarapy hasaplanýar.***

**1991-nji ýyldan başlanan üçünji basgançak** halkara gatnaşyklarda şekillenen iki polýusly düzümiň krizisi, sosialistik düzümiň ýykylmagy, SSSR-iň dargap gitmegi we öňki sowet respublikalarynyň özbaşdak ösüş ýoluna girmegi bilen başlanýar. ***Bu döwür jahan siwilizasiýasynyň globallaşmagy, «üçünji dünýä» ýurtlarynyň ösüşiniň çaltlanmagy, siwilizasiýalaryň arasyndaky gapma-garşylyklaryň güýçlenmegi bilen häsiýetlenýär.***



**Industrial siwilizasiýa** – bu senagata we ylmy-tehniki ösüşe esaslanan siwilizasiýa.

**Postindustrial siwilizasiýa** – bu ykdysadyýetde senagatyň ýokary öndürijilikli innowasion sektory, umumy içki önümde ylmyň gazananlary we maglumat tehnologiýalary, ykdysady we başga ugurlarda bäsdeşlik üstün bolan jemgyýet. Bu siwilizasiýa görä informasion jemgyýeti adalgasy hem ulanylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI TEMA. 1918 – 1939-NJY ÝYLLARDA HALKARA GATNAŞYKLAR

Birinji jahan urşy halkara gatnaşyklara we dünýäniň syýasy kartasyna özüniň uly täsirini ýetirdi. Germaniýa Awstro-Wengriýa we Osmanlar imperiýasy dargap gitdi, Ýewropada täze döwletler emele geldi, Russiýada monarhiýa agdaryldy. Urşuň gutarmagy bilen ýeňiji döwletler halkara gatnaşyklarda täze tertip ornatmak, uruşdan soňky dünýäniň gurluşyny kesgitläp almak üçin Parižе ýygnandylar.



**Birinji jahan urşunyň gelip çykyş sebäpleri we bahanasy nämelerden ybaratdy?**



Dewid Lloýd Jorj, Jorj Klemanso we Wudro Wilson (çepden).

**Pariž parahatçylyk konferensiýasy.** Parižiň golaýyndaky Wersal köşgünde 1919-njy ýylyň 18-nji ýanwaryndan 1920-nji ýylyň 21-nji ýanwaryna çenli 27 sany döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda parahatçylyk konferensiýasy bolup geçdi. Konferensiýada esasy roly «Uly üçlük» – Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň baş ministrleri Dewid Lloýd Jorj, Jorj Klemanso we ABŞ-nyň prezidenti Wudro Wilson oýnady. Konferensiýanyň dowamyndaky uzak çekişmeden soň Germaniýa bilen ýaraşyk şertnamasy düzüldi. 1919-njy ýylyň 28-nji iýunynda Germaniýa Wersal parahatçylyk şertnamasyna gol çekdi. Şertnama görä Germaniýa Birinji jahan urşunyň başlanmagyna ýeke-täk jogapkär diýip yglan edildi. Ol ýeňiji döwletleriň peýdasyna örän uly – 132 mlrd marka reparasiýa (kompensasiýa) tölemelidi. Soňra Germaniýanyň soýuzdaşlary bolan başga ýeňlen döwletler – Awstriýa, Bolgariýa, Wengriýa we Türkiýe bilen hem şeýle şertnamalara gol çekildi.

**Milletler ligasynyň düzülmegi. Mandat sistemasy.** ABŞ-nyň prezidenti Wudro Wilsonyň başlangyjy bilen Pariž parahatçylyk konferensiýasynda halkara gurama – Milletler Ligasy düzüldi. Jahanda parahatçylyk üçin göreş halklaryň arasynda hyzmatdaşlyk we howpsuzlyk meseleleri Milletler Ligasynyň esasy wezipeleri edip bellendi. Ilki başda ýeňlen döwletler we Sowet Russiýasy oňa kabul edilmedi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Wersal parahatçylyk şertnamasy ...**
**«Uly üçlük» bu ...**
**Milletler ligasy ...** **Mandat sistemasy ...**

Germaniýanyň koloniýalaryny we Türkiýäniň Ýakyn Gündogardaky ýerlerini ýeňiji döwletler tarapyndan bölüp almak üçin Milletler Ligasy Düzgünnamasyna mandat, ýagny belli bir çägi dolandyrmak üçin ygtyýarlyk düşünjesi girizildi. Milletler Ligasy tarapyndan **1919-njy ýylyň maýynda** Beýik Britaniýa we Fransiýa Aziýa we Afrikadaky uly çäkleri dolandyrmaga mandat aldy. Şeýlelikde «ebedi parahatçylyk» serişdesi diýip yglan edilen Milletler Ligasy ýeňiji döwletleriň dünýäni özara bölüp almagyna kanuny görnüş berdi, soýuzdaşlaryň uruşdaky ýeňşini pugtalandyrdy.



Reparasiýa zulmy.
Nemes plakaty.

Waşington konferensiýasy. Uzak Gundogardaky we Ýuwaş okeanyndaky çekeleşikli problemalary çözmek we deňizdäki ýaraglary çäklendirmek maksadynda 1921-nji ýylyň 12-nji noýabryndan 1922-nji ýylyň 6-njy fewralyna çenli dokuz sany döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda **Waşington konferensiýasy** bolup geçdi. Konferensiýada esasy roly ABŞ, Beýik Britaniýa we Ýaponiýa oýnady. **1921-nji ýylyň dekabrynda** Waşington konferensiýasynda dört sany döwlet – ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa we Ýaponiýanyň arasynda şertnama gol çekilip, şu döwletleriň Ýuwaş okeanyň kenarlaryndaky öz adalaryna eýeçilik etmek hukuklary kepillendirildi.

**1923-nji ýylda** Lozanna parahatçylyk şertnamasyna gol çekilip, onda Türkiýäniň uruşdan soňky serhetleri kesgitläp berildi we garaşsyzlygy ykrar edildi. Ol Birinji jahan urşundan soňky emele gelen territorial üýtgeşmelere kanuny görnüş beren soňky iň uly şertnama boldy.

1919 – 1923-nji ýyllarda gol çekilen şertnamalar we dünýädäki güýçleriň täze ýagdaýy halkara gatnaşyklaryň **Wersal-Waşington sistemasy** adyny aldy. Wersal-Waşington şertnamasy bir topar döwletleriň dünýä hökümdarlygyny ornaşdyrdy, dünýäniň syýasatynda ABŞ-nyň täsiriniň güýçlenendigi has aýdyň ýüze çykdy. Şeýlelikde ýeňijileriň we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýeňilenleriň arasyndaky garşylyklar şekillenip, bu ýeňilenleriň ar almak, adalatly tertip ornaşdyrmak üçin ymtylmagyna, täze urşa getirdi.




Birinji jahan urşundan soňky Ýewropadaky döwletleriň serhetleri. 1929-njy ýyl.

Birinji jahan urşundan soň Gunbataryň bir topar döwletlerinde sag radikal, ekstremistik hereketler emele gelip, umumy at bilen faşizm diýip atlandyryldy. Faşistik hereketiň liderleri sosial warsakylykdan giňden peýdalandylar, adamlaryň milletçilik duýgularyna täsir geçirmäge hereket etdiler, öz milleti üçin sosial adalaty, «täze jemgyýet»iň özlerine makul bolan görnüşini gurmagy wada etdiler.



**«Ebedi parahatçylyk» serişdesi ...**
**Wersal-Waşington sistemasy bu ...**
**Waşington konferensiýasy ...**
**Faşizm bu ...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Wersal-Waşington sistemasynyň krizisi we ýykylmagy.** Wersal-Waşington sistemasy amanat bolup çykdy. Ol ýeňijiler bilen ýeňlenleriň arasyndaky garşylyklar sebäpli kem-kemden ýumrulyp bardy. Harby güýje daýanmak köp tarapdan kapitalistik döwletleriň halkara meýdandaky pozisiýasyny kesgitläp berdi.

Şondan soň ýaraglanyşygy haýdatmagy çäklendirmek boýunça geçirilen konferensiýalaryň hiç biri gowy netije bermedi, olarda hem umumy ylalaşyk bolmady.

Netijede 1930-njy ýyllaryň ahyryna gelip Wersal-Waşington sistemasyna Ýewropada hiç bir döwlet amal etmeýän boldy. Bu sistemanyň krizisi beýik döwletleriň arasynda öz peýdalary üçin göreşi öjükdirip goýberdi. Bir tarapdan, Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň – ikinji tarapdan Germaniýanyň, Italiýanyň we Ýaponiýanyň arasynda gapma-garşy harby-syýasy soýuzlar emele geldi. SSSR we ABŞ bu gapma-garşylyklardan öz maksatlary ugrunda peýdalanmak üçin garaşyp durmagy makul gördüler.

Şu döwürde Ýaponiýa Uzak Gündogarda özüniň agressiw niýetlerini amala aşyrmaga girişdi. **1931-1932-nji ýyllarda** Ýaponiýa Manjuriýany basyp aldy we Mançjou-Go oýnatgy döwletini döretdi. **1933-nji ýylda** Ýaponiýa Milletler Ligasyndan çykdy. Şondan soňra ol Hytaýa garşy agressiw hereketlerini güýçlendirdi we **1937-nji ýylyň iýulunda** giňişleýin uruş hereketlerini başlap, Merkezi Hytaýy we başga birnäçe ýerleri basyp aldy. Şeýlelikde Aziýada hem jahan urşunyň ojagy peýda boldy, dünýä ýuwaş-ýuwaşdan täze jahan urşuna tarap süýşüp başlady.



**Konferensiýa** (konferentia – bir ýere ýygnaýaryn) – döwlet ýa-da partiýa, köpçülik we alymlar wekilleriniň belli bir meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin ýygnanmagy.

**Milletler Ligasy** – Birinji jahan urşundan soň düzülen halklaryň parahatçylyk we howpsuzlyk ugrundaky hyzmatdaşlygyny amala aşyrýan halkara gurama.

**Faşizm** (birleşme) – Italiýada peýda bolan syýasy akym häkimiýetiň başyna gelenden soň, faşistler zorlugyň iň agyr şekillerini ulanýan we jemgyýetiň üstünden umumy gözegçilik edýän terroristik diktaturany gurdular.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Ýeňiji döwletler Pariž parahatçylyk konferensiýasyndan nähili maksatlary gözläpdi?
2. Waşington konferensiýasy haýsy maskatlar üçin çagyrylypdy? Onuň netijeleri hakynda aýdyp beriň.
3. Wersal-Waşington sistemasynyň krizisiniň sebäpleri nämede?
4. Birinji jahan urşy we ondan soňky döwür Aziýa we Afrika döwletleriniň ösüşinde nähili döwür boldy?
5. Milletler Ligasy näme üçin üstünlikli iş alyp baryp bilmedi?

### Özbaşdak iş



Tekstde berlen karta bilen tanyşyň we birinji jahan urşundan soň Ýewropa döwletleriniň syýasy-çäk bölünişine düşündiriş beriň.



«Birinji jahan urşunyň netijeleri şeýle ...» temasyna esaslanan esse ýazyň.

## 2-NJI TEMA. 1918-1939-NJY ÝYLLARDA YLMY-TEHNIKI ÖSÜŞIŇ ÇALTLANMAGY, YLYM-BILIMDÄKI ÜSTÜNLIKLER

Bu döwürde dünýäniň sosial-ykdysady keşbini üýtgeden iň möhüm faktorlardan biri ylmyň we tehnikanyň ösüşi boldy. Ylmy öndüriji güýje öwürmegiň uzak dowam eden prosesi tamamlanyp, XX asyryň başlarynda ylmy-tehniki öwrülişige getirdi.

**Anyk we tebigy ylymlardaky öwrülişik.** Nazary bilimleriň amaly ähmiýete eýe bolmagy ýadro energiýasynyň oýlap tapylmagynda aýdyň ýüze çykdy. Amerikaly alym Enriko Fermi we fransuz alymy Frederik Jolio-Kýuri uranyň dargama prosesinde ýüze çykýan zynjyrly reaksiýanyň netijesinde örän uly energiýa bölünip çykýanlygy barasyndaky ideýany şekillendirdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**XIX asyryň ahyry we XX asyryň başlaryna çenli adamzat ylymda we tehnikada nähili üstünlikleri gazanypdy?**

Şu döwürde fizikanyň aýratyn bölümi bolan atom fizikasy hem şekillendi. **1938-nji ýylda** nemes alymlary uran ýadrolarynyň bölünip çykyşynyň zynjyrly reaksiýasyny açyş etdiler. Adamzadyň öňünde atom energiýasyndan peýdalanmagyň çylşyrymly meseleleri peýda boldy.

Atom bombasyny döretmek ugrundaky ylmy işler Germaniýada, öňki Sowet Soýuzynda we başga birnäçe döwletlerde hem dowam etdirildi. Emma ABŞ öz garşydaşlaryndan ep-esli öňe ilerläp gitdi. **1942-nji ýyly** Çikagoda Enriko Fermi ilkinji atom reaktoryny döretdi. Birinji atom bombasy **1945-nji ýylda** ABŞ-nyň Nýu-Meksiko ştatyndaky poligonda partladyldy.


Enriko Fermi atom reaktorynyň esaslandyryjysy.

Fizika ugrundaky täze teoriýalaryň amalyýetde amala aşyrylmagy birnäçe täze tehniki açyşlara alyp geldi. Taryhda ilkinji gezek hereketlenýän şekili elektron-şöhle trubkanyň kömeginde uzak aralyklara ýetirip bermegi **1928-nji ýylda Daşkent şäherinde** oýlap tapyjylar Boris Grabowskiý we Iwan Belýanskiý amala aşyrdylar. Daşkent tramwaý trestiniň bazasynda geçirilen bu tejribäni alymlar döwrebap telewideniýäniň döredilmegi diýip hasapladylar. Şeýlelikde **telewideniýe asyry** başlandy.

1920-nji ýylda sesli kinonyň üstünde işlenilýän ýyl boldy. Birnäçe tejribelerden soň **1927-nji ýylda** Nýu-Ýorkda görkezilen «Jaz aydymçysy» filmini hünärmenler birinji sesli kino diýip ykrar etdi. Tomaşalaryň içinde iň köp ýaýran sesli kino öz döwrüni şeýle başlady.

XX asyryň başlarynda biologiýa ylmy hem güýçli depgin bilen ösdi. **1922-nji ýylda** fiziolog alymlar Jon Makleod we Fredrik Banting birnäçe tejribeler geçirip, öt haltasynyň garmony bolan insulin almaga miýesser boldular. Şeýlelikde gant keselligini bejermegiň ýoly tapyldy. Insuliniň açylmagy XX asyryň iň beýik açyşlaryndan biri diýip bellenildi. Jon Makleod we Fredrik Banting fiziologiýa we medisina ylymlary boýunça Nobel baýragyna mynasyp boldular.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Atom bombasy ... Birinji sesli kino bu ...**

Şu döwürde witaminleriň, garmonlaryň açylmagy we wirusologiýa ylmyndaky üstünlikler hem uly ähmiýete eýe boldy. Bu açyşlar mikrobiologiýa senagatynyň peýda bolmagy üçin esas boldy. Biologiýanyň ösmegi ugurdaş ylymlar – himiýa we medisinanyň ösmegine uly täsir etdi.


Penisillini açyş eden Aleksandr Fleming.

**1928-nji ýylda** Britaniýaly alym Aleksandr Fleming özüniň laboratoriýasynda birnäçe wagtdan bäri toplanyp galan gaplary ýygnaýan wagtynda olardan birindäki heňe gözi düşýär. Barlap gören wagtynda ol örän seýrek duş gelýän **Penicillium** görnüşine degişli heň bolup çykýar. Penisillin, soňra bolsa beýleki antibiotikleriň açylmagy ýokanç keselikleri emlemekde hakyky öwrülişik boldy. 1945-nji ýylda **Aleksandr Fleming** Nobel baýragyna sezewar boldy. Birnäçe keselleri Aleksandr Fleming açan penisillinsiz we antibiotikleriň täze nesillerisiz bejermek häzirki döwürde-de mümkin bolmazdy.

1930-njy ýyllara gelip fizika, himiýa ýaly tebigy ylymlaryň ösüşi täze, örän berk materiallary döretmek mümkinçiligini berdi. **ABŞ**-da we **Germaniýada** kapron, perlon, neýlon, sintetik garaýag ýaly emeli süýümleriň alynmagy täze, hil taýdan gowy konstruktiw materiallary almak mümkinçiligini döretdi. Ikinji jahan urşundan soň olary köpçülikleýin işläp çykarmak başlandy.

1930-njy ýyllaryň ahyryna gelip ösen döwletleriň senagatynyň uly bölegi elektrikleşdirildi. Raýat awiasiýasy, telegraf, radiogepleşikler giňden ýaýrady. **1927-nji ýylda** Beýik Britaniýanyň meşhur radiokorporasiýasy **Bi-bi-si** düzüldi.

**1928-nji ýylda ...**
**Bi-bi-si ...**
**Penicillium ...**
**Nobel baýragyna mynasyp bolanlar ...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ylym we tehnikadaky täzelikler ynsanlaryň gündelik durmuşyny hem üýtgedip goýberdi. Ilatyň baý we ortaça böleginde şahsy awtomobiller peýda boldy. Işçileriň köpçüligi işe motosikl we welosipedlerde gatnap başlady. Durmuş tehnikalary – holodilnikler, tozan sorujylar, kir ýuwýan maşynlardan, şeýle hem, telefon we grammofondan peýdalanmak giňden ýaýrady.

Gysgaça aýdanda, bu döwürde fizika we başga tebigy ylymlardaky dünýä meşhur açyşlar hem-de ylym we tehnikadaky öwrülişik industrial siwilizasiýanyň soňky ösüşine dorgudan-dogry täsirini ýetirdi. Sebäbi bu döwürde ylmyň ösmegi ynsanyň akyl-paýhasynyň beýikliginiň senasydyr.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. XX asyrda ylym we tehnikanyň ösüşiniň tizleşmeginiň sebäpleri nämeden ybaratdy?
2. XX asyryň birinji ýarymynda fizika ugrundaky açyşlaryň esasy netijesi nämelerden ybarat boldy?
3. Döwrebap elektron telewideniýäniň peýda bolmagy nähili açyşlar bilen bagly boldy?
4. Insulin we penisilliniň oýlap tapylmagy nähili keselleri bejermäge mümkinçilik döretdi?

## Özbaşdak iş



Internetden XX asyryň birinji ýarymynda döredilen açyşlara degişli suratlary gözläp tapyň we suratly klaster düzüň.



XX asyriň birinji ýarymynda döredilen açyşlaryň täze nusgalary we häzirki wagtda könelenleriniň sanawyny düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-NJI TEMA. 1918 – 1939-NJY ÝYLLARDA BEÝIK BRITANIÝA

**Ykdysady ösüş we sosial hereketler.** Birinji jahan urşy Beýik Britaniýanyň agalyk edýan çäklerine uly syýasy ýeňiş we abraý alyp geldi, kolonial imperiýa ýene-de giňeldi, uly kompensasiýa alyndy. Emma bu ýeňiş Beýik Britaniýa üçin örän gymmada düsdi. Uruşdan öň kreditor (karz beriji) bolan Beýik Britaniýa ABŞ-dan we öz dominionlaryndan karzdar bolup galdy. Ykdysady ösüş depginleri örän pes bolup, krizis we durgunlyk adaty hala öwrüldi.

**Beýik Britaniýada geçirilen parlament özgertmeleriniň mazmuny nämelerden ybarat boldy?**




Beýik Britaniýanyň kartasy.

Iş taşlaýyş hereketleri çynlakaý görnüş aldy. Işçiler iş hakynyň artdyrylmagyny we iş gününiň gysgaldylmagyny talap etdiler. Şeýle ýagdaýda şahtýorlaryň iş hakynyň kemeldilmegi Beýik Britaniýanyň taryhyndaky iň uly sosial dawalardan biri – **1926-njy ýylyň maýynda** işçileriň umumy iş taşlaýşyny getirip çykardy.

Jahanyň ykdysady krizisi Beýik Britaniýanyň ysdysadyýetine gaty uly täsir etmedi. 1934-nji ýyldan başlap döwlet krizisden çykyp başlady. 1937-nji ýylda Beýik Britaniýa senagatynyň esasy ugurlary boýunça dünýäniň ykdysady krizisinden öňki görkezijilerine ýetip aldy.

Senagat önümlerini öndürmegiň ösüşi esasan ýaşaýyş-jaý gurluşygynyň güýçli depginler bilen ösmegi we senagatyň awtomobil gurluşygy, samolýot gurluşygy, dwigateller, radioapparaturalar öndürmek ýaly täze ugurlaryň ösmeginiň hasabyna bolup geçdi.

Beýik Britaniýa ykdysadyýetiniň dikeldilmeginde harby senagatyň çalt ösmegi-de uly rol oýnady.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Syýasy durmuş.** Beýik Britaniýada uzak ýyllaryň dowamynda konserwatorlar we liberallar döwleti dolandyryp, parlament saýlawlarynyň netijesinde biri-birini çalşyp geldiler. Bu iki partiýaly syýasy sistema jemgyýetde durnuklylygy saklap durdy.




Britan imperiýasy. XX asyryň 30-njy ýyllary.

Döwletdäki çylşyrymly syýasy we ykdysady ýagdaýda, köpçülik zähmetkeş halkyň aňynda bolup geçen üýtgeşmeleriň netijesinde **1918–1924-nji ýyllardaky** adaty iki partiýaly sistema çynlakaý krizisi başyndan geçirdi. Şol sebäpli 1920-nji ýyllaryň başynda **leýboristler** Beýik Britaniýanyň syýasy sistemasynda ikinji partiýa hökmünde ornaşyp aldy. Olar **1924-nji ýylyň ýanwarynda** Beýik Britaniýanyň taryhynda birinji gezek hökümeti dolandyrdy. Birleşik



Uinston Çerçill.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

palatasynda köpçülik orna eýe bolmadyk bu partiýa hem bir ýyldan kemräk häkimiýetde durdy, emma işsizleriň we pensionerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak barasynda birnäçe çäreleri amala aşyrdy.

1937–1940-njy ýyllarda hökümeti konserwatorlaryň öňdebaryjysy Newill Çemberlen dolandyrdy. **1938-nji ýylda Mýunhen ylalaşygyna gol çekilmegi** netijesinde Newill Çemberlen 1940-njy ýylda hökümet başlygy wezipesinden boşamaga mejbur boldy. Hökümeti XX asyrda Beýik Britaniýanyň taryhynda örän uly rol oýnan syýasatçy Uinston Çerçill dolandyrdy.

**Koloniýalar we dominionlar bilen gatnaşyklar.** Beýik Britaniýanyň agalyk edýän çäkleri koloniýalaryndaky milli-azatlyk hereketlerini ýarag güýji bilen rehimsiz basyp ýatyrdy. 1919-njy ýylda Hindistanyň Armitsar şäherinde iňlis goşunlary asuda demonstrantlary oka tutdy. Müsürde iňlislere garşy gozgalaňy basyp ýatyrmak maksadynda jeza çäreleri geçirildi. Muňa garamazdan, 1922-nji ýylda iňlisler Müsüriň özbaşdaklygyny ykrar etmäge, Beýik Britaniýa Owganystanyň we Eýranyň daşky we içki syýasatyna gözegçilik etmekden hem geçmäge mejbur boldy. Ahyrynda, irlandlaryň azatlyk üçin alyp baran ýüz ýyllyk göreşi üstünlikli tamamlandy. 1921-nji ýylyň dekabrynda Beýik Britaniýa dominion hukugyna eýe bolan «Azat Irlandiýa döwletini» ykrar etdi.



**1919-nji ýylda ... 1924-nji ýylyň ýanwarynda ...**
**1926-njy ýylyň maýynda ...**

Bu döwürde Beýik Britaniýa bilen onuň dominionlary – Kanadanyň, Awstraliýanyň, Günorta Afrika Soýuzynyň, Täze Zelandiýanyň arasyndaky gatnaşyklary **1931-nji ýylda** kabul edilen **Westminster statuty** diýip at alan dokument belgiläp berdi. Statuta görä özüniň içki garaşsyzlygyna eýe bolan dominionlar bilen metropoliýa bilelikde **Britaniýa Milletler Arkalaşygy** atly soýuzy düzdi.

**Daşary syýasat.** 1930-njy ýyllarda özüniň ykdysady, harby we sosial üstünliklerini görkezýän Germaniýadan gorkmak duýgusy Beýik Britaniýanyň syýasatyny kesgitläp berdi. Beýik Britaniýada, umuman Ýewropanyň başga döwletlerinde hem faşizmden gorkmak duýgusy boljak uruşda faşistleriň güýçleri Sowet Soýuzyna garşy gönükdiriler, diýen umyt bilen goşulyp gidipdi. Şu umyt sebäpli olar faşistleriň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

agressiw syýasatyna aktiw garşylyk görkezip bilmedi. Bu syýasat taryhda **«agressiwe ýan bermek» syýasaty** adyny aldy.

Beýik Britaniýada bu syýasat 1937-nji ýylda häkimiýetiň başyna gelen baş ministr Newill Çemberleniň ady bilen bagly. Başlanmagy anyk bolup duran urşy gündogara tarap gönükdirmek maksadynda Newill Çemberlen Adolf Gitler, Benito Mussolini we Eduard Daladýe bilen bilelikde **1938-nji ýylda Mýunhen ylalaşygyna** gol çekdiler. Ylalaşygyň netijesine görä Çehoslowakiýanyň esasan nemes milleti ýaşaýan Sudet welaýaty Germaniýa berildi. Emma Germaniýa munuň bilen çäklenmedi. Ol 1939-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Polşa çozup girdi we Ikinji jahan urşuny başlap berdi. 3-nji sentýabr güni Polşanyň soýuzdaşy bolan Beýik Britaniýa Germaniýa garşy uruş yglan etdi we şeýlelikde başlanyp giden Ikinji jahan urşuna goşuldy.



N.Çemberlen, E.Daladýe, A.Gitler we B.Mussolini Mýunhen ylalaşygyna gol çekenden soň (çepden).



**Statut – esasan, Beýik Britaniýanyň çäk medeniýetine mahsus bolan beýannama häsiýetli hukuk namasy, karar.**

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Beýik Britaniýa Birinji jahan urşundan nähili netijeler bilen çykdy?
2. Beýik Britaniýanyň ösüşindäki nähili meseleler 1926-njy ýylyň maýyndaky iň uly iş taşlaýşy getirip çykardy?
3. Bu döwürde syýasy ösüşdäki Beýik Britaniýa mahsus bolan nähili esasy taraplaryny aýratyn görkezmek mümkin?
4. Beýik Britaniýanyň koloniýalar we dominionlar bilen gatnaşygynda nähili özgerişler bolup geçdi?
5. Ikinji jahan urşundan öň Beýik Britaniýanyň daşary syýasatynyň esasy maksady nämeden ybaratdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Özbaşdak iş

Kartadan peýdalanyp, Beýik Britaniýa imperiýasyna degişli çäkleri derejesine görä häsiýetlendirmek we düşündiriş ýazyň.

1918 – 1939-njy ýyllardaky Beýik Britaniýanyň taryhyna degişli esasy düşünjeleri iňlis diline terjime ediň we depderiňize ýazyň.

## 4-NJI TEMA. 1918 – 1939-NJY ÝYLLARDA FRANSIÝA

**Ykdysady ösüş.** Birinji jahan urşunda Fransiýa ýeňiş gazandy. Ol özüniň rehimsiz duşmany bolan Germaniýany derbi-dagyn etdi, kontinentde başga güýçli garşydaşy galmady. Emma bu ýeňiş fransuz halkyna örän gymmada düşdi. Dogrudan-dogry uruş hereketleri bolup geçen Fransiýanyň çäginiň üçden bir bölegindäki senagat kärhanalary weýran bolupdy. Pul birdenkä hümmetsizlendi, Fransiýa ABŞ-dan bergidar bolup galdy.

Uruş oba-hojalygyna, senagata we kredit sistemasyna çynlakaý zyýan ýetirdi, Fransiýa dünýädäki kreditorlyk pozisiýasynyň bir bölegini ýitirdi. Kapitalyň uly bölegi kredit ugrundan önümçilik ugruna göçdi.

Wersal şertnamasyna görä Fransiýa Elzas we Lotaringiýany gaýtaryp aldy, 15 ýyl möhlete Saar kömür känini eýeledi, Germaniýa koloniýalarynyň hasabyna özüniň imperiýasyny giňeldip aldy. Germaniýa Fransiýa uly mukdarda kompensasiýa töledi.

Bularyň hemmesi 1920-nji ýyllaryň senagatynyň ösüşi üçin amatly şert döretdi. Senagatyň awtomobil gurluşygy, samolýot gurluşygy, nebiti gaýtadan işlemek, himiýa senagaty ýaly täze görnüşleri peýda boldy. Şol bir wagtda oba-hojalygy durgunlyk ýagdaýyny başdan geçirip, önüm öndürmek uruşdan öňki ýagdaýyndady.

**Beýik fransuz buržuaz ynkylabynyň ýüze çykyş sebäpleri nämelerden ybaratdy?**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Fransiýanyň kartasy.

1929–1933-nji ýyllardaky jahan ykdysady krizisi Fransiýada 1930-njy ýylda başlandy. Şol ýylda önümçiligiň ösüş depginleri peselip, senagat önümçiligi birden pese düşdi. Metallurgiýa, maşyn gurluşygy, dokmaçylyk we azyk senagatynda krizis emele geldi. Önümçiligiň peselmegi işsizleriň sanynyň köpelmegine we iş hakynyň kemelmegine getirdi.

Krizisden ilatyň ähli gatlaklary uly zyýan gördi. Şäherde ownuk buržuaziýanyň girdejileri birden peseldi, ýüz müňlerçe ownuk söwdagärler tozdular. Fransiýada senagat önümçiligi 1930-njy ýyllaryň ahyrynda hem krizisden öňki derejesine ýetmedi.

**Içeri syýasat we sosial meseleler.** Birinji jahan urşundan soňky agyr ýagdaýa garamazdan, Fransiýanyň hökümdarlary «Biz islän



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Parižiň köçelerinden biri. 1930-njy ýyllar.

hemme zadymyzy, hatda ondan hem köprägini gazandyk» diýip, halky ynandyrmaga çalyşdylar. Germaniýanyň üstünden gazanylan ýeňişden soň döwletde şowinistik ýagdaý giňden ýaýrady. **1919-njy ýylyň noýabryndaky** saýlaw prosesi milletçilik we «bolşewikler howpy» bilen gorkuzmak ruhy astynda geçdi. Buržuaz partiýalaryndan ybarat Milli blok topary düzüldi. Milli blok saýlawlarda 2/3 bölekden köpräk ses aldy. Bu Fransiýadaky sag güýçleriň iň uly ýeňşidi.



Parižde faşistler çykyşlary basyp ýatyrandan soň.

Emma saýlawlarda Milli blokyň beren wadalary ýerine ýetirilmedi, Fransiýa 1930-njy ýylyň ortalaryna çenli sosial kanunçylyk ugrunda bir ädim hem öňe ädip bilmedi.

Şeýle bolsa-da, 1926–1929-njy ýyllarda hökümet puluň gadyrsyzlanmagyny togtatmagy, güngüzeranyň gowulaşmagyny gazandy. Sosial herekete üns berildi: işsizlik, garrylyk, kesellik, maýyplyk we göwrelilik üçin pensiýalar yglan edildi. Şeýle ýagdaýda bolup geçen 1928-nji ýyldaky saýlawlarda hem sag güýçler ýeňiş gazandy.



**1929 – 1933-nji ýyllar... Elzas we Lotaringiýa...**
**1919-njy ýylyň noýabry... 1928-nji ýyl...**

Fransiýada ykdysady krizis 1930-njy ýylyň ahyrynda başlandy. Üçünji respublika çynlakaý garşylyklara duş geldi: 1929–1932-nji ýyllarda birnäçe hökümet çalyşdy. Emma olaryň hiç biri ykdysady krizisi togtadyp bilmedi.

1934-nji ýylda häkimiýete ýene saglar geldi. Fransiýada faşistik tertibiň ornaşdyrylmagy real howpa öwrüldi. Döwletde faşistler aktiwleşen bir wagtda hökümet gatyşmazlyk syýasatyny alyp bardy. Diňe Halk fronty faşistlere garşy aktiw hereket etdi. Emma saglar olary Fransiýany «sowetleşdirmekde» günäledi. Saglaryň öňdebaryjysy Per Lawal: «Halkyň frontundan görä Gitler makul», – diýip beýan-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nama berdi. Bu şygary şol döwrüň fransuz syýasy elitasynyň köp bölegi kabul etdi. Edil şu ýagdaý Üçünji respublikany heläkçilige alyp gelen esasy faktorlardan biri boldy.

**Daşary syýasat.** Wersal şertnamasynyň şertleriniň ýerine ýetirilmegi üçin göreş Fransiýanyň daşary syýasatynda merkezi orny eýeledi.



Eduard Daladýe.

**1938-nji ýylyň güýzünde Eduard Daladýeniň** hökümeti Beýik Britaniýa bilen bilelikde Çehoslowakiýany faşistik Germaniýa tabşyran **Mýunhen ylalaşygyny** makullady. Amalyýetde Mýunhen ylalaşygy täze jahan urşuna ýol açyp berdi. Bu urşuň birinji gurbanlaryndan biri Fransiýanyň özi boldy. **1940-njy ýylyň 14-nji** iýunynda nemes goşunlary Pariže girip geldi. Şonda köpçülik diňe Çehoslowakiýa – Fransiýanyň ynamly, wepadar soýuzdaşyna görä dönüklik boldy, diýip oýlapdy. Emma bu diňe Çehoslowakiýa däl, eýsem bütin dünýäde parahatçylyga görä dönüklik bolup çykdy. Bu dönükligiň netijesinde ilkinji jebir görenlerden biri fransuz halky boldy.




**1919-njy ýylyň noýabryndaky saýlawda Milli blok diýlip atlandyrylýan buržuaz partiýalaryndan ybarat topar düzüldi.**

**1940-njy ýylyň 14-nji iýun güni nemes goşunlary Parižе girip geldi.**

Öz öňdebaryjylarynyň uzakdan görmezlik syýasaty Üçünji respublika üçin örän gymmada düşdi: ol nemes goşunlarynyň aýak astynda berbat boldy.



**Şowinizm** – bir jynsyň başgalardan üstünligini dawa edýän, milletleriň arasynda agzalalyk tohumyny sepýän örän sag, iň ganym milletçilik.

**Saglar** – hereketdäki düzümi ýiti özgertmezlik, ony konstitusiýa çäginde ösdürmegiň tarapdarlary.

**Çepçiler** – hereketdäki düzümi özgertmegiň, ýiti özgertmeleriň tarapdarlary.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşy Fransiýa üçin nähili netijelere getirdi?
2. 1929–1933-nji ýyllardaky jahan ykdysady krizisiniň Fransiýa täsiri hakynda aýdyp beriň.
3. 1929–1933-nji ýyllardaky jahan ykdysady krizisi Fransiýanyň ykdysady we syýasy güýçleriniň deňagramlylygyna nähili täsirini ýetirdi?
4. Iki jahan uruşlarynyň arasynda Fransiýanyň daşary syýasatynyň esasy nämeden ybaratdy?
5. Saglaryň öňdebaryjysy Per Lawalyň beýannamasy nämeden ybaratdy?

## Özbaşdak iş



Karta esaslanyp, Birinji jahan urşundan soňky Fransiýayň çägini derňäň: çäkleriň gaýtaryp alynmagyna we elden giderilmegine baha beriň.



Fransiýa döwletiniň mysalynda durmuş taýdan goraga zerurlygy ýüze çykarýan faktorlary anyklaşdyryň we pikiriňizi esaslandyrmak üçin delilleri depderiňize bellik ediň.



Internet arkaly 1918–1939-njy ýyllardaky Fransiýanyň köçelerine wirtual ekskursiýa guraň. Täsirleriňizi depderiňize bellik ediň.

# 5-NJI TEMA. 1918–1939-NJY ÝYLLARDA AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY

**Ykdysady ösüş we sosial meseleler.** Urşa başga döwletlerden soň goşulan, harby hereketlerden uzakda ýerleşen ABŞ has az goşun ýitirdi, emma uruşda gatnaşmak Amerikanyň biznesi üçin örän uly peýda getirdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Dünýä kartasynda Amerikanyň Birleşen Ştatlary.

Uruşdan öň Ýewropadan karzdar bolan ABŞ indi onuň kreditoryna öwrüldi. Uruşdan soň ABŞ garyplaşan we weýran bolan Ýewropadan alymlary we ylmy açyşlary ýygnap aldy, täze açyşlary önümçilige ornaşdyrdy, täze tehnikanyň we tehnologiýalaryň ajaýyp üstünliklerini görkezdi.



**ABŞ-da 1861–1865-nji ýyllardaky raýatlar urşy nähili netijeler bilen tamamlandy?**



Gerbert Guwer.

1924–1929-njy ýyllarda tiz ösen ABŞ ykdysady taýdan dünýäniň iň ösen döwletine öwrüldi. ABŞ-da ykdysadyýetiň iň täze ugurlary: elektrotehnika, himiýa, awiasiýa, nebit senagaty, awtomobil gurluşygy, kino senagaty, radiotehnika çalt depginler bilen ösdi. Kir ýuwýan maşynlar, holodilnikler, fotoapparatlar, patefon we radiopriýomnikler köpçülikleýin öndürilip başlandy. 1920-nji ýylyň ahyryna gelip her iki amerikalynyň birinde radiopriýomnik bardy. Şol ýyllarda ýolagçy awiasiýasynyň döwri başlandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Işsizleriň çykyşlarynyň basyp ýatyrylyşy. Waşington, 1932-nji.



Nobata garaşýan işsizler. Nýu-Ýork. 1933-nji ýyl.

Şeýle şertlerde **1928-nji ýylyň iýulunda** kongrese bolup geçen saýlawlarda ýene-de respublikaçylar ýeňiş gazandy. Olaryň partiýasyndan prezidentlige kandidat **Gerbert Guwer 1929-njy ýylyň ýanwarynda** ABŞ-nyň nobatdaky prezidenti edip saýlandy.

Emma Amerikaça gülläp ösmek we öňdebaryjy kapitalistik döwletleriň ykdysadyýetiniň ejiz tarapy hem bolup, ol hemişelik bolup durýan krizislerde görünýär. **1929-njy ýylyň 24-nji oktýabrynda** Nýu-Ýork fond biržasynda başlanan krizis sebäpli durnukly ösüş döwri gutardy. ABŞ-nyň yzyndan ähli kapitalistik dünýä jahan ykdysadyýetiniň krizisiniň girdabyna çümdi. Bu krizis kapitalistik hojalyk şekiliniň XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlary üçin mahsus bolan taryhy ewolýusiýasyny jemläp berdi.

1930-njy ýyllaryň başyna gelip ABŞ kapitalistik dünýäniň ykrar edilen öňdebaryjysyna, tehniki ösüşiň merkezine öwrüldi. Ykdysady krizisiň ähli gudraty hem şu ýerde ýüze çykdy. Hojalygyň öňki görnüşi öz mümkinçiliklerini ýitirdi. **1929 – 1932-nji ýyllarda** senagat önümçiliginiň möçberi 50 % -e gysgandy, 13 mln-a golaý adam öz iş ýerlerinden mahrum boldy.

Bu ýyllarda ABŞ-nyň prezidenti Gerbert Guwer Amerikaça indiwidualizm we liberalizm prinsiplerini gorap, hiç hili sosial çäreler görmäge razy bolmady.



**1928-nji ýylda ...** **1929-njy ýyl 24-nji oktýabr ...**
**G. Guwer işi ...** **1929 – 1932-nji ýyllar ...**

1932-nji ýylyň noýabryndaky saýlawlarda Guwere garşy demokratik partiýadan Franklin Ruzweltiň kandidaturasy goýuldy. Örän şöhratparaz bolan bu şahs özüniň ömrüni syýasata bagyşlady. Ol ABŞ-nyň prezidentligine yzly-yzyna dört gezek (1932, 1936, 1940,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1944) saýlanan ýeke-täk şahs. Şonuň özi hem onuň ABŞ-nyň taryhyndaky rolunyň örän uludygyny görkezýär.


Franklin Delano Ruzwelt.

Franklin Ruzwelt umumy talaplardan gelip çykyp, özüniň çykyşlarynyň birinde şeýle diýýär: **«Men Amerikanyň halkyna täze kurs wada edýärin». «Täze kurs»** diýen bu özüne çekiji söz köpçülikleýin şygara we syýasatyň adyna öwrüldi. «Täze kurs» Amerika kapitalizminiň häsiýetini düýpli üýtgetdi. Ol ABŞ-nyň ykdysadyýetini täze, beýik döwletçilik hereketleri güýjän döwre laýyk getirdi.

Şeýdip 1930-njy ýylyň ikinji ýarymynda ABŞ we onuň yzy bilen ähli kapitalistik dünýä ykdysady krizisden çykdy. Şol bir wagtda olar başga bir, köpräk daşary syýasat bilen bagly meselelere duçar boldular.



**Täze kurs...** **1932-nji ýyldaky saýlaw netijeleri...**
**1938-nji ýyl..** **1929-njy ýyl ýanwar...**


1929-njy ýylyň 24-nji oktýabrynda Nýu-Ýork fond biržasynda krizisiň başlanmagy.

**Daşary syýasat.** 1920 – 1930-njy ýyllarda ABŞ-nyň daşary syýasatynda örän möhüm wakalar onça köp bolmady. Emma kriizis daşary syýasata hem täsir etdi. **1933-nji ýylda** Sowet Soýuzy bilen diplomatik gatnaşyklar ornaşdyryldy, şol ýyllarda neýtralitet hakynda hem-de uruşýan döwletlere ýarag ýetirip bermek we kredit bermegi gadagan etmek barasynda kanunlar kabul edildi. Bu wagtda Ispaniýada raýatlar urşy barýardy we ABŞ neýtralitete pugta amal etdi. Ikinji jahan urşy başlanýança izolýasionizm ABŞ hökümetiniň öňdebaryjy syýasaty bolup galdy. Diňe **1941-nji ýylyň 7-nji dekabr** güni Ýapon floty Pýorl-Harbora, ABŞ-nyň flotynyň Ýuwaş okeandaky esasy bazasyna hüjüm edeninden soň ABŞ Ikinji jahan urşuna goşuldy.

Soňra Franklin Ruzwelt neýtralitet hakyndaky kanun we izolýasionizm syýasaty ýalňyş bolandygyny boýun aldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Patefon** – plastinka ýazyp alnan sazy we aýdymy gaýtadan eşitdirýän gurluş.

**Indiwidualizm** – aýratyn şahsyň bähbitlerini jemgyýetiň bähbitlerinden üstün goýmaga gönükdirilen nazaryýet.

**Liberalizm** – parlamentarizm, demokratik azatlyklar we hususy telekeçilikgiň tarapdarlaryny birleşdiren sosial-syýasy akym.

**Neýtralitet** – döwletleriň arasynda alnyp barylýan urşa goşulyşmazlyk mümkinçiligini üpjün edýän hukuk statusy.

**Izolýasionizm** – haýsy-da bolsa bir döwletiň halkara meseleleri çözmäge gatnaşmakdan boýun towlama syýasaty. Köplenç, ABŞ-nyň ikinji jahan urşuna çenli bolan syýasatyna görä ulanylýar.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşunyň netijeleri ABŞ-nyň ykdysady ösüşine we dünýä syýasatyndaky ornuna nähili täsir görkezdi?
2. 1929 – 1933-nji ýyllardaky ykdysady krizis ABŞ-nyň ykdysady we sosial syýasatynda nähili yz galdyrdy?
3. ABŞ krizisden çykmagyň nähili ýoluny saýlap aldy?
4. Krizisden soň ABŞ-nyň daşary syýasatynda nähili üýtgeşmeler bolup geçdi?

## Özbaşdak iş



Birinji jahan urşundan soňky ABŞ çägine häsiýetnama beriň. Kartadaky näanyklygyň sebäbini düşündiriň.



Franklin Ruzwelt baradaky maglumatlary tapmaga çalşyň we taryhy şahsyň işlerine baha beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 6-NJY TEMA. 1918 – 1939-NJY ÝYLLARDA GERMANIÝA

**Germaniýanyň rewolýusiýasy.** Germaniýa Birinji jahan urşunda ýeňildi. Uruşdan soň bu ýerde rewolýusion wakalar bolup geçdi. Rewolýusiýa harby deňizçileriň Kil şäherindäki gozgalaňyndan başlandy. 1918-nji ýylyň noýabryna gelip gozgalaňlar Germaniýanyň ähli iri şäherlerini gurşap aldy. Noýabr rewolýusiýasy ýeňiş gazanyp, Germaniýa respublika diýip yglan edildi. Fridrih Ebertiň ýolbaşçylygynda täze hökümet düzüldi.


Gozgalaň turuzan işçiler we soldatlar. Berlin, 1919-njy ýyl.

Gurama mejlisine geçirilen saýlawlarda esasy orunlary liberal we konserwatiw partiýalaryň wekilleri eýelediler.



**Birinji jahan urşunda Germaniýanyň umumy ýitgileri nämelerden ybaratdy?**

**1919-njy ýylyň 31-nji iýul** güni Weymar şäherinde Gurama mejlisi rewolýusion köpçüligiň demokratik talaplaryny kanagatlandyrýan konstitusiýany kabul etdi. Germaniýanyň taryhynda täze – **Weýmar respublikasynyň** döwri başlandy.

**Rur krizisi. 1923-nji ýylda** fransuzlar Germaniýanyň Rur welaýatyna çozup girdi. Rur krizisi Germaniýanyň özünde hem syýasy närazylyklary getirip çykardy. 1923-nji ýylyň ahyrynda Ýewropanyň döwletleriniň içinde iň gadyrsyz pul Germaniýadady.

Rur krizisinden soň kompensasiýa we Ýewropanyň karzlary problemasynyň çözgüdi hökmünde **«Daues meýilnamasy»** garalýardy. **1924-nji ýylda** amerikaly bankir Çarlz Dauesiň ýolbaşçylygyndaky halkara komitet halkara maliýe-kredit we söwda gatnaşyklaryny dikeltmegiň strategik meýilnamasyny kabul etdi. Bu meýilnama kapitalistik dünýäde ykdysady we syýasy durnuklylygy üpjün etmek üçin esas boldy. Çarlz Dauese Nobel baýragy berildi.


Çarlz Daues.

**Germaniýa faşizminiň özboluşly taraplary.** Germaniýada Adolf Gitleriň ýolbaşçylygyndaky Ger-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Germaniýada faşizmiň ýaýbaňlanmagy. 1930-njy ýyl.

maniýa nasional-sosialistik işçi partiýasy **1919-njy ýylda** peýda boldy. Aslynda bu partiýa Italiýada peýda bolan faşizme gönüden-göni baglanyşygy ýok. Faşizm sözüniň gitlerçilere görä diňe adat boýunça ulanylýandygyny aýtmak gerek. Ol dünýädäki ähli halklaryň diýen ýaly dillerine giren. Emma Germaniýada italýan tipindäki faşizm dälde, eýsem nasizm şekillenendigini hasaba almak gerek.

**«Piwo gozgalaňy». 1923-nji ýylyň 8-nji noýabr** güni Mýunhendäki örän uly piwohana 3000-e golaý adam ýygnandy. Mundan peýdalanan Gitleriň ýolbaşçylygyndaky bir topar nasistler Bawariýada häkimiýeti eýeläp, Berline ýörüş etmäge hereket etdiler. Emma polisiýa olaryň ýoluny kesip, nasistleri kowup goýberdi, ona golaý nasist öldürildi. Gitler we başga guramaçylar dürli möhletlere tussag edildi. Bu Germaniýada nasistleriň häkimiýetiň başyna gelmek üçin birinji synanyşydy. Şowsuzlyk bilen gutarmagyna garamazdan, aýny «piwo gozgalaňy» nasistik partiýany umumgermaniýa möçberindäki syýasy güýje öwürdi.



**1919-njy ýyl 31-nji iýul....** **Rur krizisi...**
**«Dauesiň plany»...** **1923-nji ýyl 8-nji noýabr...**

**1932-nji ýylyň aprelinde** bolup geçen prezidentlik saýlawynda Gindenburg ýeňiş gazandy, Gitler ondan sähel yzda galdy. Reýxstag üçin bolup geçen saýlawlarda nasional-sosialistler ýeňiş gazanyp, iň iri parlament partiýasyna öwrüldi.

**1933-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda** prezident Paul fon Gindenburg reýhstagda (parlament) iň uly fraksiýa eýe bolan nasional-sosialistleriň ýolbaşçysy Adolf Gitleri reýhskansler (hökümet başlygy) wezipesine kesgitledi.

Weýmar konstitusiýasy ýatyryldy, **1934-nji ýylda** prezident Gindenburg wepat bolandan soň Gitler Germaniýanyň fýurýeri (görnükli wekili) boldy. Prezident wezipesi ýatyryldy, şu wagtdan başlap Weýmar respublikasy amalda öz işini gutardy.

Gitler totalitar režiminiň esasy maksady «kämil bolmadyk milletleri» boýun egdirmek, uly territoriýalary eýelemek üçin Germaniýany urşa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taýýarlamakdan ybaratdy. 1936 – 1939-njy ýyllarda Germaniýanyň ykdysadyýeti doly uruş maksatlaryna gönükdirildi, harby harajatlar 10 esse artdyryldy, goşunlaryň sany 1914-nji ýyldaky derejä ýetirildi, harby-deňiz floty reforma edildi. **1935-nji ýylda** umumy harby mejburyýet barasyndaky kanun güýje girdi. Germaniýa uly urşa taýýarlyk görüp başlady. Germaniýadaky totalitar režime Italiýadaky we Ýaponiýadaky şeýle režimler soýuzdaş boldy.




1919-njy ýyldaky Wersal parahatçylyk şertnamasy boýunça Ýewropadaky çäk taýdan özgerişler.

**1932-nji ýylyň aprelinde ..**
**1933-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda ...**
**Umumy harby borçlulyk baradaky kanun ...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1937 – 1938-nji ýyllarda ykdysady ösüşde gazanylan ösüşler we sosial syýasat gitlerçileriň ýolbaşçylaryna Germaniýada içki ýagdaýy durnuklaşdyrmak mümkinçiligini berdi. Bu esasy maksat – nasional-sosializm taglymlary ruhundaky täze jahan tertibini ornatmak ugrundaky ilkinji ädim diýip belgilendi. 1937 – 1938-nji ýyllarda gitlerçileriň režiminiň esasy syýasaty Germaniýany total görnüşde urşa taýýarlamak, bar bolan zähmet we maddy resurslary doly gönükdirmek bolup galdy. Harby kadrlary taýýarlamak has güýçli depgin bilen ösdi, ýarag öndürmek artdyryldy. Ikinji jahan urşunyň bosagasynda Germaniýa Ýewropadaky iň uly armiýany döretdi.

Germaniýanyň daşary syýasaty hem bardygy saýyn agressiw häraktere eýe boldy. 1938-nji ýylda Awstriýa anşlýus edildi, 1939-njy ýylda Çehoslowakiýa hem Germaniýa goşup alyndy. «Polşadaky nemisleriň ykbaly hakyndaky gamhorluk» Ikinji jahan urşunyň başlanmagy üçin bahana boldy.



Nemes goşunlary Polşanyň araçägini bozýarlar. 1939-njy ýyl 1-nji sentýabr.

ÝATDA SAKLAŇ

**1919-nji ýylyň 31-nji iýul güni Weýmar şäherinde konstitusiýa kabul edildi.**

**1934-nji ýylda prezident Gindenburg aradan çykandan soň Gitler Germaniýanyň fýureri (serdary) boldy.**

**1939-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda** Germaniýa Polşa çozup girdi. Ikinji jahan urşy başlandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Fraksiýa** – haýsy-da bolsa bir partiýanyň parlamentdäki agzalary ýa-da syýasy partiýanyň içindäki aýratyn topar.

**Totalitarizm** (umumy, ähli) – XX asyr hadysasy bolup, bütin syýasy ulgamň döwlete boýun egmegini, jemgyýetçilik durmuşynyň we raýatlaryň üstünden doly döwlet gözegçiligini ornaşdyrylmagyny nazarda tutýar.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşunda ýeňilmegi Germaniýada nähili ykdysady we sosial meseleleri getirip çykardy?
2. Germaniýada faşistleriň birinji çykyşy – «piwo gozgalaňy» nähili netije bilen gutardy?
3. «Daues meýilnamasy» nähili maksatda düzülipdi? Ol kapitalistik dünýäde ykdysady we syýasy durnuklylygy üpjün etmäge alyp geldimi?
4. Gitleriň ýolbaşçylygyndaky nasional-sosialistler häkimiýete geleninden soň nähili syýasy-ykdysady çäreleri amala aşyrdy? Italýan faşizmi bilen German nasizmini deňeşdiriň.
5. Gitleriň totalitar režiminiň esasy maksady nämeden ybaratdy? Germaniýadaky totalitar režime taryp beriň.

## Özbaşdak iş



«1919-njy ýyldaky Wersal parahatçylyk şertnamasyndan soň Germaniýa» kartasyny derňäň we Germaniýanyň araçäklerini anyklaşdyryň.



Temanyň tekstini «Insert» jedweli esasynda derňäň we iki bölümli gündelik düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 7–8-NJI TEMALAR. 1918 – 1939-NJY ÝYLLARDA SSSR

1917-nji ýylyň noýabrynda Wladimir Leniniň ýolbaşçylygyndaky bolşewikler hökümeti – Halk komissarlary soweti düzülenden soňra Russiýanyň başga çäklerinde hem sowet häkimiýetini ornatmak başlandy.



**Russiýanyň taryhynda Romanowlar dinastiýasy haçan häkimiýet başyna geçipdi?**

Ähli ýerlerde ýerli häkimiýetler dargadylyp goýberildi, dolandyryş doly sowetleriň eline geçdi. Täze häkimiýetiň möhüm taraplary şeýledi, ýagny ol partiýalyk ýolbaşçylyk esasynda şekillendi we bolşewikleriň partiýasynyň islendik karary sowet karary hökmünde kabul edilmegi mümkin boldy. Partiýa we döwlet guramalarynyň birleşip gitmegi emele gelýän bolşewikleriň totalitar gurluşygynyň möhüm belgisidi.

**1918-nji ýylyň martynda Brest-Litowsk** şäherinde Germaniýa bilen ylalaşyk düzüldi. Ylalaşygyň netijesine görä bolşewikler wagtlaýynça demini dürsäp almak mümkinçiligine eýe bolsa-da, Russiýa 56 mln. adam ýaşaýan örän uly çäginden we Gara deňiz flotundan aýryldy, Germaniýa uly kontribusiýa tölemek mejburyýetini aldy. Taryhçylaryň nygtamagyna görä, ylalaşyk Russiýanyň bütin taryhyndaky iň şermendeli şertnama boldy.



Bolşewikler häkimiýete gelenden soň başlanan tertipsizlikler raýatlar urşuna getirdi.

**Raýatlyk urşy.** Köpçülik taryhçylar Russiýada Raýatlyk urşy 1917-nji ýylyň oktýabrynda bolşewikleriň häkimiýete gelmegi bilen başlady we 1922-nji ýylyň güýzünde Uzak Gündogarda «ak gwardiýa»nyň derbi-dagyn edilmegi bilen gutardy, diýip hasaplaýarlar.

Raýatlyk urşunyň esasy sebäpleri jemgyýeti gaýta gurmagyň päk maksatlary bilen olary amala aşyrmagyň radikal usullarynyň arasyndaky utgaşyksyzlykdan ybaratdy. Bu uruşda dürli sosial synplar we toparlar özara problemalar we garşylyklary ýaragyň güýji bilen çözdüler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Raýatlar urşy döwründe daşary ýurt, ilki bilen Antanta döwletleriniň Russiýa garşy basybalyjylykly hereketleri bolup, ol daşary ýurt **interwensiýasy** adyny aldy. Daşary ýurt goşunlary bilen sowetleriň içki duşmanlary birleşip, **1918-nji ýylda** Russiýanyň Wolga kenarlarynda, Ural, Sibir, Uzak Gündogar çäklerinde sowet häkimiýetini agdaryp taşlady. Şeýle ýagdaýda bolşewikler örän uly guramaçylyk işlerini amala aşyrdylar: goşunlaryň sany 1 mln. adamdan geçdi; armiýada pugta tertip ornadyldy, Patyşa hökümetiniň birnäçe general we ofiserleri sowetleriň tarapyna agdaryp alyndy; döwlet «ýeke-täk harby lager» diýip yglan edildi.



**Brest-Litowsk şertnamasy...**
**1918-nji ýyl...**
**Russiyada Raýatlar urşy netijeleri...**
**1917-nji ýyl oktýabr – 1922-nji ýyl güýz...**

1918 – 1922-nji ýyllarda Sowetler respublikasynda ykdysady dolandyrmagyň harby usuly – **«harby kommunizm»** syýasaty ornadyldy. Ol raýatlyk urşunda ýeňiş gazanmak üçin döwletiň ähli resurslaryny sarplamagyň adatdan daşary sistemasydy. Bu syýasatyň iň möhüm taraplary: hususy mülkçhiligi ýatyrmak; haryt-pul gatnaşyklaryny togtatmak we senagaty millileşdirmek; deň bölmäge esaslanan döwlet sistemasyny ornatmak; aýlyklary azyk-haryt önümleri bilen tölemek; şäher bilen obanyň arasynda gönüden-göni haryt çalşygyny ýola goýmak boldy. Daýhanlardan artykmaç azyk-haryt önümlerini mejbury we mugtuna tartyp almak – **azyk-haryt razwýorstkasy** yglan edildi.

Syýasy ugurda «harby kommunizm» bir partiýaly sistemanyň agalygy, administratiw-buýrukbazlyk dolandyryş usulynyň yglan edilmegi we plýuralizmiň gaty yzarlanmagy bilen harakterlenýär. Ruhy ugurda höküm süren aňyýet we ahlak normasy hökmünde marksizm ornadyldy. Bu rehimsiz usullar bilen bolşewikler öz maksatlaryna ýetdiler.

Raýatlyk urşunyň soňky basgyjy öňki Russiýa imperiýasynyň çet ülkeleri – Kawkaz aňyrsy, Orta Aziýa we Uzak Gündogarda sowet häkimiýetiniň ornadylmagy bilen häsiýetlenýär. **1922-nji ýylyň noýabrynda** Gyzyl armiýa Wladiwostok şäherini alyp, Ýuwaş okeana çykmagy bilen Russiýada Raýatlyk urşy esasan ahyryna ýetdi.

**SSSR-iň düzülmegi.** 1922-nji ýylda amala aşyrylan möhüm çärelerden biri SSSR-iň düzülmegi boldy. Milletleriň öz hukuklaryny özi kesgitlemeklik prinsipinden gelip çykyp, ähli respublikalar federatiw



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döwlete deň hukukly agza bolup girdiler. Netijede, **1922-nji ýylyň 30-njy dekabr** güni öňki Russiýa imperiýasynyň çäklerinde Sowet Sosialistik Respublikalar Soýuzy (SSSR) düzüldi.




SSSR-iň döredilmegi. 1922-nji ýyl 30-njy dekabr.

Bu täze döwletde öňki jemgyýetiň esaslary bozup taşlandy, «döwlet sosializmi» (döwletiň ykdysadyýete we sosial gatnaşyklara aralaşmagy) ornadyldy we ykdysat, jemgyýet, döwlet misli görülmedik depginlerde reforma edildi. Sowet görnüşindäki «döwlet sosializmi» jemgyýeti industrlaşdyrmagyň kapitalistik usulyna alternatiw ýoldy.

Ilki bilen SSSR-e Russiýa, Ukraina, Belorussiýa we Kawkaz aňyrsy respublikalary girdiler. 1924-nji ýylda döwletiň ilkinji konstitusiýasy kabul edildi. 1924-nji ýylda Kawkaz aňyrsy we Orta Aziýada milli-territorial serhetler belgilenip, milli sowet respublikalary düzüldi. Şol ýyllarda SSSR Ýewropa döwletleri tarapyndan, **1933-nji ýylda** soňky uly döwlet – ABŞ tarapyndan ykrar edildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Fritof Nansen.

**Täze ykdysady syýasat.** 1921-nji ýylda sowet döwleti güýçli ykdysady we syýasy krizisi başyndan geçirdi. Döwlet weýran bolan, senagat önümçiligi peselipdi. Şol ýyldaky erbet gurakçylykdan Ukraina, Kuban we ähli Wolga boýundaky halklar ezýet çekdi. Bu çäklerde açlyk başlanyp, sowetlere garşy gozgalaňlar göterildi. Meşhur norwegiýaly syýahatçy **Fritof Nansen** açlara amaly taýdan kömek bermegi gurnanlardan biri boldy. Onuň hormaty we berk haýyşy sebäpli Günbatar döwletleri aç Russiýa kömek berdiler, müňlerçe adamlary ölümden gutaryp galdylar.

Döwletiň agyr krizis ýagdaýy bolşewikleri «harby kommunizm» syýasatyndan geçip, täze ykdysady syýasat (rusça NEP) diýip at alan kursa geçmäge mejbur etdi. NEP-iň esasy maksady bazar ykdysadyýetiniň bir bölegini dikeltmek, ony ykdysady peýda we hojalyk hasabyna ösdürmekden ybaratdy. NEP mejbury we wagtynçalyk çäre bolup, bolşewikler krizisiň gutarmagy bilen ony ýatyrmagy maksat edipdiler.

NEP hususy telekeçiligi kuwwatlady, ykdysadyň ösmegine kömekleşdi. NEP döwletiň halk hojalygyny dikeltmek, önümçilik we söwdany ýola goýmak, agyr ykdysady ýagdaýdan çykyp almak mümkinçiligini berdi. Emma NEP SSSR-de «bazar sosializminiň» ornadylmagyna alyp gelmedi. **1924-nji ýylda** Wladimir Lenin wepat edenden soňra döwletde Iosif Stalin we onuň ýoldaşlary esasy rol oýnap başlady. Olar NEP özüniň roluny bejerip boldy, diýip hasaplady we 1927–1929-njy ýyllarda assa-ýuwaş ony ýatyryp başladylar. Ykdysady ewolýusiýa, ykdysady konkurensiýa, ykdysadyýete täsir etmegiň ykdysady usullarynyň ýerine jemgyýeti dolandyrmagyň administratiw býurokratizm, adatdan daşary, ykdysady bolmadyk usullar saýlandy. Stalin şahsyna sygynmak, ony örän götergilemeklik başlanyp, ilki bilen oppozisionerler, soňra bolsa millionlarça günäsiz adamlar repressiýanyň gurbany boldular.



SSSR-de industrializasiýalaşdyrma agyr zähmetiň hasabyna amala aşyryldy.

**Industrlaşdyrmak.** 1920-nji ýylyň ahyry – 1930-njy ýylyň başynda amala



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aşyrylan iň möhüm çäre döwleti industrleşdirmek boldy. 1928 – 1932-nji ýyllara niýetlenen birinji bäş ýyllyk sowet meýilnamaly ykdysadyýetiniň döwrüni başlap berdi. Bäş ýyllygyň esasy wezipesi SSSR-i agrar döwletden senagaty ösen we güýçli harby döwlete aýlandyrmakdy. Örän uly güýç we serişde agyr senagaty ösdürmäge sarplandy. Şol ýyllarda 1500 sany iri senagat kärhanalary guruldy. Birinji bäş ýyllykda sowet agyr senagatynyň esaslary döredildi.

**«Harby kommunizm»...**
**Azyk razwýorstkasy...**
**Täze ykdysady syýasat...**
**1922-nji ýyl 30-njy dekabr...**
**1933-nji ýylda...**
**1928–1932-nji ýyllarda...**

**Kollektiwleşdirmek.** 1928 – 1933-nji ýyllarda SSSR-de **kollektiwleşdirmek** diýip at alan syýasat amala aşyryldy. Munuň netijesinde obadaky baý daýhanlar, ýer eýeleriniň ählisi mülkünden mahrum edildi, köpçüligi kulak hökmünde tussag edildi, sürgün edildi, öldürildi. Kollektiwleşdirmegiň netijesinde 15 mln.-a golaý daýhan özüniň ýerlerinden sürgün edilip, bir näçe milliony heläk boldy. Kollektiwleşdirmegiň elhenç netijesi şundan ybarat boldy, ýagny SSSR-iň taryhynyň soňuna çenli döwlet özüni-özi azyk önümleri bilen üpjün edip bilmedi. 1933-nji ýyldaky elhenç açlykda Ukrainada, Kubanda, Wolga kenarlarynda, Gazagystanda **7 mln.**-dan gowrak adam açlykdan wepat boldy.

1933–1937-nji ýyllary öz içine alan ikinji bäş ýyllykda senagat gülläp-ösüp, SSSR onuň netijeleri boýunça dünýäde ABŞ-dan soňky ikinji orna çykdy.

1938-nji ýylda başlanan üçünji bäş ýyllykda esasan harby senagat kärhanalaryny gurmak meýilleşdirildi.



Sowatsyzlygy ýok etmek mekdeplerinden birindäki ders.

**Medeni rewolýusiýa.** Sowatsyzlygy ýok etmek, täze tipdäki sowet mekdepleri sistemasyny döretmek, halkyň içinden bilimli kadrlary taýýarlamak, bolşewikleriň gözegçiligi astynda we marksça-leninçe aňyýet esasynda ylmy, edebiýaty we senagaty ösdürmek, halkyň durmuş medeniýetini ösdürmek taryhda **«medeni rewolýusiýa»** adyny aldy. Medeni rewolýusiýany amala aşyrmak prosesinde birnäçe ýerli bil-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

imli adamlar öldürildi, milli medeniýetler zelel gördi, dine garşy göreş uçgun aldy. Şol bir wagtda, özüniň ähli garşylyklaryna garamazdan, medeni rewolýusiýa birnäçe möhüm çäreleri çözdi.

Ilatyň durmuş medeniýetini ösdürmek ugrunda möhüm ädim ädildi. Sowatsyzlyga garşy göreşde üstünlikler gazanyldy. Tälim sistemasy doly reforma edilip, 1930-njy ýylda mejbury başlangyç tälim yglan edildi.

**Daşary syýasat.** 1920-nji ýyllarda sowetleriň daşary syýasatynyň esasy wezipesi täze häkimiýetiň halkara möçberde ykrar edilmegini gazanmagy boldy.

1930-njy ýyllarda jahanda bolup geçýän hadysalar SSSR-iň howpsuzlygyna uly gorky salýardy. **1931–1932-nji ýyllarda** Ýaponiýa Manchjuriýany basyp alyp, iki döwletiň arasynda dartgynly ýagdaýy ýüze çykardy. 1938-nji ýylda Hasan kölüniň töwereginde ýaponlar SSSR-iň çäklerine çozup girdi. Aýgytly söweşlerden soňra ýaponlar sowet serhetlerinden kowup çykaryldy. 1939-njy ýylda ýaponlar Mongoliýa çozup girenden soňra, onuň soýuzdaşy bolan SSSR hem Mongoliýa goşun alyp girdi. Halhin-Gol derýasynyň golaýyndaky söweşde ýaponlar ýeňlişe sezewar boldular. **1941-nji ýylda** Moskwada özara hüjüm etmezlik barasynda **sowet-ýapon şertnamasyna** gol çekildi.

Ýewropa ugrunda Germaniýanyň salýan howpuny ýok etmek maksadynda sowet hökümeti Beýik Britaniýa, Fransiýa we başga döwletleriň arasyndan özüne soýuzdaşlary gözläp başlady. **1934-nji ýylda** Sowet Soýuzy Milletler Ligasyna agza boldy. Emma bu wagta gelip halkara gatnaşyklaryň we sowetleriň daşary syýasatynyň möhüm faktory parahatçylyga we halkara tertibe howp salýan Germaniýa bolup galdy.


Wýaçeslaw Molotow we Rudolf fon Ribbentrop (çepden).

**1922-nji ýylda** gol çekilen **Rapallo şertnamasyndan** soňra Sowet Soýuzy bilen Germaniýanyň arasyndaky gatnaşyklar gowulanyp bardy. Netijede **1939-njy ýylyň 23-nji awgust** güni Moskwada SSSR we Germaniýanyň ortasynda özara hüjüm etmezlik barasyndaky şertnama (Molotow – Ribbentrop pakty) gol çekildi. Şertnama goşmaça edilen konfidensial protokolda SSSR-iň geostrategik peýdalarynyň çägi anyklandy. Oňa görä Finlýandiýa, Pribaltika döwletleri, Polşanyň gündogar bölegi, Bessarabiýa SSSR-iň peýda zonasy diýip belgilendi. Yagny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

urşuň başlanmagy bilen SSSR şu çäkleri özüniňki diýip hasaplamagy mümkindi.




**1933-nji ýylda Sowet Soýuzyny ABŞ ykrar etdi.**
**1931–1932-nji ýyllarda Ýaponiýa Mançžuriýany basyp aldy.**

Gysga aýdanda, bolşewikleriň geçiren örän uly möçberdäki sosial tejribesi iki jahan uruşlarynyň arasynda millionlarça adamlary heläkçilige duçar etdi, onlarça million adamlaryň adaty durmuşyny bozdy, tutuş başly milletleriň ykbalyna täsir görkezdi. Olar örän uly gurbanlaryň hasabyna, köpçülikleýin sürgün edilmeklik we zorluk ýoly bilen ykdysady we harby taýdan gudratly döwleti gurdular.



**Radikal (düýpli)** – ýiti çärelere we hereketlere ymtylmagyň tarapdarlary.

**Interwensiýa** – bir ýa-da birnäçe döwletiň başga döwlet içerki işlerine zorluk bilen gatyşmagy, onuň suwerenitetini bozmagy.

**«Harby kommunizm»** – Sowet döwletiniň raýatlar urşy şertindäki sosial-ykdysady syýasaty. Onda täjirçilik gadagan edilen, oba hojalyk önümleriniň artykmajyny döwlete tabşyrmak mejbury edilýär.

**Pakt** – halkara ylalaşyk, halkara şertnama görnüşi.

**Nasionalizasiýa** – hususy eýeçiligiň, iri kärhanalar, ýer, halk hojalygy pudaklarynyň döwlet emlägine öwrülmegi.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. 1917-nji ýylda Russiýada bolşewikler häkimiýetiniň ornaşdyrylmagyna döwletde emele gelen nähili ykdysady we syýasy ýagdaýlar sebäp boldy?
2. SSSR-däki industrleşdirmek we kollektiwleşdirmek syýasatlarynyň maksatlary nämeden ybaratdy? Olaryň netijesi nähili boldy?
3. Medeni rewolýusiýa öz öňüne nähili maksatlary goýdy we nähili netijeleri gazandy?
4. 1930-njy ýyllarda sowetleriň alyp baran daşary syýasatynyň agressiw taraplary nämelerde ýüze çykdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Özbaşdak iş



Kartadan Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Soýuzynyň düzümine giren döwletleriň sanawyny düzüň.



«Täze ykdysady syýasatyň» oňyn we erbet taraplaryny T-çyzgy esasynda derňäň we depderiňize ýazyň.

## 9-NJY TEMA. 1918 – 1939-NJY ÝYLLARDA ITALIÝA WE ISPANIÝA

Italiýa Birinji jahan urşunda onça uly zyýan görmedi. Tersine ol Awstriýanyň-Wengriýanyň ýerleriniň bir bölegini eýeläp, özüniň çäklerini ençe giňeldip aldy. Emma şuňa garamazdan, uruşdan soňra döwlet içki garşylyklaryň girdabynda galdy. Bu garşylyklaryň esasyny işsizleriň köp bolmagy we ykdysady krizis getirip çykardy. Örän wajyp reformalary amala aşyrmak üçin hökümetiň güýji ýeterlikli däldi.

**Faşistleriň häkimiýete gelmegi.** Umumy krizis şertlerinde Benito Mussoliniň ýolbaşçylygynda **1919-njy ýylyň mart aýynda** düzülen faşistler partiýasy aktiwleşdi. 1921-nji ýylda faşistleriň hereketi ençe resmi görnüş alyp, döwletiň syýasy gudratyny berkitmäge gönükdirilen milletçilik propogandasyny alyp bardy. Olary döwletdäki möhüm güýçler goldady, ilatyň hem köpçüligi duýgudaşlyk bildirdi.

Faşistler 1921-nji ýyldaky parlament saýlawlarynda 36 sany orna eýe boldy. **1922-nji ýylyň oktýabrynda** faşistik toparlaryň meşhur **Rime ýörüşi**nden soňra patyşa Wiktor Emmanuil III Mussolinini hökümet başlygy edip saýlady.



**1871-nji ýylda Italiýada nähili kanun kabul edildi? Parlament haçan emele gelipdir we Beýik Britaniýada XIX asyrdaky parlament özgertmeleri nämelerden ybarat?**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Italiýa we Ispaniýa.




«Ýaş faşistler» žurnalynyň sahaby. Italiýa.

**Faşistleriň syýasaty.** Faşistleriň häkimiýetde bolan ilkinji ýyllarynda döwletde durgunlyk we ykdysady ösüşi üpjün etdi. Mussolini ilki bar bolan syýasy partiýalar we profsoýuz guramalaryny gadagan etmedi. Parlament iş alyp bardy, partiýalaryň gazetleri hem çykyp durdy. Ykdysadyýete gönüden-göni we her taraplama aralaşmak ýoly bilen Italiýa faşistik döwletiň ösüş depginlerini güýçli artdyryp bildi. 1938-nji ýylda Mussolini milletçilik kanunlaryny çykardy, 1939-njy ýylyň başynda bolsa Deputatlar palatasyny dargadyp, onuň ornuna uly faşistik geňeş düzdi.

Italýan faşizmi ýörite totalitar diktatura hökmünde totalitar we awtoritar belgilere eýedi. Onuň aňyýet sistemasy katolisizm, däbe



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

öwrülen, sosializm taglymlary bilen doldurylan milletçilige esaslanyp gurlupdy.



**1919-njy ýyl mart... B. Mussolini...**

**1921-nji ýylda... Wiktor Emmanuil III...**

Faşistler ähli totalitar gurluşa mahsus bolan agressiw syýasatyny öjükdirdi. 1927-nji ýylda Albaniýa Italiýanyň protektoratyna aýlandyryldy, soňra bolsa basyp alyndy. 1935–1936-njy ýyllardaky Italiýa-Efiopiýa urşy netijesinde Efiopiýa, oňa goňşy bolan Eritreýa we Somaliniň bir bölegi Italiýanyň koloniýasyna aýlandyryldy. 1937-nji ýylyň dekabrynda Italiýa Milletler Ligasyndan çykdy. Italiýa Germaniýa we Ýaponiýa bilen soýuza birleşip, özüniň agressiw syýasatyny dowam etdirdi we Ikinji jahan urşunyň sebäpçilerinden birine aýlandy. 1940-njy ýylyň 10-njy iýunynda Fransiýa uruş yglan eden Italiýa ikinji jahan urşuna girdi.




**1927-nji ýylda Albaniýa Italiýanyň protektoratyna öwürildi.**

**1939-njy ýylda Mussolini Deputatlar palatasyny dargadyp, onuň ýerine Uly faşistik geňeş düzdi.**

**1940-njy ýylyň 10-njy iýununda Fransiýa uruş yglam eden Italiýa Ikinji jahan urşuna girdi.**

**Ispaniýa.** Bu ýerde wakalar başgaça ýol bilen bolup geçdi. Ilki bilen Ispaniýa özüniň Birinji jahan urşundaky neýtraliteti bilen başga Ýewropa döwletlerinden aýratyn bölünip durdy. Şoňa garamazdan, Ispaniýa uruşdan soň hem köp wagt Günbatar Ýewropanyň iň yzda galak döwletlerinden biri bolup galyberdi. Dünýäni lerzana getiren Russiýadaky rewolýusion wakalar bu döwlete hem öz täsirini görkezdi. Kataloniýa we başga welaýatlarda başlanan iş taşlaýyşlar hökümeti reformalar geçirmäge, 8 sagatlyk iş güni, sosial strahowaniýe, aýlyk we pensiýalaryň artdyrylmagy barasynda kanunlary kabul etmäge mejbur etdi.

**1923-nji ýylyň sentýabrynda** general Migel Primo de Riwera döwlet agdarlyşygyny gurnady. Ähli wezirler we gubernatorlar har-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ispaniýa respublikaçylary halk leşgeri raýatlar urşy ýyllarynda.

bylardan saýlandy, parlament dargadylyp goýberildi, birnäçe partiýalaryň işi gadagan edildi. De Riwera ykdysady reformalar geçirip, edil Italiýadaky faşistler ýaly ykdysadyýete döwletiň aralaşmagyny güýçlendirmäge hereket etdi. Emma döwletde başlanan iş taşlaýyş hereketi, maliýe krizisi bütin Ispaniýada diktatora garşy närazylygyň güýçlenmegine alyp geldi. 1930-njy ýylda de Riwera boşamaga mejbur boldy.Täze hökümet konstitusiýany we buržua-demokratik erkinliklerini dikledi, emma başlanyp giden jahan ykdysady krizisiniň öňünde bu hökümet hem ejizlik etdi.



Fransisko Franko – Ispaniýanyň diktatory.

**Ispaniýa faşizmi.** Italiýa faşistlerinden görelde alan sag partiýalar 1933-nji ýylda ispan falangasyny düzdi. Şol döwürden başlap bu falanga emele gelen ispan faşizminiň esasy boldy. 1934-nji ýylda faşistleriň bir näçe wekilleri hökümediň düzümine girdiler. Şeýlelikde çep güýçler Halk frontuny düzdiler. Olar 1936-njy ýyldaky korteslere (parlament) geçirilen saýlawlarda ýeňip çykdylar. Döwletiň prezidenti we hökümet başlygy şu frontyň wekillerinden saýlandy. Döwletde ähli syýasy tussaglar azat edildi, öň gazanylan ähli demokratik we sosial üstünlikler diklendi. Emma sag falanga howpy ýok edilmedi. Olar döwleti agdarmaga taýýarlanyp, munda esasy roly armiýa we generallar oýnady.

**1936-njy ýylyň 18-nji iyul** güni falangaçylar ähli ýerde harby agdarylyşygy başlap goýberdi. Olara garşy Halk fronty urşa girişdi. Şeýlelikde Ispaniýada **raýatlyk urşy** başlanyp gitdi.



**1923-nji ýyl sentýabrda ...** **Ispaniýada raýatlar urşy ...**

**1933-nji ýylda ...** **Kortes – ...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýlelikde Fransiýa, Beýik Britaniýa we ýene birnäçe döwletler Ispaniýa ýarag ýetirip bermegi togtatdy we özleriniň raýatlyk urşa aralaşmaýanlyklaryny yglan etdiler. Ilki bilen bu ylalaşyga goşulan SSSR soň özüniň kararyny ýütgedip, respublikaçylara kömek berip başlady. Edil şunuň ýaly Germaniýa we Italiýa hem falangaçylara kömek berdi. Ispaniýadaky raýatlyk urşy iki ýarym ýyl dowam etdi. Onda 1 mln.-a golaý ispanlar heläk boldy. Falangaçylar ýeňiş gazandy we **1939-njy ýylyň 1-nji aprelinde** Ispaniýada general F.Franko diktaturasy bütinleý ornadyldy.




**1933-nji ýylda ispan falangasy döredildi.**
**1936-njy ýylyň 18-nji iýul güni Ispaniýada raýatlar urşy başlandy.**

Ikinji jahan urşy başlanmagy bilen gitlerçiler diplomatiýasynyň hereketlerine garamazdan, Franko urşa girmäge howlukmady we 1939-njy ýylyň sentýabrynda neýtralitet hakynda dekrete gol çekdi.



**Katolisizm** – hristian dininiň esasy mezheblerinden biri.

**Awtoritarizm** – syýasy režim, onda jemgyýet döwlet we onuň baştutanyna boýun egdirilýär, häkimiýet başynda duran şahs özüni özi şu häkimiýete hakly diýip yglan edýär.

**Kortes** – Ispaniýada we Portugaliýada parlamentiň atlandyrylyşy.

**Dekret** (decretum – karar, decernere – karar etmek) – döwlet organy ýa-da wezipedäki şahsyň hukuk akty, karary.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Näme üçin Italiýadaky syýasy krizis faşistleriň häkimiýete gelmegi bilen tamamlandy? Italýan faşizminiň esasy taraplaryny aýdyp beriň.
2. B. Mussolini hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
3. Italýan faşistleriniň militaristik we agressiw daşary syýasaty nämelerde görünýärdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. Birinji jahan urşundan soň Ispaniýada içki sosial-syýasy garşylyklaryň güýçlenmegine näme sebäp boldy? Näme üçin Primo de Riwera häkimiýeti özünde saklap galyp bilmedi?

5. Ispaniýada Halk fronty hökümetiniň krizisine nämeler sebäp boldy?

6. Ispaniýada falangaçylar ýeňişiniň we Franko diktaturasynyň ornadylmagynyň sebäpleri nämededi?

### Özbaşdak iş

Kartadan Italiýa tarapyndan kolniýa öwrülen döwletleri tapyň we taryhy reallyk bilen baglap düşündiriş ýazyň.

Wenn diagrammasynyň kömeginde Italiýa we Ispaniýa daşary syýasatyndaky umumylygy we tapawutly taraplary derňäň we depderiňize ýazyň.

## 10-NJY TEMA. 1918–1939-NJY ÝYLLARDA LATYN AMERIKASY DÖWLETLERI

Günorta Amerikada we Demirgazyk Amerikanyň günorta böleginde ýerleşen döwletler, şeýle hem, Karib deňzindäki adalara Latyn Amerikasynyň döwletleri diýip aýdylýar. Bu at ýewropalylaryň çozuşyndan soň ýerli ilat latyn dilinden alnan ispan, portugal, fransuz dillerinde gepleşip başlandan soň berlen.

**Latyn Amerikasy halklarynyň düzüminde bar bolan metis we mulat adalgalaryna kesgitleme beriň.**

Bu gün halkara dokumentlerde bu çäklere «Latyn Amerikasy we Karib deňziniň kenarlaryndaky döwletler» diýip atlandyrylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1920-nji ýyllarda regiondaky ýagdaý.** Birinji jahan urşy Latyn Amerikasynyň döwletlerinde kapitalizmiň ösüşini has-da çaltlandyrdy.

Ýewropadan gelýän harytlaryň we kapitalyň akymy wagtlaýynça kemeldi. Jahan bazarynda region döwletlerinde öndürilýän azyk-haryt we çig mal önümleriniň bahasy, aýratyn hem Kuba şekeriniň bahasy 11 esse artdy. Bu kapitalyň ýygnalmagy, ýerli önümçiligiň ösmegi, ykdysadyň öňküden görä durnukly depginlerde ösmegi üçin mümkinçilik döretdi. Agroeksport, dag-kän we ýeňil senagat pudaklary jedel ösdi. Emma 1920-nji ýylyň ahyryna gelip ekstensiw esasda ykdysady üstünlikli ösmegiň mümkinçilikleri gutardy.



Latyn Amerikasy ýurtlary.

1920-nji ýylda Latyn Amerikasy döwletleri syýasy taýdan diňe adyna respublikady. Ilatyň uly, aýratyn hem iri ykdysady we medeni merkezlerden uzakda ýerleşen, köpçülik bölegi sowatsyz ýa-da çala-sowat bolup, saýlawlarda gatnaşmaýardy we demokratik düzüm üçin sosial esas bolup bilmeýärdi.

1920-nji ýyldaky liberal reformaçylyk Latyn Amerikasynda ençe aýaga galan ýerli buržuaziýanyň, şeýle hem, ilatyň giň köpçüliginiň peýdalaryny aňladýardy. Şol sebäpli reformaçy hökümetler sosial syýasata uly ähmiýet berdiler. Argentinada **Ipolito Irigoýeniň** hökümetiniň işi bu döwrüň liberal-reformaçylyk syýasatyna aýdyň mysal bolup biler. Onuň hökümeti milli senagatyň ösüşini kuwwatlady, döwlet nebit senagatyny şekillendirdi. Obalarda güýçli fermerler gatlagy şekillendi, kärendeçileriň ýagdaýy gowulandy. Irigoýen 8 sagatlyk iş güni barasynda kanunyň kabul edilmegini gazandy. Aýlyklar artdyryldy, işçi we hyzmatçylaryň uly bölegi üçin pensiýa belgilendi, ýetginjekleriň we


Ipolito Irigoýen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aýallaryň zähmeti çäklendi. Irigoýen Argentinanyň milli suwerenitetini berk gorady.

**1930-njy ýylda Latyn Amerikasy.** Ykdysadyýetde döwletiň rolunyň artmagy. 1929 – 1933-nji ýyllardaky jahan ykdysady krizisi Latyn Amerikasy döwletlerinde karar tapan sosial-ykdysady sistemalaryň otrisatel taraplaryny, ykdysadyň daşky bazara hetden aşa baglylygynyň agyr netijelerini açyp taşlady. Krizis ýyllary Latyn Amerikasynyň döwletleriniň däp bolan önümlerine jahan bazarynda talap kemelip gitdi. Müňlerçe plantasiýalar, zawod we fabrikler togtap galdy. Özüniň hyrydaryny tapmadyk millionlarça tonna kofe, galla we başga oba hojalyk önümleri ýok edildi. Ençeme işläp çykaryjylar tozdular. Ýüz müňlerçe adamlar işsiz galdy. Zähmetkeşleriň, ilatyň orta gatlagynyň umumy ýaşaýyş derejesi ýamanlaşdy. Ykdysady krizis regiondaky höküm sürýän režimleri jemgyýetdäki daýanjyndan mahrum etdi, sosial durnuksyzlygyň ösmegine, çynlakaý syýasy özgerişlere alyp geldi. Şol bir wagtda, her bir döwletde wakalar dürlіçe ösdi.



**Latyn Amerikasy ýurtlary bu ...**
**1920-nji ýyllaryň ahyry ...**
**Argentinada Ipolito Irigoýen hökümetiniň işi ...**

Meselem, edil şeýle ýagdaý sebäpli Argentinada 1930-njy ýylda harby agdarlyşyk amala aşyrylyp, Ipolito Irigoýeniň ikinji hökümeti agdaryp taşlandy, häkimiýete konserwator toparlar gaýtdy.

Braziliýada tersine, krizis bu ýerde hökümdarlyk edýän «kofe oligarhiýasy»nyň pozisiýasyny peseltdi we mundan garşydaş buržua-milletçiler peýdalanyp galdylar. 1930-njy ýyldaky buržua rewolýusiýasy oligarhiýa režimini agdaryp taşlady.

Kolumbiýada hem şol ýyly konserwatiw oligarhiýa režiminiň ýerine liberal-reformaçylar geldi. Çili we Kubada köpçülikleýin rewolýusion çykyşlar netijesinde krizisden sähel öň häkimiýete gelen diktatorlyk režimler agdaryp taşlandy.



**1929 – 1933-nji ýyllarda ...**
**Braziliýada ...**
**1930-njy ýylda ...**
**Kolumbiýada ...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýlelikde, 1930-njy ýylda Latyn Amerikasynyň syýasy kartasynda köplenç biri-birini almaşdyran dürli syýasy režimler – dolandyryş şekili boýunça diktatorlyk we konstitusion, sosial mazmuny boýunça konserwatiw, liberal-reformaçy, milletçi we çep güýçleriň hökümdarlyk etmeginde dowam etdiler.


Işçiler kofeni okeana taşlaýarlar. Braziliýa, 1932-nji ýyl.

Bu döwürde döwletiň ykdysady aktiwleşmegi Latyn Amerikasynda kapitalistik ösüş ýolundan ençe öňe giden Argentina, Meksika, Braziliýa, Çili we Urugwaý ýaly döwletler üçin has bolan hadysady. 1930-njy ýylda Latyn Amerikasynyň döwletleriniň ykdysady syýasatynda bolup geçen özgerişler ýerli önümçiligiň ösmegi we milli kapitalyň güýçlenmegine alyp geldi.

**Latyn Amerikasy we ABŞ-nyň gatnaşyklary.** Iki sany jahan uruşlarynyň aralygynda Latyn Amerikasynyň döwletleri üçin möhüm problema olaryň ABŞ bilen gatnaşyklary boldy. Birinji jahan urşy ýyllarynda Latyn Amerikasyna Ýewropa döwletleriniň ünsüniň peselmeginden peýdalanan ABŞ-nyň kapitaly Merkezi we Günorta Amerika girip geldi. ABŞ-a garşy ýagdaýynyň öjükmeginden howplanyp we regionda özüniň täsirini artdyrmak maksadynda 1933-nji ýylda ABŞ-nyň prezidenti Franklin Ruzwelt özüniň hökümetiniň Latyn Amerikasy döwletlerine interwensiýa etmeýändigini we başga görnüşde bu döwletleriň içki işlerine aralaşmazlygyny hemde olar bilen «gowy goňşuçylyk» gatnaşyklaryny ornatjakdygyny yglan etdi.




**Latyn Amerikasy ýurtlarynda 1920-nji ýyllar ahyryna gelip ykdysadyýeti ekstensiw esasda netijeli ösdürmegiň mümkinçilikleri gutardy.**

**1933-nji ýylda ABŞ prezidenti F. Ruzwelt öz hökümetiniň Latyn Amerikasy döwletlerine «gowy goňşuçylyk» gatnaşyklary ornaşdyrmagy yglan etdi.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu Latyn Amerikasyna bolan ABŞ-nyň syýasatynyň özgerenligini, ekspansiýanyň ýumşagrak şekline geçilendigini aňlatdy we Amerika materiginiň döwletleriniň arasynda özara gatnaşyklarynyň gowulanmagy üçin položitel ädim boldy.



**Plantasiýa** – mahsus oba hojalyk ekinleri ýetişdirilýän uly hojalyk.

**Diktatura** – hiç hili çäklendirmesiz, hökümdar synpyň güýjüne daýanyp iş ýöredýän häkimiýet.

**Ekspansiýa** – bir döwletiň özge ýurtlaryň çägini we bazaryny eýeläp almak maksadynda öz syýasy we ykdysady täsirini ýaýmaga gönükdirilen syýasaty.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşy Latyn Amerikasynyň döwletleriniň ösüşine nähili täsir görkezdi?
2. 1920-nji ýylda Latyn Amerikasynyň döwletlerinde nähili syýasy gurluşlar şekillendi? Jemgyýetde awtoritar we diktatorlyk režimler üçin nähili esaslar bardy?
3. 1920-nji ýylda Latyn Amerikasynyň döwletlerinde geçirilen reformaçylyk nähili ugurlarda alyp baryldy? Argentinadaky I.Irigoýeniň işine baha beriň.
4. 1929 – 1933-nji ýyllardaky jahan ykdysady krizisi Latyn Amerikasynyň döwletlerine nähili täsir görkezdi?
5. 1930-njy ýylda ABŞ-nyň Latyn Amerikasynyň döwletlerine bolan gatnaşyklarynda nähili özgerişler bolup geçdi?

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp «Latyn Amerikasy we Karib basseýni ýurtlarynyň» atlaryny depderiňize ýazyň hemde tekstde şol döwletler bilen bagly wakalar bar bolsa düşündiriş beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Konseptual jedwel esasynda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ösüşindäki özboluşlylygy derňäň.

## 11-NJI TEMA. 1918–1939-NJY ÝYLLARDA ÝAPONIÝA

**Ykdysady we syýasy ösüşi.** XX asyryň başlarynda Ýaponiýa dünýäniň öňdebaryjy döwletlerine bakna bolup galmadyk, olara görä ýokary derejedäki ykdysady we harby ösüşe eýe bolan Aziýa regionyndaky ýeke-täk döwletdi.

**Ýaponiýada Meýdzi özgertmesi haçan bolup geçdi?**

Birinji jahan urşunyň gutarmagy Ýaponiýada birnäçe ykdysady problemalary getirip çykardy. Bu problemalar, aýratyn hem azyk-haryt önümleriniň gymmatlamagy, ýönekeý adamlaryň durmuşyna uly täsir görkezdi. Netijede närazylyklar güýçlendi.

1920-nji ýylyň ortalaryna gelip döwletde senagat agdarlyşygy bolup geçdi. 1925-nji ýylda senagat önümleriniň önümçilik derejesi 1919-njy ýyldaky derejesinden artyp gitdi. Önümçiligi konsentrasiýalamak prosesi dowam etdi. Monopolistik kapital halk hojalygynyň möhüm ugurlaryny eýeläp başlady. Agyr senagatda «Mitsubisi» we «Sumitomo» konsernleri özüniň pozisiýyasyny pugtalap aldy.

1929–1933-nji ýyllardaky jahan ykdysady krizisi ýapon ykdysadyýetine uly zyýan ýetirdi: ol parahatçylyk şertlerinde ösüşe uýgunlaşmadyk, entek örän güýçsizdi. Aýlygyň azlygy sebäpli içki bazar örän pes, daşky bazarda bolsa ýapon önümleriniň hiliniň pesligi sebäpli olar konkurensiýadaş däldiler.

Ýaponiýa hökümeti krizisden çykmagyň ýoly hökmünde ykdysadyýeti militarizasiýalamagy we agressiwligi saýlady. Ýaponiýa Hytaýy, Uzak Gündogary, soňra bolsa bütin Aziýany basyp almagy, Ýuwaş okeanynyň kenarlarynda öz agalygyny ornatmagy maksat edinýärdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Ýaponiýa.



Giiti Tanaka.

**Içki syýasy gatnaşyklar.** 1920-nji ýylda täze syýasy partiýalaryň peýda bolmagy bilen hem-de saýlawçylaryň sanynyň ýuwaş-ýuwaş artyp barýan bir näçe reformalary bilen harakterlenýär. 1925-nji ýyldan sowet-ýapon gatnaşyklary ýola goýlup, bu ykdysady arkadaşlygyň ösüşinde we ýapon goşunlaryň demirgazyk Sahalinden alyp çykyp gidilmeginde göründi. **1920-nji ýylyň** ahyryna gelip hökümetde harbylaryň roly güýçlendi we çep güýçler kowup çykaryldy. Döwletde harbylar, aýratyn hem «Ýaş ofiserler» diýip at alan radikal



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýagdaýdaky toparlaryň täsiri has güýçlendi. Olar köppartiýaly parlament sistemasyndan geçmegi, döwletde diktatura ornatmagy, daşky syýasy ekspansiýany güýçlendirmegi talap etdiler. Hökümet başlygy **general Giiti Tanaka** hem olaryň tarapynda boldy we bu 1920-nji ýylyň ahyry we 1930-njy ýylyň başlarynda «Ýaş ofiserler» tarapyndan bir näçe syýasy terrorlaryň amala aşyrylmagyna we hatda **1932-nji ýylyň maýynda** gozgalaň göterilmegine alyp geldi. Gozgalaň üstünlik gazanmady, emma Ýaponiýa «Ýaş ofiserleriň» täsiri astynda basybalyjylykly ýolundan gitdi.



**1920-nji ýyllaryň ortalary...**
**«Misubisi» we «Sumitomo»...**
**1925-nji ýyldan...** **1932-nji ýyl maý...**

Ýaponiýada emele gelen totalitar sistema özüne has awtoritar-monarhistik görnüşe eýedi. Aziýada höküm sürmek üçin giň möçberde uruş şertlerinde bu awtoritar-monarhistik režimiň täze taraplaryny özünde jemledi. Döwletiň höküm sürýän gatlaklary «täze syýasy we ykdysady sistema»ny döretmek syýasatyny yglan etdiler. «Täze syýasy sistema» diýende jemgyýetiň üstünden harby-döwlet býurokratiýasynyň pugta syýasy gözegçiligi düşünilýärdi.

Şeýlelikde Ýaponiýadaky höküm sürýän režim assa-ýuwaş totalitar haraktere eýe boldy: parlament demokratiýasynyň belgileri inkär edildi, ykdysadyýet doly döwletiň gözegçiligine geçdi, ýapon milletiniň beýikligi barasyndaky taglymlar režimiň ideologik daýanjy bolup hyzmat etdi, ilatyň goldamagyny üpjün etdi.

**Daşary syýasat.** Ýaponiýada emele gelen militaristik totalitar režim onuň agressiw daşary syýasatyny belgiläp berdi. Bu syýasat **1931-nji ýylda** Hytaýyň Manchjuriýa prowinsiýasynyň basyp alynmagyna we bu ýerde ýaponlar tarapyndan Mançjou-Go gurjak döwletiniň gurulmagyna alyp geldi. Milletler Ligasynyň bu gödek basybalyjylykly hereketine aýgytly garşy çykanlygy üçin Ýaponiýa 1933-nji ýylda bu guramadan çykdy. **1936-njy ýylyň noýabrynda** Ýaponiýa we Germaniýa **antikomintern pakty** diýip atlandyrylýan dokumente gol



Ýapon goşunlarynyň Hytaýa çozup girmegi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çekdi we 1937-nji ýylda oňa Italiýa hem goşuldy. Şeýlelikde **«Berlin – Rim – Tokio»** üçburçlygy diýip atlandyrylýan agressiw döwletleriň soýuzy emele geldi. 1937-nji ýylyň ýazynda ýaponlar Hytaýa garşy giň gerimdäki uruş hereketlerini başladylar. **1938-nji ýylda** general Fumimaro Konoenyň hökümeti döwletiň wezipesi Gündogar Aziýada täze tertip ornatmaklygyny yglan etdi.



**«Täze syýasy düzüm»... 1931-nji ýyl...**
**1936-njy ýylyň noýabrynda...**
**«Berlin – Rim – Tokio»...**

**1938-nji ýylyň iýul – awgust** aýlarynda SSSR-iň Uzak Gündogardaky Hasan kölüniň töwereginde sowet-ýapon serhet dawasy giň gerimli uruş hereketlerine aýlanyp gitdi. Aýgytly söweşlerden soňra ýaponlar SSSR-iň çäklerinden kowup çykaryldy. 1939-njy ýylyň maýynda ýaponlar Halhin-Gol derýasynyň ýanynda Mongoliýa çäklerine çozup girdiler. Sowet goşunlary goňşy mongollara kömege geldi. 1939-njy ýylyň sentýabryna çenli dowam eden uruş gerimi boýunça Hasan kölüniň töweregindäki söweşlerden ençe uludy. Bu uruş hem ýaponlaryň ýeňilmegi bilen gutardy. Şondan soňra, **1941-nji ýylyň 5-nji aprelinde** Ýaponiýa SSSR bilen neýtralitet hakynda pakta gol çekdi.



**Militarizasiýa** – jemgyýetiň ykdysady, syýasy we sosial durmuşyny harby maksatlara boýun egdirmek.

**Býurokratiýa** – halkdan aýrylan, hökümdar toparlaryň bähbitlerini goraýan administratiw dolandyryş ulgamy.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşy Ýaponiýa üçin nähili netijeler bilen gutardy?
2. Ýaponiýadaky «Ýaş ofiserler» gozgalaňy syýasy režim we daşary syýasatda nähili üýtgeşmelere alyp geldi?
3. Ýaponiýadaky totalitar režimiň özüne has taraplary nämelerden ybaratdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. Birinji jahan urşy Ýaponiýanyň ykdysady ösüşine, uruşdan soňky ykdysady krizise we 1920-nji ýylyň ortalaryndaky senagat agdarylyşygyna nähili täsir görkezdi?

5. Näme üçin Ýaponiýa daşary syýasatda agressiwlik we Ýewropadaky faşistik döwletler bilen ýakynlaşmak ýolundan bardy?

### Özbaşdak iş



Kartadan Ýaponiýanyň Hytaýa goşun girizen ýönelişini anyklaň we düşündiriş ýazyň.



Internet arkaly Ýaponiýa wirtual syýahat guraň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalary derňäň.

## 12-NJI TEMA. 1918–1939-NJY ÝYLLARDA HYTAÝ WE HINDISTAN

**Hytaý.** Birinji jahan urşy ýyllarynda Hytaý amalda Ýaponiýa doly bakna bolup galdy.

**1919-njy ýylda** Pariž konferensiýasynda Hytaý özüniň talaplary bilen gatnaşdy. Bu talaplar ýapon goşunlary tarapyndan Hytaýyň territoriýasyny basyp almaklygy togtatmak, Şandun adasyny azat etmek, Hytaýyň suwereniteti we territorial bitewiligini boýun almakdan ybaratdy. Talaplar Hytaýyň öň Günbatar döwletleri bilen gol çekmäge mejbur bolan şertnamalarynyň hem ýatyrylmagyny göz öňünde tutýardy. Günbatar döwletleri muňa razy bolmady we Hytaýa resmi ret jogaby berildi.



**«Ihetuan» gozgalaňy haçan bolup geçipdir we nähili şygar astynda geçipdir?**

Mundan gazaplanan Hytaý talyplary **1919-njy ýylyň 4-nji maý** güni Pekinde demonstrasiýa başladylar. Talyplaryň hereketleri bütin Hytaýy lerzana saldy we örän uly položitel netijelere alyp geldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Sun Ýatsen.

**1920-nji ýylyň iýulynda** Pekindäki hökümet agdarylyp, häkimiýete Beýik Britaniýa we ABŞ tarapyndan goldanan U **Peýfu** geldi. Netijede 1921–1922-nji ýyllarda Waşingtonda bolup geçen konferensiýada ähli gatnaşyjy döwletler Hytaýyň suwereniteti we territorial bitewligini kepillendirdi. Ýekelenip galan Ýaponiýa Şandun welaýatyny Hytaýa gaýtaryp bermäge mejbur boldy. Umuman konferensiýa Hytaýyň halkara abraýynyň artýanlygyny aňladýardy.




Hytaý we Hindistan.

Hytaý rewolýusiýasyny gurnamakda **Sun Ýatseniň** roly örän uludy. 1921-nji ýylda ol Hytaý Respublikasynyň prezidenti wezipesine saýlandy. Emma döwletiň demirgazyk bölegi we daşary ýurt döwletleri Sun Ýatseniň hökümetini boýun almadylar. **1925-nji ýylyň martynda** Sun Ýatsen aradan çykandan soň döwleti parahatçylyk ýol bilen birleşdirmek mümkinçiligi ýoga çykdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


Çan Kaýşi.

**1920-nji ýyldaky «Beýik milli rewolýusiýa».** 1925-nji ýylyň baharynda şanhaýly buržuaziýa, talyplaryň we işçileriň wekilleri döwletdäki iňlislere garşy hereket başlady. Herekete talyplaryň asuda demonstrasiýalarynyň iňlis polisiýaçylary tarapyndan oka tutulmagy sebäp boldy. Bu watançylyk hereketi «30-njy maý hereketi» adyny aldy we Hytaýyň suwerenitetini dikeltmek şygary astynda geçdi. Rewolýusiýa Gomindan partiýasy (Milli partiýa) ýolbaşçylyk etdi. 1926-njy ýylda general Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygyndaky gomindan milli hökümeti Milli rewolýusion armiýanyň Demirgazyga ýörüşini başlap berdi. Bu ýöriş döwründe Merkezi Hytaýyň birnäçe prowinsiýalary, şol sanda, Uhan, Nankin, Nançan, Şanhaý ýaly iri şäherleri gomindançylaryň eline geçdi.



**1919-njy ýyl 4-nji maý... 1920-nji ýyl iýulda...**
**1925-nji ýyl martda... «30-njy maý hereketi»...**

Şol döwürde gomindançylar bilen kommunistleriň arasynda bölüniş bolup geçdi. Döwletde real häkimiýeti ele alan gomindançylar rewolýusiýany gutardy diýip hasaplady, kommunistler bolsa Hytaýda sosializm gurmak meýilnamasyny öňe sürdüler. Olar 1931-nji ýylda Hytaý Sowet Respublikasyny yglan etdi we Mao Szedun onuň başlygy edip saýlandy. Gomindan bilen kommunistleriň arasyndaky göreş ýigirmi ýyl dowam eden raýatlyk urşuna aýlanyp gitdi.

**Ýaponiýanyň çozuşy.** Ýaponlar 1931-nji ýylyň sentýabrynda Hytaýa degişli bolan Mançjuriýa çozup girdi, bir günde ähli iri şäherleri eýeledi. Bu serhedi goran Gomindan armiýasy döwletiň içine serpikdirip taşlandy. Çan Kaýşi hökümeti Ýaponiýanyň üstünden arz edip Milletler Ligasyna ýüz tutdy, emma halkara jemgyýetçilik oňa onça üns bermedi. Iri döwletleriň hiç biri Ýaponiýa bilen jenjelleşmek islemedi.

1932-nji ýylyň 1-nji martynda ýaponlar Mançjuriýada Mançjou-Go döwletini düzendiklerini yglan etdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**1919-njy ýylyň 4-nji maýynda hytaýly talyplar Pekinde çykyşlara başladylar.**

**1921-nji ýylda Sun Ýatsen Hytaý Respublikasynyň prezidenti wezipesine saýlandy.**

**1926-njy ýylda general Çan Kaýşi baştutanlygyndaky Gomindan milli hökümeti Milli ynkylap armiýasynyň Demirgazyga ýörüşini başlady.**

**Hindistan.** Iňlisleriň koloniýa hökümeti Birinji jahan urşy ýyllarynda Hindistana özüni-özi dolandyrmak hukugyny berjekdigini wada edipdi. Emma hind halkynyň umydy amala aşmady, Hindistanyň status ýütgemedi. Bu ýagdaý koloniýaçylyga garşy göreşiň täze döwrüni başlap berdi.



**Hindistan Milli Kongresi haçan döredilipdi?**



Mahatma Gandi.

Şäherlerde döwrebap medeniýet we senagat güýçli depginler bilen ösýän bolsa-da, hind obalarynda kasta sistemasy, taýpaçylyk we gatlaklara bölünmeklik hüküm sürýärdi. Şoňa garamazdan, jahan uruşlarynyň aralygynda Hindistan milli azatlyk hereketiniň esasy güýjüni hind daýhanlary gurady. 1920–1940-njy ýyllardaky hindleriň zorluklarsyz köpçülikleýin demonstrasiýalary gurnamakda hind halkynyň beýik perzendi **Mahatma Gandiniň** roly deňsiz boldy. Jahan uruşlarynyň aralygynda Gandi Hindistan Milli kongressi (HMK) partiýasynyň ideologik ýolbaşçysyna, halk hereketiniň öňdebaryjysyna aýlandy. Onuň işläp çykan zorluklarsyz garşylyk görkezmek taktikasy ýaragly çaknyşyklardan, millionlap adamlary ölümden saklap galdy.

Milli azatlyk göreşiniň, zorluklarsyz garşylyk görkezmegiň **gandizm** diýip atlandyrylan bu usuly Hindistanyň däplerini we daýhanlaryň psihologiýasyny çuňňur bilmeklige esaslanandyr. Bu usulda sabyr-kanagat we närazylyk, konserwatizm we rewolýusiýaçylyk ajaýyp bir görnüşde utgaşypdy. Gandizm daýhanlary, hünärmentleri, milli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

buržuaziýany birleşdirdi we gan dökmezden koloniýaçylaryň Hindistandan çykyp gitmeklerini talap etdi.



Hindi aristokratynyň maşgalasy. 1930-njy ýyllar.



**1920–1940-njy ýyllarda... Mahatma Gandi...**
**Gandizm... Hindistan Milli kongresi...**

1939-njy ýylda Ikinji jahan urşy başlanmagy we Beýik Britaniýa Germaniýanyň uruş yglan etmegi bilen Hindistanyň wise-koroly döwleti uruş ýagdaýynda diýip yglan etdi.




**1920–1940-njy ýyllarda hindileriň zor salmazdan köpçülikleýin çykyşlaryny guramakda hindi halkynyň beýik perzendi Mahatma Gandiniň roly biçak boldy.**

**1939-njy ýylda Ikinji jahan urşy başlanmagy we Beýik Britaniýa Germaniýa uruş yglan etmegi bilen Hindistan wise-koroly ýurdy uruş ýagdaýynda diýip yglan etdi.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Suwerenitet** – döwletiň içeri işler we daşary syýasatdaky doly garaşsyzlygy.

**Prowinsiýa** – käbir döwletlerde administratiw birlik, welaýat.

**Konserwatizm** – adaty gymmatlyklaryň, urp-adatlaryň, sosial we dini tertipleriň tarapdary bolan syýasy akym.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşundan soň Hytaýda başlanan talyplar hereketiniň sebäpleri nämededi we ol nähili netijelere alyp geldi?
2. 1920-nji ýyldaky «Beýik milli rewolýusiýa»nyň harakteri we özüne has taraplaryny aýdyp beriň.
3. Hytaýda raýatlyk urşunyň sebäpleri nämededi? Näme üçin XX asyryň birinji ýarymyndaky Hytaý taryhy – togtawsyz uruşlar döwri diýip aýdylýar?
4. Birinji jahan urşundan soň Hindistanda koloniýaçylyga garşy göreşiň täze döwriň başlanmagyna näme sebäp boldy?
5. Zorluklarsyz garaşsyzlyk üçin göreşmek we koloniýa hökümeti bilen arkadaşlyk etmezlik hereketi nähili netijelere alyp geldi?
6. HMK Hindistan garaşsyzlygy üçin bolan göreşde nähili rol oýnady?

## Özbaşdak iş

Kartadan 1918 – 1939-njy ýyllarda Hytaýyň taryhynda esasy orun eýelän welaýatlary tapyň we düşündiriş ýazyň.

Mahatma Gandi tarapyndan aýdylan aşakdaky pikiri derňäň we ol nähili waka gatnaşygyny bildirendigini düşündiriň: «Men öýümiň äpişgelerini we gapylaryny berk ýapyp oturyp bilmerin. Çünki oňa arassa howa girip durmaly. We şunuň ýaly-da, gapy we äpişgelerimden girýän howa tupan bolup, öýümi agdar-tüňter edip, özümi ýykyp taşlamagyny hem halamaýaryn».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 13-NJI TEMA. 1918–1939-NJY ÝYLLARDA TÜRKIÝE WE EÝRAN

Osmanlar imperiýasy Germaniýa we onuň soýuzdaşlarynyň hatarynda durup Birinji jahan urşuna gatnaşdy we ýeňlişe sezewar boldy. Imperiýanyň çäkleri okkupasiýa edildi. Antanta döwletleri Osmanlar imperiýasyna degişli ýerleri bölüp almak meýlini düzüp başladylar. Imperiýanyň özüniň çäginden daşarydaky ähli ýerleri anneksiýa edildi we 1919-njy ýylda Pariž konferensiýasynyň kararyna görä Milletler Ligasynyň mandaty astyna geçdi. Günbatar döwletleri Türkiýeniň özüniň serhetlerine göz dikip başlady. 1920-nji ýyldaky Sewr şertnamasyna görä Türkiýeniň serhetleri bir topar Ýewropa döwletleriniň arasynda bölüp alynmagy göz öňünde tutulypdy. Olaryň bihaýalarça hereketi türk halkynyň gazabyny artdyrdy. Döwletde garşylyk hereketi başlandy. Herekede general Mustafa Kemal poşa ýolbaşçylyk etdi.



**Seljuklar döwleti haýsy çäkleri öz içine alýar?**

Günbatar döwletleri tarapyndan goldap-kuwwatlanan Gresiýanyň armiýasy Türkiýe serhetlerine girizildi. Şeýlelikde Türkiýe-Gresiýa urşy başlandy. Uzak dowam eden söweşlerden soňra **1922-nji ýylyň oktýabryna** gelip M.Kemalyň goşunlary Türkiýäniň serhetlerini azat etdiler.



Mustafa Kemal Atatürk.

**1922-nji ýylyň 1-nji noýabr** güni Türkiýe Beýik Millet mejlisi sultan häkimiýetini ýatyrmak barasyndaky karary kabul etdi. Sultan Mehmed VI tagtdan agdaryldy we döwleti terk etdi. **1923-nji ýylda Lozannada** Beýik Britaniýa, Fransiýa we başga bir näçe döwletler bilen M.Kemalyň hökümeti gol çeken jemleýji şertnama görä Türkiýe özüniň suwereniteti we regional bitewligini saklap galdy.

**1923-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda** Türkiýe respublika diýip yglan edildi, M. Kemal respublikanyň prezidenti edip saýlandy. Döwletde uzagy gözläp amala aşyrylan reformalar başlandy.

Reformalaryň esasy maksady – döwleti modernizasiýa etmek, diýip yglan edildi. Bu Ýewropa siwilizasiýasynyň ähli progressiw taraplaryny kabul etmek we olary Türkiýe şertlerine uýgunlaşdyrmagy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aňladýardy. Reformalaryň birinji prinsipi dünýewilik, dini döwletden aýyrmak boldy. Arap elipbiýinden geçip, latyn elipbiýi yglan edildi. Yewropaça familiýa girizilip, Beýik millet mejlisi M.Kamola resmi «Atatürk» (türkleriň atasy) diýen ady berdi.




1920-nji ýyldaky Sewr şertnamasyna görä Türkiýäniň paýlanyşy.

1920-nji ýylda ykdysady syýasatyň esasy ugurlaryny daşary ýurtly mülkdarlardan senagat kärhanalaryny, infrastruktura obýektlerini, demir ýollary satyn almak, milli senagaty döretmek düzdi.

**1922-nji ýyl 1-nji noýabr... 1922-nji ýyl oktaýbr...**
**«Atatürk»... 1923-nji ýyl 29-njy oktýabr...**

**Daşary syýasat.** Atatürküň daşary syýasatynyň esasy wezipesi Türkiýäniň halkara abraýyny artdyrmaga gönükdirildi. **1932-nji ýylda**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Milletler Ligasyna agza bolan Türkiýe ähli döwletler bilen dostlukly gatnaşyklar ornatmaga hereket etdi.

M. Kemal Germaniýa bilen gatnaşyklara aýratyn üns berdi. Türkiýeniň daşky söwdasynyň ýarymyndan gowragy Germaniýanyň peýdasyna dogry gelýärdi. **1941-nji ýylda** Germaniýa bilen dostluk şertnamasyna gol çekdi. Türkiýe Ikinji jahan urşunda resmi taýdan bitarap bolan bolsa-da, agalyk edýän toparlaryň köpüsi Germaniýanyň tarapyndady.

**Eýran.** 1918-nji ýylyň awgustyna gelip iňlis goşunlary bütin Eýrany özüniň gözegçiligine aldy. 1919-njy ýylda gol çekilen Angliýa-Eýran şertnamasyna görä Eýran praktikada Beýik Britaniýanyň protektoratyna öwrüldi. Bu Eýranlylaryň gaharyny getirdi. Döwletiň ähli ýerlerinde tertipsizlikler we gozgalaňlar başlanyp gitdi. Wakalara armiýa aralaşyp, 1921-nji ýylyň fewralynda kazaklar polkunyň serdary polkownik Rizohan hökümeti agdaryp taşlady. **1925-nji ýylyň dekabr** aýynda çagyrylan Guramaçylyk mejlisi Rizohany täze, **Pahlawiýler neberesi**niň patyşasy diýip, yglan etdi.



**Türkmençaý şertnamasyna haçan gol çekilen we onuň mazmuny nämeden ybarat?**

M. Kemaldan görelde alyp patyşa Eýranda 1928-nji ýyldan ýewropaça eşik geýmegi yglan etdi, feodal derejeler we ýüzlenmeleriň şekilleri ýatyryldy, familiýa yglan edildi. **1935-nji ýyldan** döwletiň ady üýtgedildi: öňki Pars sözüniň ýerine Eýran diýip aýdylýan boldy. Aýal-gyzlaryň hukuklary barasynda kanun kabul edildi, olar mekdeplerde, ýokary okuw jaýlarynda okamak, döwlet edaralarynda işlemek hukugyna eýe boldy. 1935-nji ýylda perenje orap ýörmegi ýatyrmak barasynda kanun kabul edildi.

Tälim ugrunda uly ýütgeşmeler bolup geçdi. 1927–1934-nji ýyllardaky reformalar döwründe mejbury başlangyç tälimiň mugt bolmagy hem-de pully orta we ýokary tälim barasynda kanunlar kabul edildi. Täze mekdepler gurlup, okuwçylaryň sany bir näçe esse artdy. Ýokary okuw jaýlarynyň bütin başly sistemasy döredildi, şol sanda, Tehran uniwersiteti açyldy. Ýüzlerçe Eýranly ýaşlar her ýyly daşary ýurtlara, dünýäniň iň gowy universitetlerine okamaga goýberildi.

Agrar syýasatda Rizo patyşa aýgytly üýtgeşmeler etmedi. Taýpa başlyklary we başga ýer eýelerinden ýer-mülkleri, şol sanda, wakuf ýerleri tartyp alnyp, emeldarlara we ofiserlere bölüp berildi. Emma



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

daýhanlaryň ýagdaýy ýütgemedi, olar öňküsi ýaly örän ýokary ijara hakyny töläberdiler.



Eýran. 1930-njy ýyllar.



**1928-nji ýylda...**
**Tähran uniwersiteti...**
**1935-nji ýylda...**
**1927–1934-nji ýyllarda...**

Hökümet senagat sektorynyň ösüşini hem kuwwatlandyrdy. Döwlete maşyn we tehnikalary lisenziýasyz alyp gelmäge rugsat edildi, paj salgydynda ýeňillikler berildi. Döwletde iňlisleriň täsirini kemeltmek maksadynda patyşa Germaniýa bilen arkadaşlygy güýçlendirdi. Eýrana köp nemis spesialistleri we tehnikalary girip geldi.

**Daşary syýasat.** Patyşanyň daşary syýasaty SSSR bilen Günbatar döwletleriniň arasyndaky garşylyklary hasaba alyp, ökdelik bilen öz peýdalaryny saklap galmaklyga gönükdirildi.




**1923-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Türkiýe Respublika diýlip yglan edildi.**
**1922-nji ýylyň oktýabryna gelip M. Kemal goşunlary bütin Türkiýäniň çägini azat etdi.**
**Eýranda 1927–1934-nji ýyllardaky özgertmeler döwründe mugt mejbury başlangyç tälim hem-de tölegli orta we ýokary tälim barada kanunlar kabul edildi.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SSSR Ikinji jahan urşuna goşulandan soňra 1941-nji ýylyň awgustynda sowet we iňlis goşunlary Eýrana girizildi. Tagta outran Muähhid Rizo Pahlawiý 1942-nji ýylda SSSR we Beýik Britaniýa bilen şertnama gol çekdi. Ähli döwlet serhetleri uruş döwründe sowetleriň we iňlisleriň ygtyýaryna geçdi.



**Anneksiýa** – bir döwletiň çäginiň ýa-da bir böleginiň başga döwlete zorluk bilen goşup alynmagy.

**Modernizasiýa** – önümçilik, tehnika, tehnologik proses ýalylary häzirki zaman talaplara laýyklap, täzelemek prosesi.

**Infragurluş** – jemgyýet ýa-da onuň haýsy-da bolsa bir ugrunyň işini üpjün edýän edara, dolandyryş ulgamy, aragatnaşyk serişdeleri we ýaular ýalylar topumy.

**Polk** – harby bölüm.

**Çadra** – ençeme musulman ýurtlarda aýallar ýapynyp gezýän dini lybas.

**Sektor** – ykdysadyýetiň umumy häsiýetnamasy, maksatlary we wezipeleri bir-birine ýakyn ugurlardan ybarat bolan iri bölegi.

**Lisenziýa** – mölim möhlete bellenilen iş görnüşi bilen meşgullanmak üçin berilýän hukugy tassyklaýan resmi nama.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşunyň ahyry Türkiýe üçin nähili netijelere alyp geldi?
2. Mustafa Kemalyň häkimiýete gelmegi Türkiýäniň taryhynda nähili rol oýnady?
3. Mustafa Kemal Atatürkiň reformalarynyň esasy maksady nämeden ybaratdy? Atatürk daşary syýasatda nähili esasy maksatlary gözläp hereket etdi?
4. Patyşa Rizo Pahlawiýiň reformalary Eýrany döwrebap döwlete aýlandyrmakda nähili rol oýnady?
5. Eýranyň daşary syýasatynda SSSR bilen gatnaşyklary nähili orun eýeledi?
6. Türkiýe we Eýranda amala aşyrylan reformalar hakynda aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Özbaşdak iş

Kartadan peýdalanyp 1918–1939-njy ýyllarda Türkiýäniň we Eýranyň taryhyndaky wakalaryň hronologiýasyny düzüň.

Türkiýede we Eýranda amala aşyrylan özgertmeler bilen 1930-njy ýyllarda Özbegistanda geçirilen özgertmeleri deňeşdiriň. Meňzeş we tapawutly taraplaryny Wenn diagrammasynda görkeziň.

## 14-NJI TEMA. 1918–1939-NJY ÝYLLARDA AFRIKA DÖWLETLERI

Afrika kontinentini giň manyda iki sany regiona bölmek mümkin: Demirgazyk we Tropik Afrika. Afrika kontinentiniň demirgazyk bölegi arap-yslam siwilizasiýasynyň bir bölegine aýlandy. Bu çäk hemişe Yakyn Gündogara ymtylyp ýaşady we şonuň bilen Afrikanyň galan böleginden tapawutlanýar. Demirgazyk Afrikada Müsür, Alžir, Tunis, Marokko we Liwiýa ýerleşen.

**Afrikada ýerleşýän haýsy gadymky döwletleri bilýärsiňiz?**

**Müsür.** 1922-nji ýylda Beýik Britaniýa Müsüriň üstünden özüniň protektoratyny ýatyryp, onuň doly garaşsyzlygyny boýun aldy. 1923-nji ýylda kabul edilen konstitusiýa görä Müsür monarhiýa diýip yglan edildi.

**1941-nji ýylda** Müsüriň serhetlerine Germaniýanyň we Italiýanyň goşunlary girizildi.

**Alžir, Tunis we Marokko** Fransiýanyň koloniýalary bolup, Birinji jahan urşundan soň hem şu ýagdaý saklanyp galdy. Jahan uruşlarynyň aralygynda Alžirde – Farhod Abbos, Tunisde – Habib Burgiba, Marokkoda – Abdul Karimiň ýolbaşçylygynda milli-azatlyk hereketleri öjükdi. Bu hereketleri ýeňiş gazanmadyk bolsa-da, regiondaky arap halklarynyň milli we syýasy aňynyň ösmeginde uly rol oýnady.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE




Demirgazyk Afrika we Ýakyn Gündogaryň kartasy.

Ikinji jahan urşy ýyllarynda köp musulmanlar Fransiýany goldap-kuwwatlady, fransuz armiýasynyň hataryna girdi. 1940-njy ýylda Fransiýa ýeňilenden soň Alžir we Tunis Germaniýa we Italiýanyň çig mal bazasyna öwrüldi.

**Liwiýa.** Birinji jahan urşundan soň Italiýa Liwiýa birnäçe müň adamlyk goşun girizdi. Liwiýa garşylik hereketiniň otrýadlary Italiýa goşunlaryna garşy göreş alyp bardy. 1931-nji ýylda garşylyk hereketi basyp ýatyrylyp, onuň ýolbaşçylary öldürildi. Liwiýa Italiýanyň koloniýasyna aýlandyryldy.

Ikinji jahan urşy ýyllarynda Italiýa Liwiýanyň amatly strategik ýerleşişinden peýdalandy: portlar, aerodromlar, ýollar guruldy. Döwletiň territoriýasy uruş hereketleri meýdanyna aýlandy.



**1922-nji ýyl fewralda ... 1931-nji ýyl Liwiýada ...**
**Milli-azatlyk hereketleriniň öňdebaryjylary ...**

**Tropik Afrika.** Ýakyn günlere çenli köpçülik ýewropalylar Afrikanyň taryhyny äsgermezden, bu taryh umuman bolmadyk diýip hasaplaýardy. XX asyryň başlaryna çenli Afrikanyň taryhy ýewropalylaryň pikirine görä diňe gul söwdasy we ykdysady talaňçylyk bilen baglydy. **1926-njy ýylda** Milleter Ligasy tarapyndan kabul edilen **«Gulluk hakynda»** konwensiýada gulluk we gul söwdasyna taryp berlip, olar garalandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Afrikanyň Ýewropa döwleteri tarapyndan bölüp alynmagy.

Birinji jahan urşundan soňra Afrikanyň günorta we merkezi böleginde ýerleşen territoriýalar Beýik Britaniýa degişli bolup, onuň koloniýalarynda Afrikanyň umumy ilatynyň ýarymyndan köprägi ýaşaýardy.

Fransiýa Afrika kontinentiniň uly territoriýasyny eýeläp alan bolsa-da, Fransiýa koloniýalarynyň esasy bölegi Günbatar we Ekwatorial Afrikada ýerleşen we köp bölegi Sähra dogry gelýärdi.

Galan tarritoriýalary Belgiýa, Portugaliýa, Ispaniýa we Italiýa tarapyndan özara bölünip alnypdy.

**Afrikada metropoliýalar syýasatynyň özüne has taraplary.** Birinji jahan urşundan soňra Afrikada infrastruktura obýektleri: demir ýollar,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

portlar, swýaz sistemasy, şeýle hem, Ýewropa tipindäki administratiw guramalar, mekdepler, keselhanalar guruldy. Missionerlik işi arkaly hristian dini dargady. Netijede Afrikany modernizasiýalamak üçin hereketler peýda boldy, tradision jemgyýete ýewropaça elementleri girip geldi.

Ykdysatda ilatyň uly bölegi öňküsi ýaly tradision ýagdaýda güzeran geçirýärdi, oba hojalygy ilkidurmuş ýagdaýynda alyp barylýardy, ilatyň bir bölegi hünärmentçilik, awçylyk bilen meşgul bolup, yzygiderli zähmet çekmek ukybyna eýe däldi.

Sosial ugurda öňki gurluş (uly maşgala, tire, jemgyýet, taýpa), taýpa we jemgyýet ýolbaşçylarynyň öňki Iýerarhiýasy, tireleriň we taýpalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň çylşyrymly sistemasy, gulçulyk saklanyp galdy. Jemgyýetde ýerli tebip we palçylaryň abraýy heniz hem örän belentdi.

Syýasy ugurda hat-da täze syýasy institutlar peýda bolan ýerlerde hem olar öňki syýasy sistemanyň esasyna guruldy, olarda taýpa başlyklary, palçylar we şonuň ýalylar esasy rol oýnady.

Medeni ugurdaky üstünlikler köplenç diňe daşky görnüşdi: hristianlyk diňe resmiýetçilik üçin kabul edilipdi, ýerli ilatyň aňynda we hulkunda öňki ýaly tradision medeniýet we ilki durmuş düşünjeleri galdy.



**1926-njy ýylda ... 1940-njy ýylda ...**
**Afrikada infragurluş obýektleri ...**

**1920-nji ýylda** Afrikada birinji syýasy partiýa – Afrika Milli kongressi (AMK) düzüldi. Şondan soňra kontinentiň ähli çäklerinde partiýalar we profsoýuz guramalaryna meňzeş guramalar peýda boldy.



Uilýam Dýubua.

Afrika halklarynyň syýasy aktiwleşmeginde Panafrika kongressleri uly rol oýnady. Panafrika hereketi ýerli ilatyň jynsy taýdan kemsidilmegine çäk goýmak, beden jezasyny we mejbury zähmeti ýatyrmak ýaly talaplary öňe sürdüler. Bu döwürde Panafrika hereketiniň öňdebaryjy ýolbaşçylary, panafrikanizmiň «ata»lary Uilýam Dýubua we Markus Garwidi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**1926-njy ýylda Milletler Ligasy tarapyndan «Gulçulyk hakynda» konwensiýa kabul edildi.**

**1920-nji ýylda Afrika Milli kongresi (AMK) döredi.**


Markus Garwi.

1930-njy ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap Afrikada ykdysady ösüş depginleri güýçlendi. Şol bir wagtda ýerli ilaty mejbury zähmete çekmek tertibe salyndy.

1939-njy ýylda Ikinji jahan urşunyň başlanmagy bilen Afrika uruş gatnaşyjylarynyň meýilnamalarynda möhüm strategik ähmiýete eýe boldy. Ýüz müňlerçe afrikalylar Demirgazyk Afrika, Günbatar Ýewropa we başga çäklerdäki uruş hereketlarinde gatnaşdy. Afrikalylardan düzülen milli harby bölümler soňra garaşsyzlyk üçin göreşde möhüm rol oýnady.



**Siwilizasiýa** – jemgyýetçilik ösüş we maddy medeniýet derejesiniň mälim bir sosial-syýasy düzüme mahsus bolan basgançagy.

**Konwensiýa** – aýratyn mesele boýunça halkara ylalaşyk, halkara şertnama görnüşi.

**Missionerlik** – özge din wekilleriniň arasynda hristian dinini wagyz etmäge ugrukdyrylan iş.

**Iýerarhiýa** – pesden ýokary garap amal basgançagy boýunça boýun egmek tertibi.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. XX asyryň başlarynda Afrikanyň halklarynyň taryhy hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
2. 1926-njy ýylda Milletler Ligasy tarapyndan nähili mazmundaky konwensiýa kabul edildi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda Afrika kontinenti esasan haýsy döwletler tarapyndan bölünip alnypdy?

4. Ýewropalylaryň girip gelmegi bilen Afrikada modernizasiýalamak tendensiýalarynyň peýda bolmagy nämelerde göründi?

5. Ilatyň arasynda tradision galyndylaryň güýçliligi ykdysady, sosial we syýasy ugurlarda nähili göründi?

6. Afrika Milli kongressi we Panafrika hereketi hakynda nämeleri bilýärsiňiz?

### Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp Afrikanyň Ýewropa döwletleri tarapyndan basyp alnyşyny derňäň we maglumatlary depderiňize bellik ediň.



Temanyň tekstini okanda Size nätanyş bolan sözleri depderiňize ýazyň hem-de sözlükleriň kömeginde düşünjeleri derňäň.

## 15–16-NJY TEMALAR. IKINJI JAHAN URŞY WE ONUŇ NETIJELERI

**Germaniýada faşistleriň häkimiýete gelmegi we halkara gatnaşyklar.** 1933-nji ýylyň ýanwarynda Germaniýada A.Gitleriň ýolbaşçylygyndaky nasional-sosialistik işçi partiýasy häkimiýete geldi. Ol Germaniýanyň Birinji jahan urşundaky ýeňlişi üçin ar almagy özüniň öňüne maksat edip goýan uruş partiýasydy.



**Birinji we Ikinji jahan uruşlaryny getirip çykaran umumy taraplar nämelerden ybarat?**

**1938-nji ýyldaky Mýunhen ylalaşygy.** Awstriýa anşlýus edilenden soňra Germaniýa Çehoslowakiýany basyp almaga taýýarlanyp başlady. Çehoslowakiýanyň Sudet welaýatynyň ilatynyň köpçüligini



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nemis milletine degişli bolan adamlar düzýärdi. Gitler bu welaýatyň Çehoslowakiýadan alnyp, Germaniýa berilmegini talap etdi.

Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň basymy astynda Çehoslowakiýa hökümeti Germaniýanyň talabyny kanagatlandyrmaga mejbur boldy. Çehoslowakiýanyň kapitulýasiýasy **1938-nji ýylyň 29-njy sentýabr** güni Mýunhende resmileşdirildi.




Ýewropa döwletleriniň araçägi. 1939-njy ýyl 1-nji sentýabr ýagdaýy.

Mýunhen ylalaşygyndan soň iki frontda uruş alyp barmagy islemedik SSSR bilen Germaniýanyň peýdalary wagtlaýynça biri-birine laýyk geldi. Bu **1939-njy ýylyň 23-nji awgustynda** 10 ýyl möhlete



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

özara uruş etmezlik barasynda Sowet-German paktyna (Molotow – Ribbentrop pakty) gol çekilmegine alyp geldi.

**Ikinji jahan urşunyň başlanmagy.** **1939-njy ýylyň 1-nji sentýabr** güni Germaniýanyň Polşa çozup girmegi bilen Ikinji jahan urşy başlandy we **1945-nji ýylyň 2-nji sentabryna çenli** dowam etdi. Polşa kömek bermegi wada eden Beýik Britaniýa we Fransiýa 3-nji sentýabr güni Germaniýa uruş yglan etdi.

Sowet ýolbaşçylary pursatdan peýdalanyp galdy. **1939-njy ýylyň 17-nji** sentýabr güni Polşa sowet goşunlary girizildi. Germaniýa bilen SSSR-iň arasynda dostluk şertnamasyna gol çekilip, onda Polşa döwleti syýasy kartadan düýbünden öçürip taşlandy.



Nemes bombasyndan gizlenen sowet çagalary. 1941-nji ýyl, iýul.

**1939–1940-njy ýyllarda** sowet-fin urşy bolup geçdi. Sowetler örän uly ýitirmeleriň hasabyna Kareliýany Wiborg şäheri bilen bilelikde SSSR-iň sostawyna goşup aldy. Emma tiz gazanylan üstünlik we Finlýandiýany bakna döwlete aýlandyrmak meýli amala aşmady. SSSR agressiw döwlet hökmünde Milletler Ligasy sostawyndan çykaryldy. **1940-njy ýylyň martynda** SSSR Finlýandiýa bilen ylalaşyk düzmäge mejbur boldy.

**1940-njy ýylyň sentýabrynda** Germaniýanyň, Ýaponiýanyň we Italiýanyň arasynda harby arkadaşlyk barasynda ylalaşyk – Üçler paktyna gol çekildi. Tiz arada bu pakta Wengriýa, Rumyniýa, Slowakiýa we Bolgariýa hem goşuldy.

**Germaniýanyň SSSR-e çozup girmegi.** Germaniýa bilen SSSR-iň arasyndaky urşuň boljagy anyk bolup, Günbatar Ýewropanyň eýelenmegini Gitler özüniň esasy maksady – Gündogara ýörüşe taýýarlyk hökmünde garaýardy. Gitler SSSR-i ýyldyrym çaltlygy bilen derbi-dagyn etmegi göz öňünde tutan «Barbarossa» meýilnamasyny tassyklady.



Antigitler koalisiýay. Uruş döwrüniň plakaty.

**1941-nji ýylyň 22-nji iyunynda** Germaniýa SSSR-e çozup girdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Germaniýanyň hüjümi SSSR üçin duýdansyz bolmagy I. Staliniň iň uly ýalňyşlaryndan biri boldy.

Urşuň duýdansyz başlanmagy sowet awiasiýasynyň uly böleginiň howa göterilip ýetişmezinden aerodromlarda ýok edilmegine, goşuny dolandyrmak we üpjün etmek sistemasynyň yzdan çykmagyna alyp geldi.



**Ikinji jahan urşunyň sebäpleri we bahanalary...**
**1933-nji ýylyň ýanwarynda...**
**1938-nji ýyl 29-njy sentýabr...**
**1939-njy ýyl 23-nji awgustda...**
**1939-njy ýyl 1-nji sentýabr...**
**1939–1940-njy ýyllar... 1940-njy ýylyň martynda...**
**1940-nji ýyl sentýabrda...**
**1941-nji ýyl 22-nji iýunda...**

**Antigitler koalisiýanyň düzülmegi.** Germaniýa SSSR-e hüjüm başlamagy bilen Beýik Britaniýanyň baş ministri U. Çerçill we ABŞ-nyň prezidenti F.D.Ruzwelt sowetler bilen raýdaşlygyny yglan etdi.

1941-nji ýylyň awgustynda ABŞ we Beýik Britaniýa uruş wagty we ondan soňky arkadaşlyk prinsipleri barasynda deklarasiýa – **Atlantik hartiýa** gol çekdi. Bu dokumente gol çeken taraplar territorial we başga baýlyklary eýeläp almaga ymtylmazlyk, halklaryň özüniň dolandyryş şekilini erkin saýlamak hukugyny hormat etmek, zorluk ýoly bilen suwerenitetinden mahrum edilen halklaryň öz hukuklaryny diklemeklik ugrundaky hereketlerini goldamak mejburyýetini özleriniň jogapkärçiligine aldylar. **1941-nji ýylyň sentýabrynda** SSSR Atlantik hartiýanyň esasy prinsiplerini kabul etdi.

Ýuwaş okeanynda Ýaponiýanyň başlan söweş hereketleri ABŞ-nyň urşa goşulmagyny we antigitler koalisiýasynyň gutarnykly şekillenmegini tizleşdirdi.



Fronta ugratmak. Russiýa.

**1941-nji ýylyň dekabrynda** ABŞ-nyň urşa goşulmagy bilen antifaşistik koalisiýa guramaçylyk taýdan resmileşdirildi. Koalisiýa agzalary we Üçler soýuzyna garşy uruşýan başga döwletleriň hökümetleri Deklerasiýa gol çekdiler. Onda duşmanyň üstünden ýeňiş gazanmak üçin ähli mümkinçiliklerini sarplap,separat ylalaşyk düzmezlik mejburyýetleri ýüklendi, uruşdan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

soň dünýä tertibiniň Atlantik hartiýanyň prinsipleri esasynda ornadylmagy belgiläp goýuldy.

**Urşuň barşy.** ABŞ-nyň urşa goşulmagy bilen antigitleriň koalisiýa döwletleri maddy we ynsany resurslarda sözsüz üstünlik gazandy. Emma, urşuň dowamynda birden öwrülişik bolmady.1941-nji ýylyň dekabrynda nemis goşunlary Moskwanyň bosagasynda yza serpikdirildi we uruşda birinji gezek ýeňlişe sezewar boldular. Emma olaryň söweşe bolan hyjuwy entek söndirilmändi. **1942-nji ýylyň bahar-güýzünde** nemis goşunlary Wolga derýasyna we Demirgazyk Kawkaza çykdylar. Afrikada German-Italýan goşunlary heniz hem Müsüre howp salýardy, Ýaponiýa Malaýziýa, Birma, Filippin, Indoneziýany basyp aldy, ýapon goşunlary Hindistanyň we Awstraliýanyň bosagasynda durýardy.

1942-nji ýylyň noýabrynda sowet goşunlary Stalingradyň bosagalarynda garşy hüjüme geçip, Wolga derýasyna çykan German goşunlarynyň uly toparyny – 22 sany diwiziýasyny gurşap aldy we derbi-dagyn etdi. 1943-nji ýylyň fewralynda gurşap alnan nemis goşunlary boýun egdiler.



U. Çerçill, F. Ruzwelt, I. Stalin. Krym (Ýalta) konferensiýasynda. 1945-nji ýyl, fewral. (çepden).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Stalingradyň bosagasyndaky ýeňliş Üçler soýuzynyň döwletleri üçin heläkçilikli boldy. Germaniýa özüniň armiýasynyň söweşjeň ukybyny dikeltmek üçin ähli zady sarplamagy yglan etdi. Germaniýanyň zapasdaky ähli goşunlary Gündogar fronta çekildi, netijede soýuzdaşlar 1943-nji ýylyň maý aýynda Italýan-German goşunlaryny Afrikadan doly kowup çykarmagy gazandylar.

1944-nji ýylda Sowet Soýuzy öz serhetlerini doly azat etdi, sowet goşunlary Gündogar Ýewropa girip geldi. 1944-nji ýylda soýuzdaşlar Fransiýanyň demirgazyk-günbataryna goşun düşürip, Fransiýa we Belgiýany azat etdiler. Uruş Germaniýanyň özüniň serhetlerine ýetip geldi.

Faşizme garşy göreşde Italýan-German goşunlary tarapyndan zabt edilen serhetlerdäki milli watançylyk güýçleri – general de Gollyň ýolbaşçylygyndaky «Azat Fransiýa» Garşylyk hereketi, **I. B. Titonyň** ýolbaşçylygyndaky Ýugoslawiýanyň azatlyk hereketi uly rol oýnady.

Uruş ýyllarynda gitlerçilere garşy koalisiýa döwletleriniň özara gatnaşyklaryna degişli esasy meseleler SSSR, ABŞ we Beýik Britaniýa liderleriniň duşuşyklarynda çözüldi. Urşuň dowamynda şeýle duşuşyklar üç sany – Tehranda (1943-nji ýyl), Krym (Ýalta)da (1945-nji ýyl, fewral), Potsdamda (1945-nji ýyl, iýul-awgust) bolup geçdi.

**Germaniýanyň boýun egmegi.** **1945-nji ýylyň 16-njy aprelinden 2-nji maýyna çenli** Berlin operasiýasy amala aşyrylyp, şu wagt içinde Üçünji reýhiň paýtagty gurşap alyndy we şturm bilen zabt edildi. Reýhstagyň üstünde sowetleriň gyzyl baýdagy ornadyldy.

1945-nji ýylyň 8-nji maý güni Ýokary Baş komanduýuşiniň orunbasary G.K.Žukow Sowet Soýuzynyň adyndan Germaniýanyň sözsiz boýun bolanlygy barasyndaky akta gol çekdi. **9-njy maý SSSR-de «Ýeňiş güni»** diýip yglan edildi.

Uruş ýyllary SSSR-iň düzüminde bolan Özbegistan hem faşizme garşy göreşde aktiw gatnaşdy. Harby hyzmata çagyrylanlaryň bir bölegi heläk boldy, on müňlerçe adamlar biderek ýogaldy, maýyp bolup gaýtdy. Frontda gahrymançylyk görkezen ýüzlerçe özbegistanlylar Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen sylaga, orden we medallara sezewar boldular. Uruş ýyllarynda front regionlaryndan 1 mln.-dan gowrak adam Özbegistana ewakuasiýa edildi, şondan 200 müňden gowragy çagalardy. Olar özbek maşgalalarynda başpena we mähir tapdylar. Mundan başga, SSSR-iň fronta golaý regionlaryndan ýüze golaý senagat kärhanalary Özbegistana göçürip getirildi. Olar front üçin harby önümler ýetişdirip berdi. Uruş ýyllary özbek halky örän uly mertlik göreldesini görkezdiler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Atlantik hartiýa... 1941-nji ýylyň dekabrynda...**
**1942-nji ýylyň bahar-güýzünde...**
**1943-nji ýyl maý...**
**1945-nji ýylyň 16-njy aprelinden 2-nji maýa çenli...**
**1945-nji ýyl 8-nji may...**

**Ýaponiýanyň derbi-dagyn edilmegi.** 1945-nji ýylyň 6-njy awgust güni ABŞ Ýaponiýanyň Hirosima we 9-njy awgust güni Nagasaki şäherlerine atom bombalaryny taşlady. Atom bombalarynyň partlamagy netijesinde esasan parahat ilat heläk boldy.

1945-nji ýylda Sowet Soýuzy Ýaponiýa garşy urşa girdi. **1945-nji ýylyň 2-nji sentýabr** güni Ýaponiýa sözsüz boýun egýändigi hakyndaky pakta gol çekdi. **Ikinji jahan urşy gutardy.** Esasyny faşistik Germaniýa, Italiýa we militaristik Ýaponiýa düzen agressiw döwletleriň blogy derbi-dagyn edildi.

**Ikinji jahan urşunyň netijeleri.** Ikinji jahan urşy baryp alty ýyl dowam etdi we adamzada örän uly külpetler getirdi. 110 mln. adam urşa mobilizlendi. 60–65 mln. adam heläk boldy, olaryň arasynda harby gullukçylar bilen birlikde millionlarça parahat ilat hem bardy.



Faşist jenaýatçylary Nýurnberg sud prosesinde.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Birleşen Milletler Guramasynyň düzülmegi.** Antifaşist koalisiýa döwletleri uruşdan soňky dünýäniň gurluşy prinsipleri barasyndaky özüniň garaýyşlaryny Birleşen Milletler Guramasy (BMG)nyň Ustawynda beýan etdiler. BMG Ustawy birnäçe halklaryň göreşiniň mazmunyna aýlanan we Ýer ýüzündäki ähli halklaryň parahatçylyk we deňlikde ýaşamak prinsipleri bolan umumynsany gymmatlyklary yglan etdi.

**Nyurnberg we Tokio sud hadysalary.** Germaniýanyň Nyurnberg şäherinde **1945-nji ýylyň noýabryndan 1946-njy ýylyň oktýabryna çenli** faşist ýolbaşçylarynyň üstünden sud prosesi bolup geçdi. Onda Germaniýanyň esasy syýasy we harby ýolbaşçylaryna jeza çäreleri görüldi. Tribunal nasistler partiýasynyň ýolbaşçylaryny, SS, SD ýaly hüjüm otrýadlaryny we gestapony (syýasy polisiýa) jenaýatçy guramalar diýip yglan etdi.

**1946-njy ýylyň maýyndan 1948-nji ýylyň noýabryna çenli** Ýaponiýanyň paýtagty Tokio şäherinde ýapon agressiýasyndan jebir çeken döwletleriň wekillerinden düzülen Halkara harby tribunal uruşda günäkär diýip hasaplanan ýapon harby jenaýatçylarynyň üstünden höküm çykardy.




**1940-njy ýylyň sentýabrynda Germaniýa, Ýaponiýa we Italiýa arasynda harby hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk – Üçler paktyna gol çekilýär.**

**1945-nji ýylyň 2-nji sentýabr güni Ýaponiýanyň sözsüz boýun egmek baradaky paktyna gol çekilmegi bilen Ikinji jahan urşy tamamlandy.**

**Germaniýanyň Nýurnberg şäherinde 1945-nji ýylyň noýabryndan 1946-njy ýylyň oktýabryna çenli faşist ýolbaşçylarynyň üstünden sud prosesi bolup geçdi.**

Nýurnberg we Tokio sud prosesleri agressiwlik, uruşlar hem-de parahatçylyk, ynsanyýete garşy başga jenaýatlarda günäkär bolan baş harby jenaýatçylaryň üstünden geçirilen taryhda birinji sud prosesi boldy. Agressiýany, harby jenaýatlary, parahat ilata görä edilen terrory garalaýan sud kararlary diňe baş harby jenaýarçylary jezalap galmazdan, eýsem halkara hukugyň möhüm çeşmesine aýlandy. Taryhda birinji gezek döwletiň, hökümetiň ýa-da armiýanyň başlygy diýen at adamlary jenaýat jogapkärçiliginden azat etmezligi halkara möçberde boýun alyndy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kapitulasiýa** – uruşýan taraplardan biriniň uruş hereketlerini, ýaragly garşylyk görkezmegi dowam etdirmegi ýatyrmagy.

**Koalisiýa** – umumy maksada ýetmek üçin käbir şahslaryň, syýasy partiýalaryň, döwletleriň arasynda düzülýän ýaranlyk.

**Hartiýa** – mejbury güýje eýe bolmadyk halkara aktyň umumy kadalaryny we maksatlaryny aňladýan resminama.

**Deklarasiýa** – nähilidir möhüm maglumatlar beýan edilen käbir resmi namalaryň atlandyrylyşy.

**Diwiziýa** – iri harby bölüm.

**Ewakuasiýa** – uruş hereketleri bolýan çäkden adamlary, edaralary, kärhanalary we başgalary uruş bolmaýan howpsuz çäklere göçürilmegi.

**Gestapo** – döwlet gizlin polisiýasy; faşistler Germaniýasynda özgeçe pikirlenýänlere garşy göreşmek üçin düzülen güýç ulanyjy gurama.

**Tribunal** – adatdan daşary, köp ýagdaýlarda harby sud.

**Anşlýus** – goşup almak, ýaranlyk. Taryhda, esasan, 1938-nji ýylda Germaniýanyň Awstriýany goşup almagyna görä ulanyldy.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Faşistik Germaniýanyň derbi-dagyn edilmeginde dünýä döwletleriniň orny nähili?
2. SSSR-iň Ýaponiýa garşy urşa goşulmagy Ikinji jahan urşunyň gutarmagynda nähili rol oýnady? Hirosima we Nagasaki şäherlerine taşlanan atom bombalary urşuň gutarmagyna çözüji täsir görkezdimi?
3. Ikinji jahan urşunyň esasy netijeleri hakynda aýdyp beriň.
4. Urşuň netijeleri ondan soňky on ýylda jahanyň ösüşiniň nähili ugruny belläp berdi?
5. BMG-nyň düzülmegi uruşdan soň dünýäde parahatçylygy saklamakda nähili rol oýnady?
6. Nýurnberg we Tokio şäherlerinde geçirilen halkara sudlarynyň kararlary nähili syýasy we taryhy ähmiýete eýe boldy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özbaşdak iş**

Kartadan Ikinji jahan urşy başlanmagynyň öňüsyrasynda Ýewropa döwletleriniň çägi barada düşündiriş ýazyň.

Ötkir Haşimowyň «Depderiň polýasyndaky bitikler» kitabyndan alnan aşakdaky bölegi okaň we depderiňize tema bilen baglamak bilen esse ýazyň: «Uruşda ýeňiji we bagtly patyşa, ýeňiji we bagtly goşun, ýeňiji we bagtly döwlet, ýeňiji we bagtly düzüm bolmagy mümkin. Emma ýeňiji we bagtly adam bolmaýar. Sebäbi, uruş adamy adam öldürmäge mejbur edýär. Adam öldüren adam bolsa hiç haçan bagtly bolmaýar».

Said Ahmediň «Ufk (Gözýetim)» romanynyň «Hijran günlerinde» diýlip atlandyrylan bölegini okaň we «Döwür bilen dialog» temasynda düzme ýazyň.

## 17-NJI TEMA. IKINJI JAHAN URŞUNDAN SOŇKY HALKARA GATNAŞYKLAR: «SOWUK URUŞ»YŇ BAŞLANMAGY

Antigitler koalisiýa agzalary uruşda ýeňiş gazanyp,ynsanyýet siwilizasiýasynyň taryhynda täze sahypany açanda, bu sahypa nämeler ýazyljakdygyny, onuň mazmunynyň nähili boljakdygyny entek hiç kim aýdyp bilmezdi. Emma bar-ýogy 30 ýylyň içinde ynsanyýet taryhyndaky iň gazaply iki sany urşa dogrydan-dogry şaýat bolan dünýä halklaryny asuda ýaşamak islegi, parahat ösmek arzuwy birleşdirip durýardy.

**Birinji jahan urşundan soň halkara gatnaşyklar haýsy şertnamalar esasynda tertibe salnypdy?**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Sowuk uruş»yň başlanmagy.** Dünýäniň çäklerini gaýtadan belgiläp almak üçin alyp barlan iki sany jahan uruşlaryndan soňra dünýädäki güýçleriň arasynda uly özgerişler bolup geçdi. Günbataryň liberal-demokratik döwletleri bilen SSSR-iň arasynda garşylyklar güýçlendi. Uruşdan soňra ABŞ-nyň sowet-Amerika gatnaşyklarynyň taryhynda birinji gezek SSSR-e garşy ýadro ýaraglaryny ulanmagy mümkinligi bilen howp saldy. Işden boşan bolsa-da uruş ýyllary uly abraý gazanan U.Çerçill **1946-njy ýylyň martynda** ABŞ-nyň Fulton şäherinde Westminster kolležiniň diňleýjileriniň öňünde söze çykyp, ABŞ-a «parahatçylyk söýüji halklaryň sowet agressiýa»syna garşy göreşinde ýolbaşçylyk etmegi teklip etdi. U. Çerçilliň şu sözünde ulanan «demir perde» termini uzak wagt Günbatar bilen Gündogaryň arasyndaky serhet simwoly bolup galdy.

**1947-nji ýylyň iýun aýynda** ABŞ-nyň döwlet geňeşçisi J.Marşall Ýewropa döwletlerine uruşda çeken zyýanlaryny gaplamak üçin kömek bermek ideýasyny öňe sürdi. Sowet diplomatiýasy «Marşallyň meýilnama»syny inkär etdi. Sowetler «Marşallyň meýilnama»syny SSSR-iň Gündogar Ýewropadaky täsirine nobatdaky howp, Amerika kapitalynyň Ýewropany eýelemek üçin hereketi, diýip bahalady. Wakalaryň soňky ösüşi bu bahanyň dogry däldigini görkezdi. Ýewropanyň iki topara, bir tarapdan, «Marşallyň meýilnama»syny kabul eden we ABŞ-y bilen ýakynlaşmak ýoluny saýlan döwletler, ikinji tarapdan, ösüşiň sosialistik ýoluny we SSSR bilen arkadaşlygy saýlap alan döwletlere bölünmegi örän uzak dowam eden gapma-garşylygy başlap berdi. Ýewropa regionynda, soň bolsa bütin dünýä möçberinde biri-birine gapma-garşy duran harby-syýasy we ykdysady soýuzlar sistemasy şekillendi. Dünýäniň iň uly döwletleri – ABŞ we SSSR bu soýuzlaryň merkezlerine aýlandy.

**1949-njy ýylyň ýanwarynda** SSSR we Gündogar Ýewropanyň köpçülik döwletleri ykdysady soýuz – Özara Ykdysady Kömek Geňeşi (ÖYKG) düzülenligini yglan etdiler. Öz nobatynda Günbatar döwletleri **1949-njy ýylyň aprelinde** Demirgazyk Atlantika Şertnamasy guramasy (NATO) diýip atlandyrylýan harby-syýasy guramasyny düzdüler. NATO jogap hökmünde **1955-nji ýylda** SSSR we Gündogar Ýewropa döwletleriniň harby-syýasy soýuzy – **Warşawa Şertnamasy Guramasy** düzüldi.



**U. Çerchilliň nutkunyň düýp mazmuny...**
**«Marşall plany»...** **1949-njy ýyl ýanwarda...**
**1949-njy ýyl aprelde...** **1955-nji ýylda...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



ABŞ we SSSR: dünýäni bölmek üçin göreş. Karikatura.

**Kolonial sistemanyň ýykylmagy.** Kolonial sistemanyň ýykylmagy we täze, garaşsyz döwletleriň düzülmegi jahanyň ösüşindäki iki polýusly sistema berlen güýçli zarba boldy. 1950-nji ýylda bu döwletler özüne has ösüş ýoluny saýlamak üçin halkara meýdana çykdylar we soňra «üçünji dünýä döwletleri» adyny aldylar. Bu ýagdaý goşulmazlyk hereketiniň peýda bolmagy üçin esas döretdi.

Täze döwletleriň köpçüligi özüniň ösüş ýoluny SSSR bilen hem, ABŞ bilen hem pugta baglamagy islemediler. Soň bu tendensiýa has-da ösdi: Iosif Broz Tito, Jawoharlal Nýeru, Jemal Abdul Nosyryň inisiýatiwasyna görä koloniýaçylykdan azat bolan döwletler **1961-nji ýylda Goşulmazlyk hereketini** düzdüler.

**1970–1980-nji ýyllardaky halkara gatnaşyklar.** 1970-nji ýylda halkara gatnaşyklardaky ýitilik az kem ýumşady. 1972-nji ýylda SSSR bilen ABŞ-nyň arasynda strategik ýaraglary çäklemek boýunça birinji şertnama **(SÝÇ-1)** we **1975-nji ýylda** Ýewropada Howpsuzlyk we arkadaşlyk geňeşiniň Jemleýji aktyna gol çekildi. Bu dokument şertnama däldi, emma uly ahlaky-syýasy ähmiýete eýe boldy, sebäbi ol halkara gatnaşyklarda täze ösüş normalaryny ornatdy. Şeýle ýagdaýda **1979-njy ýylda** SSSR we ABŞ-nyň arasynda **SÝÇ-2** şertnamasyna gol çekildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1979-njy ýylyň dekabrynda** Owganystana sowet goşunlary girizildi we halkara gatnaşyklar ýene-de ýitileşip başlady. Bu ýitileşigi ýumşatmak, iki tarapy hem kanagatlandyrýan gatnaşyklar şekilini tapmak üçin ilkinji hereketler SSSR we ABŞ-nyň liderleri M.S.Gorbaçew we R. Reýganyň **1980-nji ýylda** Ženewa we Reýkýawikdäki duşuşyklarynda başlandy. Bu duşuşyklar bir şertnama gol çekilmegi bilen jemlenmedik bolsa-da, iki tarapyň hem ynsanyýeti ýadro urşunyň howpundan halas etmäge bolan ymtylyşyny aňladýar.




Dünýäniň kapitalistik we sosialistik döwletlere bölünmegi. XX asyryň 80-nji ýyllary.

YATDA SAKLAŇ

**1949-njy ýylyň ýanwarynda Özara Ykdysady Kömek Geňeşi (ÖYKG) düzüldi.**

**1949-njy ýylyň aprelinde Demirgazyk Atlantika Şertnamasy guramasy (NATO) diýlip atlandyrylýan harby-syýasy ýaranlyk döredildi.**

**1955-nji ýylda SSSR we Gündogar Ýewropa döwletleriniň harby-syýasy bileleşigi – Warşawa Şertnamasy Guramasy düzüldi.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1980-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap tä 1990-njy ýyllaryň başlaryna çenli halkara gatnaşyklarda aktiwlik we ýumşaklyk döwri boldy.



**Marşall plany** – Ikinji jahan urşundan soň ABŞ Döwlet kätibi Jorj Marşall tarapyndan Ýewropa ýurtlaryny dikeltmek boýunça teklip edilen plan.

**NATO** – Demirgazyk Atlantika şertnamasy guramasy. Käbir Ýewropa we Demirgazyk Amerika döwletleri tarapyndan Ikinji jahan urşundan soň düzülenn harby-syýasy bileleşik.

**Warşawa Şertnamasy Guramasy** – Ikinji jahan urşundan soň SSSR we Gündogar Ýewropadaky sosialistik döwletler tarapyndan düzülen harby-syýasy bileleşik.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Uruşdan soňra SSSR we ABŞ-nyň arasyndaky esasy garşylyklar nämelerden ybaratdy?
2. «Marşall meýilnamasy» we ABŞ bilen SSSR-iň Ýewropadaky ykdysady konkurensiýasy nähili netijelere alyp geldi?
3. 1970 – 1980-nji ýyllarda halkara gatnaşyklardaky esasy wakalar nämelerden ybaratdy? ABŞ we SSSR-iň arasynda gol çekilen şertnamalar jahanda parahatçylygy saklamakda nähili rol oýnady?
4. «Sowuk uruş»y gutaran täzeçe syýasy aňyýetiň esasy prinsipleri nämelerden ybaratdy?

## Özbaşdak iş



Kartadan dünýäniň kapitalistik we sosialistik lagerlerine degişli döwletleriň sanawyny düzüň we düşündiriş ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ötkir Haşimowyň «Depder polýasyndaky bitikler» kitabyndan alnan «Uruş bilen bäş günde bitýän mesele parahatçylyk bilen bäş ýylda bitse, ikinji ýoly saýlamaly!» diýen jümläni üns bilen okaň we depderiňize tema bilen baglylykda esaslanan esse ýazyň.

n.ziyouz.com saýtyndan Ernest Hemingueýiň «Hoş gal, ýarag!» romanyny göçürip alyň, okaň we özbaşdak ýagdaýda «Parahatçylyk» temasynda bäş hatardan ybarat goşgy (sinkweýn) düzüň.

## 18-NJI TEMA. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY

Ikinji jahan urşundan soň başga ösen döwletlere garanda ABŞ üçin örän amatly şert emele geldi. Peýda bolan amatly mümkinçiliklerden peýdalanan ABŞ täze bazarlary eýeläp aldy. Harytlary eksport etmegi, ondan hem köpräk ylmy-tehnik mümkinçiligini artdyrdy. ABŞ Günbatar dünýäsiniň syýasy, ykdysady we harby öňdebaryjysyna aýlandy.

**Birinji jahan urşundan soňky halkara gatnaşyklarda ABŞ nädip möhüm orun tutup başlady?**

**Ykdysady ösüş.** Uruşdan soňky ýyllarda ilkinji gezek ABŞ-da harby önümçiligiň **konwersiýasy** amala aşyryldy. 1940-njy ýyllaryň ahyryndan başlap berkarar we dyngysyz ösmek ABŞ-nyň ykdysady sistemasynyň özüne has tarapy bolup galdy. 1950-nji ýylda ABŞ-nyň ykdysadyýeti başga Günbatar döwletleriniň ykdysadyýetine görä haýal ösmegine garamazdan, ol ähli görkezijiler boýunça ykdysady taýdan öňdebaryjy bolup galyberdi.

**1960-njy ýylda** prezidentler **Jon Kennedi we Lindon Jonson** administratiw ykdysady ösmegi jedelleşdirmäge hereket etdiler. Önümçi-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Jon Kennedi.

ligi köpçülikleýin awtomatlaşdyrmak amala aşyryldy. Ykdysadyň energetika, elektronika we himiýa senagaty, awtomatlaşdyrmak we arabaglanyşyk serişdeleri, dürli enjamlar önümçilikde öňdebaryjy ugurlara aýlandy.

**1970-nji ýylyň** başyna gelip ykdysady ösmek depginleri peseldi. Amerikanyň walýutasyna bolan ynamsyzlyk güýçlendi. Günbatar döwletleri çynlakaý ykdysady krizisi başyndan geçirdi. Bu krizis başga ösen döwletlere garanda ABŞ-da örän agyr geçdi.



Ronald Reýgan.

**1980-nji ýyldaky** prezident saýlawynda ýeňiş gazanan **Ronald Reýganyň** administrasiýasy krizisden çykmak ýollaryny tapmaga hereket edip, döwletiň ykdysadyýete aralaşmagyny çäklendirdi, maýa goýumlaryny girizmek üçin uly salgyt ýeňilliklerini yglan etdi. Hususy inisiatiwa goldap-kuwwatlandy. Bu we başga bir näçe çäreler **«Reýganomika»** adyny aldy. «Reýganomika» ABŞ üçin gowy netijeleri alyp geldi. Inflýasiýa peseldi, işsizlik kemeldi, ulanylýan enjamlara talap artdy. Daşary ýurt kapitalynyň girip gelmegi ençe güýçlendi.



**1940-njy ýyllaryň ahyryndan ...**
**1960-njy ýyllarda prezidentler J. Kennedi we L. Jonson ...**
**1980-nji ýyl ...**

**1990-ýylyň başynda** ABŞ-nyň ykdysadyýetinde gysga möhletli resessiýa bolup geçdi. Ösüş templeriniň peselmegi hojalygyň ähli pudaklaryny gurşap aldy.

**Syýasy ösüş.** 1940-njy ýylyň ahyry – 1950-nji ýylyň başy ABŞ-da syýasy reaksiýanyň güýçlenmegi bilen harakterlenýär. Bu köp tarapdan başlanan «sowuk uruş» bilen baglydy. **1952-nji ýyldaky** saýlawlarda respublikaçylar partiýasyndan kandidatura **Duaýt Eýzenhauýer** ýeňiş gazandy. ABŞ hökümetini onuň dolandyran ilkinji ýyllarynda reaksiýa has-da güýçlendi. Döwletde **makkartizm** güýçlendi. Sena-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tor Jozef Makkarti döwlet organlaryndaky içalylary we kommunistleri anyklamak üçin barlaglar alyp bardy. J.Makkartiniň işini birnäçe reaksion guramalar goldady.



Amerikanyň Birleşen Ştatlary.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Martin Lýuter King.

1960-njy ýylda raýatlaryň deňligi üçin hereket özüniň iň ýokary derejesine ýetdi. Birnäçe ýerlerde gara tenlileriň gozgalaňlary bolup geçdi. Muňa garşy sag hereketiň wekilleri syýasy ganhorlygy amala aşyryp başladylar. **1963-nji ýylda** ABŞ-nyň prezidenti **Jon Kennedi, 1968-nji ýylda** gara tenlileriň deňhukuklylygy üçin hereketiň iň meşhur işgäri, Nobel parahatçylyk sylagynyň laureaty, ruhany **Martin Lýuter King** öldürildi. 1960-njy ýyldaky raýatlaryň hukuklary üçin hereketleriň köpçülikleýin sosial närazyçylyk hereketleri bilen bir wagta dogry gelmegi onuň özüne has taraplarynyň biridi. Bu hereketiň wekilleri aýratyn hem ABŞ-nyň Wetnamda alyp barýan urşuna garşy güýçli närazyçylyk demonstasiýalaryny amala aşyrdy. Şeylelikde, 1960-njy ýyl sosial-syýasy öwrülişikler döwri boldy.



**1952-nji ýylda...** **J. Makkarti işi...**
**1963-nji ýyl...** **Martin Lýuter King...**

Respublikaçylaryň häkimiýete gaýtmagy Amerika jemgyýetine doly durnuklylyk alyp gelmedi. Demokratlar partiýasynyň Uotergeýt myhmanhanasyndaky saýlaw kompaniýasynyň ştabyna respublikaçylaryň wekilleri tarapyndan gizlin eşidiş enjamlarynyň ornadylmagy **«Uotergeýt işi»** atly syýasy dawalara aýlanyp, prezident **Riçard Niksonyň** impiçmentine (wezipesinden boşamagyna) alyp geldi. Häkimiýetiň ýokary gatlagynda korrupsiýa köpeldi. Bularyň ählisi ýerine ýetiriji we kanunçylyk häkimiýetine bolan amerikalylaryň ynamyny söndürdi.

1980-nji ýyl – 1990-njy ýylyň başlary **neokonserwatizm** taglymynyň dabaralanýan döwri boldy. Bu ýyllarda ABŞ içki ösüşünde hem, halkara meýdanda hem uly üstünlikleri gazandy.

**Daşary syýasat.** Jahanda öňdebaryjylygy eýeläp alan ABŞ Ikinji jahan urşundan soňky ilkinji ýyllarda iki sany prinsipiň uýgunlygyna esaslanan aktiw Daşary syýasat alyp bardy. Birinjiden, ABŞ zorluk bilen özlerine makul bolmadyk özgerişlere garşylyk etdi. Ikinjiden, garşylyk etmek mümkin bolmadyk ýagdaýlarda olara uýgunlaşyp, bu



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

özgerişlerden netije çykarmaga ymtyldy. Jahanda özüniň gegemonlygyny ornatmaga urunýan ABŞ, ýer ýüzüniň ähli regionlarynda halkara gatnaşyklara aktiw gatnaşdy. Köp gezek özüniň peýdasy üçin Günbatar demokratiýasyny goramak bahanasynda başga döwletlere garşy harby güýçden hem peýdalandy. Meselem, **1965–1973-nji ýyllarda** ABŞ Wetnamda aktiw uruş hereketlerini alyp bardy.




**1968-nji ýyl Memfisde Martin Lýuter King öldürildi.**

**1952-nji ýyl ABŞ-da prezident saýlawlarynda respublikaçylar partiýasyndan dalaşgär D. Eýzenhauer ýeňiji boldy.**

**1990-njy ýyllaryň başynda ABŞ ykdysadyýetinde gysga möhletleýin resessiýa bolypdyr.**

SSSR-i özüniň esasy ideologik, syýasy we harby garşydaşy diýip hasaplaýan ABŞ «sowuk uruş» ýyllarynda uzak wagt SSSR-e we onuň soýuzdaşlaryna garşy hereket edip, birnäçe ykdysady, syýasy we harby soýuzlary düzdi.

SSSR-de M.S.Gorbaçewiň ýolbaşçylygynda täze syýasy ýolbaşçylygyň häkimiýete gelmegi bilen sowet-Amerika gatnaşyklarynda möhüm pložitel özgerişler başlandy. Aýratyn hem Strategik hüjüm ýaraglaryny çäklendirmek we gysgaltmak barasyndaky şertnama möhüm ähmiýete eýe boldy. Başga birnäçe ugurlarda hem sowet-Amerika gatnaşyklary gowulandy. Şeýle ýagdaý 1991-nji ýylda SSSR dargap gidýänçä dowam etdi.



**Inflýasiýa** – kagyz puluň hümmetsizlenmegi.

**Resessiýa** (çekinme) – bu adalga ykdysadyýetde önümçiligiň başgalardan aram peselmegini ýa-da ykdysady ösüş depginleriniň haýallaşmagyny aňladýar.

**Gegemon** (ýolbaşçylyk, hökümdarlyk) – hökümdar bolmaga, başga döwletleriň we halklaryň üstünden hökümdarlyk etmek üçin ymtylmaga esaslanýan syýasat.

**Konwersiýa** (öwürmek, özgertmek) – harby senagat kompleksi kärhanalaryny halk sarp edýän harytlary öndürmäge geçirmek. Uruşdan soň senagaty parahatçylyk döwrüne laýyklap gaýtadan gurmak.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Uruşdan soň ABŞ-nyň ykdysady ösüşiniň özüne has taraplary barasynda aýdyp beriň.
2. ABŞ-da makkartizm syýasaty nämä gönükdirilipdi?
3. Prezident R.Nikson nähili reformalary amala aşyrdy?
4. «Reýganomika» näme we R.Reýgan döwründäki ykdysady ösüşiň sebäpleri nämededi?
5. Ikinji jahan urşundan soňra ABŞ-nyň Daşary syýasaty nähili esasy prinsiplere daýandy?
6. XX asyryň 80-nji ýyllarynda Sowet Soýuzy we ABŞ-nyň gatnaşyklary hakynda nämeleri bilýärsiňiz?

## Özbaşdak iş



Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň syýasy kartasy bilen tanyşyň we taryhy wakalar bilen baglylykda düşündiriş ýazyň.



Tema degişli esasy düşünjeleri sözlügiň kömeginde iňlis diline terjime ediň we depderiňize ýazyň.



n.ziyouz.com saýtyndan Teodor Draýzeriň «Amerika pajygasy» romanyny göçürip alyň we okaň hem-de özbaşdak ýagdaýda «Amerika» temasynda bäş hatarly goşgy (sinkweýn) düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 19 – 20-NJI TEMALAR. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA SOWET SOÝUZY

**Uruşdan soň SSSR-de totalitar sistemanyň güýçlenmegi.** Sowet halklaryna örän uly külpet alyp gelen Ikinji jahan urşy gutardy. Uruşda 27 mln. sowet raýatlary heläk boldy, 12,5 mln.adam maýyp bolup galdy, döwlet örän uly maddy zyýan gördi.

Halkara möçberde SSSR-iň rolunyň aýgytly ösmegine, onuň dünýäniň gudratly döwletlerinden birine aýlanmagyna garamazdan, uruş sowet halky üçin örän gymmada düşdi. Şeýle köp ýerler weýran edildi, hat-da olary dikeltmek bir näçe on ýyllara uzalmagy mümkündi. Her bir sowet maşgalasy diýen ýaly ýakynlaryndan aýrylypdy.



**Birinji jahan urşundan soň Sowet Soýusy ýurduň içerki syýasy durmuşynda nähili özgertmeleri amala aşyrdy?**

«Marşall meýilnamasy» boýunça ABŞ-dan kömek alan Günbatar döwletlerinden tapawutlylykda SSSR ykdysadyýetini doly içki resurslaryň hasabyna, özüniň güýji bilen dikeltdi. Sowet adamlarynyň merdana zähmeti sebäpli weýran bolan zawodlar, şäherler gaýtadan guruldy, infrastruktura diklendi. Halkyň zähmete bolan hyjuwy belent bolup, olar perzentleri üçin parahat we parlak durmuşy üpjün etmek ugrunda ähli kynçylyklara taýýardy.

Örän uly syýasy-administratiw basym, ýeňil senagat we oba hojalygyny talamaklygyň hasabyna hem-de zähmetkeş köpçüliginiň inisiatiwasyny ideologik höweslendirmek sebäpli 1950-nji ýylda senagat önümçiliginiň möçberi uruşdan öňki derejesinden geçip gitdi.



Nikita Hruşew

**«Ýumşaklyk»** döwri. **1953-nji ýylyň 5-nji mart** güni I.Stalin aradan çykdy. Staliniň ölüminden soňra häkimiýet üçin göreşde **Nikita Hruşew** ýeňip çykdy.

N.Hruşewiň häkimiýetde duran ýyllary (1953–1964) taryhda **«ýumşaklyk»** döwri diýen at aldy. Bu döwürde sowet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

totalitar gurluşygyny reforma etmek boýunça birnäçe işler amala aşyryldy. Ykdysady ugurda sowet döwletiniň taryhynda birinji gezek ýeňil senagatyň, halka zerur bolan azyk önümlerini öndürmegiň ähmiýetliligi belgilendi. Halka zerur bolan harytlary öndürmek köpeldi, öý-jaý gurluşygy ösdi, aýlyklar artdyryldy. Azyk-haryt problemasyny çözmek üçin oba-hojalygyndaky salgydy peseltmek, karzlardan geçmek, kolhozçylaryň mellek ýerlerini giňeltmek, oba-hojalyk önümlerine döwlet haryt bahalaryny we kolhoz bazarynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, şeýle hem, oba tehnika ýetirip bermek üçin kapital serişdelerini köpeltmek göz öňünde tutulypdy. Gazagystan, Sibir we Wolga kenarlaryndaky tarp ýerleri özleşdirmek galla ýetişdirmegi çalt ösdürmegiň möhüm faktory hökmünde garaldy. Netijede 1950-nji ýylyň ikinji ýarymynda oba-hojalygy önümlerini öndürmek aýgytly ösüp, kolhozlaryň pul girdejileri 3 esseden köpräk artdy. Jemgyýeti syýasy liberallaşdyrmak hem başlandy. 1956-njy ýylyň fewralynda KPSS-iň XX gurultaýynda N.Hruşew «Şahsa sygynmak we onuň netijeleri barasynda» doklad bilen çykyş etdi. Bu doklad özüniň ähli kemçiliklerine garamazdan, sowet totalitar döwletiniň harakterini, Stalin we onuň ýoldaşlarynyň amala aşyran jenaýatlaryny açyp taşlady, şahsa sygynmagyň ähmiýeti we möçberini aňlamak prosesini başlap berdi. Jemgyýetde açykdan-açyk bolmasa-da, bu problemalar giň möçberde derňelip başlandy. Stalin döwründe repressiýa gurbanlaryny aklamak prosesi giň gerim aldy. Şol bir wagtda, XX gurultaý halkara kommunistik hereketiň krizisini başlap berdi we sosialistik sistema ahyryna çenli bu krizisden çykyp bilmedi.

Şeýlelikde, 1950-nji ýyllaryň ortalaryna gelip döwletde bar bolan totalitar gurluşyk birneme liberallaşdyryldy. Emma bu hereketler geçiş döwrüne has haraktere eýe boldy.

1958-nji ýylyň martynda N.Hruşew KPSS MK-niň Birinji sekretary wezipesine SSSR Ministrler Sowetiniň Başlygy wezipesini hem goşup aldy. Şeýlelikde N.Hruşew döwletde ýeke-täk lidere aýlandy. I. Staliniň ölüminden soňra başlanan döwlet durmuşyny demokratizasiýalamak prosesi hem wagtlaýynça togtadyldy.

1950-nji ýylyň ahyryna gelip oba hojalyk önümlerini öndürmegiň ösüş depginleri ençe peseldi.Netijede azyk önümleriniň gytçylygy emele gelip, SSSR gitdigiçe daşardan köpräk galla satyn almaga mejbur boldy. Oba ilaty, birinji nobatda ýaşlaryň şäherlere göçüp gitmegi güýçlendi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Mylaýymlyk» döwrüniň ýaşlary.

**Global krizis ugrunda: SSSR 1964–1985-nji ýyllarda.** Döwletdäki ýagdaý N.Hruşewiň abraýyny düşürdi. 1964-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen KPSS MK-niň Plenumy ony birnäçe kemçiliklerde günäläp, wezipesinden azat etdi. N.Hruşewiň ýerine KPSS MK Birinji sekretary edip Leonid Brežnew, SSSR-iň Ministrler Sowetiniň Başlygy edip Alekseý Kosigin saýlandy.

L.Brežnew häkimiýetde duran ýyllar (1964–1982)-yň ilkinji on ýyly ykdysady reformalary dowam etdirmek we güýçli ösüş ýyllari boldy. Emma 1970-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan jemgyýetde başlanan krizis sowet döwletiniň taryhynda **«durgunlyk»** döwri adyny aldy.



**Sowet Soýuzy üçin Ikinji jahan urşy ýitgileri...**
**1953-nji ýyl 5-nji mart... 1956-njy ýyl fewralda...**

N. Hruşewden tapawutlylykda L. Brežnev özüniň häkimiýetinden örän ätiýaçlylyk bilen peýdalandy. Ol çylşyrymly problemaly meseleler bilen duş gelende gowusy hiç zat etmezligi makul görýärdi. Onda başgalaryň öwgüsine, dürli görnüşli ordenleri we medallary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Leonid Brežnew.

ýygnamaga bolan höwes güýçlidi.Ony öwmek, götergilemek prosesi 1970-nji ýyllardan başlandy we soňra gitdigiçe gülkünç görnüşe geçdi. Aýratyn hem onuň düşünip bolmaýan dokladlary ilatyň giň gatlagynyň arasynda gülki aralaş ýigrenç, beýik döwlet üçin jany agyrmak we utanç duýgusyny oýardy.

1980-nji ýyllara SSSR jemgyýetiň çuň krizisi ýagdaýynda girip geldi. N. S. Hruşewiň 1980-nji ýyllarda kommunizm gurmak barasyndaky meýilnamasy derbi-dagyn bolup, adamlar indi kommunizm baradaky gürrüňlere ynanmaýan boldy. Şeýle ýagdaýda **1982-nji ýylyň 10-njy noýabrynda** L.Brežnew aradan çykdy. Ondan soň häkimiýete gelen Ýuriý Andropow we Konstantin Çernenko garry, kesel adamlar bolup, olaryň häkimiýete gelmegi gutaryp barýan sowet sistemasynyň simwolydy.

**Gaýtadan gurmak.** 1985-nji ýylyň martynda KPSS MK-niň Plenumy Mihail Gorbaçewi Baş sekretar edip saýlady. KPSS MK-niň 1985-nji ýylyň aprel aýyndaky Plenumynda döwleti sosial ykdysady ösdürmegi güýçlendirmek kursy täze ýolbaşçylaryň we ähli sowet jemgyýetiniň maksady diýip yglan edildi. Ilmy-tehniki ösüş, maşyn gurluşygyny tehniki taýdan gaýta enjamlaşdyrmak we ynsan faktoryny aktiwleşdirmek, ýagny zähmet tertibini we işçileriň inisiatiwalygyny artdyrmak bu kursuň esasy herekete getiriji güýçi hökmünde garaldy.



Mihail Gorbaçýow.

1987-nji ýylda M.Gorbaçewiň yglan eden **«gaýtadan gurmak»** syýasaty, sosial durmuşy demokratizasiýalamak we «açyklyk» syýasaty köpçüligiň syýasy aktiwligini has-da artdyrdy. Açyklyk syýasaty sebäpli özgerişleriň möhüm faktory, taglymlaryny we arzuwlaryny wagyz edýän metbugat jemgyýetiň ruhy taýdan azat bolmagyna, geçmişi we bolup geçýän hadysalary aňlamagynda örän uly rol oýnady. Şol bir wagtda, bu hadysalar sowet halklarynyň milli özlügini aňlamak, milli garaşsyzlyga ymtylmak prosesini artdyrdy, SSSRiň dargap gitmegini tizleşdirdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Daşary syýasat.** Ikinji jahan urşundaky ýeňiş SSSR-e örän uly halkara abraý alyp geldi. SSSR-iň ýolbaşçylygynda sosialistik sistema emele geldi. Bu döwürdäki sowetleriň Daşary syýasatynyň esasyny ABŞ bilen dünýäde gegemonlyk etmek üçin göreşi düzýärdi.

**1959-njy ýyldaky** rewolýusiýa netijesinde Kubada häkimiýet başyna gelen F.Kastronyň režimine garşy ABŞ-nyň alyp baran agressiw syýasaty we muňa SSSRiň aralaşmagy iki beýik döwletleriň arasyndaky ýadro urşunyň howpuny getirip çykardy. Bu howp **«Karib krizisi»** adyny aldy we diňe ABŞ-nyň prezidenti J.Kennedi bilen sowetleriň ýolbaşçysy N.Hruşewiň arasyndaky ylalaşyk dünýäni ýadro urşunyň howpundan saklap galdy.

«Ýumşaklyk» döwründe kapitalistik döwletler bilen parahatçylykly ýaşamak taglymlary öňe sürlüp, bu SSSR bilen kapitalistik döwletleriň, ilki bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklaryň hem ýumşamagyna alyp geldi.

«Durgunlyk» döwründe hem kapitalistik döwletler bilen parahatçylyk ýaryşy dowam etdirilip, bu proses 1979-njy ýylda Owganystana sowet goşunlary girýänçä dowam etdi.

«Gaýtadan gurmak» döwründe M.Gorbaçewiň öňe süren «täzeçe syýasy aňyýet» inisiatiwasy SSSR-yň ABŞ-y we ähli kapitalistik dünýä bilen gatnaşyklarynda düýpli položitel özgerişlere alyp geldi.



**1960-njy ýyllaryň ahyryndan ... 1984-nji ýyl martda ...**

**1987-nji ýylda M. Gorbaçýow ... 1991-nji ýyl 19-njy awgust ...**

**Awgust krizisi.** SSSR-iň dargamagy. 1991-nji ýylyň 19-njy awgustyna geçýän gije Adatdan daşary ýagdaý döwlet komiteti (GKÇP)niň düzülenligi barasynda yglan edilip, oňa SSSR-iň wise prezidenti, baş ministri ýaly ýokary wezipeli adamlar girdi. GKÇP döwletiň birnäçe çäklerinde adatdan daşary ýagdaý yglan etdi, 1977-nji ýyldaky konstitusiýa garşy iş alyp barýan häkimiýet sistemalary dargadylyp goýberildi, alternatiwdäki partiýa we hereketleriň işi togtadyldy, köpçülikleýin habar serişdeleriniň üstünden gözegçilik güýçlendi, Moskwa goşun girizildi.

GKÇP-a garşy herekete demokratik güýçler öňdebaryjylyk etdi. Olar 19-njy awgust güni Russiýa raýatlaryna ýüzlenip, GKÇP hereketleri konstitusion agdarylyşyk, onuň kararlary kanuny däl, diýip yglan edildi. 19-njy awgust güni müňlerçe Moskwalylar Russiýanyň Alyý Sowetiniň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




SSSR-iň dargamagy.

binasyny goramaklyga girişdi. Tanklarda gelýän goşuny saklamaga hereket eden birnäçe ýaşlar heläk boldy. 21-nji awgust güni Russiýanyň Alyý Sowetiniň adatdan daşary sessiýasy açyldy. 22-nji awgust güni GKÇP-yň agzalary tussag edildi. Awgust wakalaryndan soň abraýy düşüp giden KPSS-iň işi togtadyldy. Onuň mülki nasionalizasiýa edildi.




**1953-nji ýyl 5-nji mart güni I. Stalin aradan çykdy.**

**1979-njy ýylda Owganystana sowet goşunlary girizildi.**

Awgust döwlet agdarylyşygyndan soň ähli respublikalar yzly-yzyna özüniň garaşsyzlygyny yglan etdiler. **1991-nji ýylyň 8-nji dekabr** güni Minsk şäherinde Russiýanyň, Ukrainanyň, Belorussiýanyň ýolbaşçylary 1922-nji ýyldaky Soýuz şertnamasyny ýatyryp, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (SNG) düzülendigini yglan etdi. Oňa Gruz-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

iýa, Latwiýa, Litwa we Estoniýadan başga ähli öňki sowet respublikalary agza boldy. Şeýlelikde SSSR dargap gitdi.



**Sýezd** – guramalar, partiýalar, ilatyň mälim toparlarynyň wekilleriniň ýygnanyşygy, maslahat.

**Plenum** – haýsy-da bolsa bir gurama saýlanan ýolbaşçy organlary ýa-da sud agzalarynyň ýygnanyşygy. Meselem, Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudunyň plenumy.

**Korrupsiýa** – wezipeli şahs tarapyndan öz wezipesini, ygtyýarlyklaryndan kanunsyz peýdalanmak ýa-da öz wezipesinden döwlet we jemgyýet bähbitlerine ters ýagdaýda peýdalanmak, para almak we bermek.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Ikinji jahan urşy SSSR üçin nähili netijelere alyp geldi?
2. KPSS-iň XX gurultaýynda Stalin şahsyna sygynmagyň paş edilmegi sosial aňa nähili täsir görkezdi?
3. «Ýumşaklyk» döwründe SSSR-iň ykdysady ösüşinde nähili täze tendensiýalar peýda boldy?
4. «Dudgunlyk» döwrüniň sowet döwletiniň taryhyndaky roluny nähili bahalamak mumkin?
5. Sowet ýolbaşçylaryny gaýtadan gurmagy başlamaga näme mejbur etdi?
6. Näme üçin sowet jemgyýetini demokratlaşdyrmak SSSR-iň dargamagyna alyp geldi?

## Özbaşdak iş



«SSSR-iň dargamagy» kartasy esasynda garaşsyzlygy yglan eden senesine degişlilikde döwletleriň sanawyny düzüň.



«Ýadro urşy» we «Psihologik uruş» düşünjelerini deňeşdirip derňemek esasynda häzirki gündäkii maglumat wehimlerini shema görnüşinde depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Şuhrat Ergaşewiň «Erk islär köňül» kitabynyň «Durgunlyk we ösüş» diýlip atlandyrylan bölümini okaň we tekst esasynda iki bölekli gündelik düzüň.

## 21-NJI TEMA. 1946–1991-NJI ÝYLLARDA BEÝIK BRITANIÝA WE FRANSIÝA

**Beýik Britaniýa.** Beýik Britaniýa ykdysady we syýasy taýdan güýçsizlenen ýagdaýda uruşdan çykdy. Söwda flotynyň uly bölegi ýok edildi, koloniýa we dominionlaryndaky abraýyna hem zyýan ýetdi. Döwlet kem-kemden ABŞ-a bakna bolup galdy. Giň sosial özgerişler meýilnamasyny yglan eden leýboristler partiýasy uruşdan soňky ilkinji saýlawlarda ýeňiş gazandy. Özüniň meýilnamasyny durmuşda ulanyp, hökümediň ykdysadyýetinde we sosial ugurda birnäçe reformalary amala aşyrdy. Emma leýboristleriň reformasy gözlenen netijäni bermedi. Döwletiň maliýe ýagdaýy öňküsi ýaly galdy. Şeýle ykdysady we maliýe taýdan agyr şertlerde döwlet «Marşall meýilnamasy»da gatnaşmaga karar etdi. 1949-njy ýylda Beýik Britaniýa NATO agza boldy.



**Ikinji jahan urşy Beýik Britaniýa üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?**



Margaret Tetçer.

1951-nji ýylda geçirilen saýlawlarda konserwatorlar ýeňiş gazandy. U.Çerçill ýene-de baş ministr wezipesini eýeledi. Konserwatorlar Beýik Britaniýany 13 ýyl dolandyrdy. Bu döwürde ykdysady gülläp ösdürmegiň çäresi bolmady.

Netijede 1964-nji ýylda häkimiýete gelen leýboristler birnäçe reformalary amala aşyrdy. Bu ilatyň durmuş derejesine otrisatel täsir görkezdi. 1970-nji ýyla Beýik Britaniýa ykdysady ýagdaýynyň ýitileşmegi bilen girip geldi. Jahan ykdysadyýetinde onuň roly peselmegini dowam etdirdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1979-njy ýyldaky parlament saýlawlary ýiti syýasy göreşler astynda bolup geçdi.

Saýlawçylar konserwatorlara owaz berdi. **Margaret Tetçer** baş ministr boldy. Içki syýasatda esasy üns hususy telekeçiligi ösdürmeklige garadyldy. Ykdysada döwletiň aralaşmagyny kemeltmek üçin möhüm ädimler ädildi. Salgytlar kemeldildi. Inflýasiýa garşy göreş baş wezipe edip belgilendi.



**1949-njy ýyl...**
**1979-njy ýyl...**
**1951-nji ýyl...**
**Margaret Tetçer...**

1979 – 1990-njy ýyllar Beýik Britaniýa taryhynda **«Tetçer döwri»** adyny aldy. Bu döwürde M.Tetçer hökümeti Ýewropada iň köp iş orunlaryny döretdi. Umuman 1980-nji ýylda Britaniýa ykdysadyýetinde düýpli sistema özgerişleri bolup geçdi. Döwlet sektory gysgardyldy, onuň üstünligi artdyryldy.

1990-njy ýylda M.Tetçer baş ministr wezipesinden boşadyldy, onuň ýerine öň maliýe weziri wezipesinde işlän J.Meýjor geldi. J.Meýjor hökümetiň neokonserwatizm syýasatyny dowam etdirdi.




**1951-nji ýylda geçirilen saýlawlarda konserwatorlar ýeňiş gazandy. U. Çerchill ýene baş ministr wezipesini eýeledi.**

**1990-njy ýylda M. Tetçer baş ministr wezipesinden otstawka çykdy.**

**Daşary syýasatda** Beýik Britaniýa ABŞ-a daýandy, özüniň NATO-daky gatnaşygyny aktiwleşdirdi, ABŞ-nyň Hindi-Hytaýdaky agressiw syýasatyny, Günorta Afrika we Günorta Rodeziýadaky tire-taýpaçylyk režimlerini goldady. 1969-njy ýylda Demirgazyk Irlandiýa problemasy ýene-de ýitileşdi we Beýik Britaniýa ol ýere goşun alyp girdi. Britaniýa imperiýasynyň galdyklaryny saklap galmaklyga ymtylyp, **1982-nji ýylda Folklend** adalari üçin Argentina bilen uruş alyp bardy. Bu uruşda «imperiýaçylyk aňyýet»ini äşgär eden Beýik Britaniýa ýeňiş gazandy.

**Fransiýa.** Ikinji jahan urşy Fransiýa örän uly zyýan ýetirdi. 1945-nji ýylyň senagat we oba hojalyk önümleri önümçilik möçberi boýunça uruşdan öňki derejesiniň ýarymyna hem ýetmedi. Maliýe sistemasy bozulypdy. Ilatyň esasy böleginiň maddy ýagdaýy has ýamanlaşdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Günorta Atlantikadaky Folklend adalary.



**Ikinji jahan urşy Fransiýa üçin nähili netijeler bilen tamamlanypdy?**

**Dördünji respublika.** 1946-njy ýylda Fransiýanyň täze konstitusiýasy güýje girdi. Bu Ýewropadaky iň demokratik konstitusiýalardan biri boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Başga Günbatar döwletler ýaly Fransiýa hem «Marşall meýilnamasy»na goşuldy. Hojalyk güýçli depginlerde diklendi. 1950-nji ýylda ykdysady ösüş başlandy. Dördünji respublika ýyllarynda senagatyň döwrebap ugurlary peýda boldy. Emma içki syýasy we ykdysady ösüşiň çylşyrymlylygy syýasy we sosial ýagdaýyň ýitileşmegine alyp geldi. **1958-nji ýylda** Fransiýada nobatdaky syýasy krizis başlandy. Häkimiýete gelen Şarl de Goll Milli mejlisi dargadyp goýberdi. Dördünji respublika ýapyldy.


Şarl de Goll.

**Bäşinji respublika.** 1958-nji ýylyň sentýabrynda referendum geçirilip, onda fransuzlar Ş. de Gollyň ýolbaşçylygynda işläp çykylan konstitusiýany makulladylar. **1958-nji ýylyň 21-nji dekabrynda** Ş. de Goll Fransiýa prezidenti eidp saýlandy.

Fransiýanyň abraýyny ýokary götermäge ymtylan Ş. de Goll güýçli ykdysady we özbaşdak Daşary syýasata eýe bolan döwleti şekillendirmäge girişdi. Koloniýaçylygyň indi geçmişde gslsndygyna düşünen prezident 1960-njy ýylda Fransiýanyň Afrkadaky ähli koloniýalaryna diýen ýaly garaşsyzlygyny berdi.

1960-njy ýylyň ahyrynda Fransiýanyň ykdysadyýetini modernizasiýa etmek dowam etdi. Fransiýa senagat we oba hojalyk önümleriniň iri eksport edijisine aýlandy. Fransuz zähmetkeşleriniň maddy durmuş ýagdaýy hem ençe gowulandy.

Emma 1960-njy ýylyň ahyrynda Bäşinji respublikada krizis başlandy. Döwletiň gaty tertibe salmak syýasaty fransuz jemgyýetiniň köp gatlaklaryny närazyçylygyny ýüze çykardy. 1968-nji ýylyň maýynda Pariž talyplarynyň demonstrasiýasy başlandy. Prezidentiň inisiatiwasy bilen geçirilen referendumda saýlawçylaryň köpçüligi prezidenti goldamady. Ş. de Goll işden boşamaga mejbur boldy.




**1958-nji ýylda Fransiýada nobatdaky syýasy krizis başlandy.**

**1968-nji ýylyň maýynda Pariž talyplarynyň çykyşlary başlandy.**

1970-nji ýylyň ahyrynda Fransiýanyň ykdysadyýeti örän çylşyrymly ýagdaýdady. Şondan soňra sosialist **Fransua Mitteran** Fransiýanyň prezidenti edip saýlandy. Çep güýçleriň arkadaşykly maksatnamasynda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

fransuzlaryň köpçüliginiň peýdasyna laýyk bolan möhüm sosial-ykdysady reformalar göz öňünde tutulypdy. Emma inflýasiýany togtatmagyň alajy bolmady. Işsizlik hem köpeldi. Bu syýasat kiçi özgerişler bilen 1992-nji ýyla çenli saklanyp galdy.

**Daşary syýasat.** Halkara gatnaşyklarda Fransiýa Ş. de Goll tarapyndan belgiläp berlen daşky syýasy kursy dowam etdirdi. Fransiýa Ýewropada howpsuzlyk we arkadaşlyk boýunça Helsinki geňeşini geçirmekde uly rol oýnady. ÝEIH çäklerinde Günbatar Ýewropa döwletleri bilen aktiw arkadaşlyk etdi. Atlantika ugrundaky däp-dessurlar güýçlendi. ABŞ bilen gatnaşyklar has aktiwleşdi.

**Neokonserwatizm** – ABŞ-nyň harby we ykdysady güýjünden duşman režimlere garşy we olarda demokratik Igamy ornaşdyrmak üçin peýdalanmagyň tarapdarlary bolan bir bölek konserwatiw syýasatçylaryň aňyýeti.

**Eksport** – önüm, hyzmat ýa-da kapitaly öz ýurdundan daşary çykarmak.

**Referendum** – umumyhalk sala salşygy, döwlet ähmiýetli möhüm meseläni çözmek boýunça geçirilýän umumyhalk ses bermegi.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Ikinji jahan urşy Beýik Britaniýa üçin nähili netijeler bilen gutardy?
2. 1970-nji ýylda Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetindäki peseliş nämelerde ýüze çykdy?
3. Beýik Britaniýada hökümeti konserwatorlar dolandyran 1977 – 1997-nji ýyllarda (M. Tetçer we J. Meýjor) nähili sosial-ykdysady özgerişler bolup geçdi?
4. Fransiýanyň uruşdan soňky ýagdaýy we ösüş ugurlary barasynda aýdyp beriň.
5. Fransiýada Dördünji respublikanyň dargap gitmegine nähili ýagdaýlar sebäp boldy?
6. Fransiýada Bäşinji respublikanyň peýda bolmagy we döwletiň ykdysady hem-de syýasy ýagdaýynyň durnuklylygynda Ş. de Gollyň öňdebaryjylyk roly nähili ähmiýete eýe boldy?
7. XX asyryň 80–90–njy ýyllarynda Fransiýanyň Daşary syýasaty hakynda nämeler bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Özbaşdak iş

«Günorta Atlantikadaky Folklend adalary» kartasyna taryhy wakalar bilen baglylykda düşündiriş ýazyň.

Internet arkaly Folklend adalaryna wirtual syýahat guraň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalary derňäň.

kutubxona.com. saýtyndan Çingiz Aýtmatowyň we Muhtar Şahanowyň «Depede galan awçynyň ahy-zary» kitabynyň 2-nji bölümini okaň hem-de Margaret Tetçer tarapyndan aýdylan pikirleri alyp depderiňize ýazyň.

## 22-NJI-TEMA. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA GERMANIÝA WE ITALIÝA

**Germaniýa Federatiw Respublikasy.** Ikinji jahan urşy nemis halkyna örän uly külpet alyp geldi. Germaniýa özbaşdak döwlet görnüşinde däldi.

Germaniýa uruşdan öňki territoriýasynyň bir böleginden aýryldy, okkupasiýa zonalaryna bölüp taşlandy.

**1949-njy ýylyň maýynda** ABŞ, Beýik Britaniýa we Fransiýa okkupasiýa zonalarynda Germaniýa Federatiw Respublikasy (GFR) düzüldi. Ol Günbatar Germaniýany demokratik, federatiw döwlet diýip yglan etdi. Germaniýanyň görnükli syýasy işgäri Konrad Adenauer kansler edip saýlandy. Ol Germaniýa Federatiw Respublikasynyň düzülenligini yglan etdi.



Konrad Adenauer.

**1949-njy ýylyň 7-nji oktýabrynda** sowetleriň okkupasiýa zonasy bolan gün-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dogar böleginde Germaniýa Demokratik Respublikasy (GDR) düzüldi. Berlin bu döwletiň paýtagty diýip yglan edildi. Germaniýanyň iki sany döwlete bölünmegi 40 ýyl dowam etdi.




Germaniýanyň okkupasiýa zonalaryna bölünmegi.

GFR-de 1950–1960-njy ýyllarda ykdysady ugur güýçli depginler bilen ösdi. Harby harajatlaryň kemligi, «Marşall meýilnamasy» boýunça Amerikanyň bol-elin kömek bermegi, arzan daşary ýurt işçi güýjünden peýdalanmak, täze enjamlaryň getirilmegi döwlet hojalygynyň güýçli depginler bilen diklenmegini üpjün etdi. GFR ähli karzlaryndan gutulyp, ençe kän altyn-walýuta zapasyny hem döretdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

GFR syýasy bäsdeşleriniň gapma-garşylyklaryny ýeňip, 1955-nji ýylda NATO agza boldy, Pariž şertnamasynyň güýje girmegi sebäpli GFR üçin okkupasiýa döwri gutardy.

**1949-njy ýyl maýda ...** **1949-nji ýyl 7-nji oktýabrda ...**
**GFR-da 1950–1960-njy ýyllarda ...** **1955-nji ýylda ...**




Germaniýa Federatiw Respublikasy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gündogardan göçüp gelýänleriň akymy we kansler K. Adenaueriň amatly ykdysady syýasaty GFR-iň «Marşall meýilnamasy» boýunça alan saldamly maliýe «derman»y bilen goşulyp, 1955-nji ýylyň özünde misli görülmedik üstünlikleriň gazanylmagyna alyp geldi. Germaniýa iň gysga taryhy möhletde urşuň galdyran ýaralaryny düzedip aldy. 1960 – 1970-nji ýyllar ykdysadyň güýçli depginler bilen ösmek döwri bolup, **«nemis ykdysady gudraty»** adyny aldy.

1980-nji ýyllaryň başynda syýasy güýçlerde özgeriş boldy. 1982-nji ýylda hristian-demokrat **Gelmut Kol** GFR kansleri edip saýlandy. Onuň döwründe salgytlar gysgardyldy we döwlet harajatlary tertibe salyndy, döwletiň biznese aralaşmagy kemelip, bäsleşigi höweslendirmek boýunça çäreler amala aşyryldy.

1989-njy ýylda GDR-de rewolýusiýa başlanyp gitdi, iki döwleti bölüp duran, «sowuk urşuň» simwoly bolan Berlin diwary bozup taşlandy. Germaniýanyň iki bölegini birleşdirmek boýunça gepleşikler üstünlikli gutardy. **1990-njy ýylyň 3-nji oktýabr** güni ýeke-täk Germaniýa döwletiniň düzülenligi yglan edildi. 1990-njy ýylyň dekabrynda bolup geçen nobatdan daşary saýlawlarda ýene-de G.Koluň ýolbaşçylygyndaky koalisiýa ýeňiş gazandy.




**1982-nji ýylda hristian-demokrat Gelmut Kol GFR kansleri edip saýlandy.**

**1989-njy ýylda GDR-da öwrülişik başlanyp, Berlin diwary bozup taşlandy.**

**Italiýa Respublikasy.** Faşistik režim we Ikinji jahan urşy italýan halkyna örän uly külpetler alyp geldi. Ýüz müňlerçe adamlar heläk boldy, millionlarça adamlar öýsüz galdy. Puluň gadyrsyzlanmagy örän ýokary derejä ýetdi.



**Ikinji jahan urşy Italiýa üçin nähili netijeler bilen tamamlanypdy?**

**1948-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan** Italiýanyň täze konstitusiýasy güýje girdi. Hökümet Günbataryň öňdebaryjy döwletleri bilen soýuzdaş bolmaga ymtyldy. Italiýa «Marşall meýilnamasy»na goşuldy, NATO agza boldy,onuň çäklerinde ABŞ-nyň harby baza-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lary ýerleşdirildi. Italiýa hökümeti Ýewropa integrasiýasy taglymyny durmuşa giňden girizip bardy. **1957-nji ýylda** Ýewropanyň ykdysady arkadaşlygyny (ÝEYA) düzmek barasynda Rim şertnamasyna gol çekildi.

Uruşdan soňky on ýyllykda Italiýa hem Günbataryň başga döwletleri ýaly ýiti ykdysady ösüş döwrüni başyndan geçirdi. Emma bu proses uzak dowam etmedi.

1950 – 1960-njy ýyllardaky güýçli ösüşe garamazdan, işçiler hereketi öňki derejesinde galdy, hat-da käte aktiwleşdi. Iş taşlaýyş hereketi boýunça Italiýa başga döwletlerden has öňe gitdi.

1974-nji ýylda Italiýada çukur ykdysady krizis başlandy. Önümçiligiň ösmegi doly diýen ýaly togtady, işsizleriň sany köpeldi, daşky söwdada defisit artdy. Nyrhlar göterilip gitdi. Bularyň ählisi aýratyn hem ilatyň kem täminlenen bölegi üçin örän agyr boldy.



**1948-nji ýyl 1-nji ýanwar ...** **1957-nji ýylda ...**
**1950 – 1960-njy ýyllarda ...** **1974-nji ýylda ...**

1980-nji ýyla gelip koalision hökümet emele geldi. Emma ol durnukly däldi we hökümetiň tiz-tiz çalyşmagy Italiýanyň özüne has däbine aýlanyp galdy. Italiýada döwlet institutlarynyň çuň krizisi mafiýa sistemalarynyň işi bilen hem baglydy. Döwlet sistemasyndaky korrupsiýalaşan elementler bilen goşulyp giden mafiýa Italiýada uly güýje aýlandy. Mafiýa ilata howp salýardy, olary gorkuzýardy, talançylyk edýärdi we öldürýärdi, pul öndürýärdi, hemişe pul töläp duran baýlaryň dahylsyzlygyny üpjün edýärdi. Kim mafiýa bilen gelişmese, ony hemişe yzarlaýardy, öldürýärdi. 1980 – 1990-njy ýyllar Italiýada mafiýa garşy göreş döwri boldy.




**1957-nji ýylda Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlygyny (ÝYH) düzmek barada Rim şertnamasyna gol çekildi.**

**1980-nji ýyllara gelip Italiýada koalision hökümet şekillendi.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Kansler** – Germaniýada we Awstriýada hökümet baştutany, baş ministr şeýle atlandyrylýar.

**Defisit** – ýetmezçilik, haýsy-da bolsa bir zadyň ýetisşmezligi. Meselem, daşary ýurda haryt satmak – eksporta görä daşary ýurtdan haryt alyp girmek – importyň aşyp gitmegi daşary söwda defisiti diýlip atlandyrylýar.

**Mafiýa** – zorluk, gorkuzmak, terror, ganhorlyk, öjükdirijilik usullary bilen ykdysady we syýasy maksatlary gazanmak üçin düzülýän gizlin bileleşik; guramaçylykly jenaýat guramasy.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Uruşdan soňky Germaniýanyň ýagdaýy barasynda aýdyp beriň.
2. GFR-de K. Adenauer syýasaty we «Marşall meýilnamasy» döwlet ykdysadyýetiniň diklenmeginde we ösmeginde nähili rol oýnady?
3. Berlin diwarynyň ýykylmagy we Germaniýanyň birleşmegi hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
4. 1950 – 1960-njy ýyllardaky Italiýanyň ösüşi barasynda aýdyp beriň. Bu döwürde Italiýanyň ösüşi Germaniýanyň şu döwürdäki ösüşinden nämesi bilen tapawutlanýar?
5. 1970-nji ýylda Italiýadaky syýasy durnuksyzlygyň sebäpleri nämededi?
6. XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda Italiýanyň ösüşiniň özüne has taraplary nämelerden ybarat?

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp Germaniýa Federatiw Respublikasynyň we Germaniýa Demokratik Respublikasynyň çägine girýän ýerleri depderiňize ýazyň.



«Berlin diwarynyň ýykylmagy» temasynda kiçi okuw taslamasyny taýýalaň we gurnak sapaklarynda dabaraly gowşurmaga taýýarlanyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

facebook.com saýtyndan Zarif Sultanyň «Berlin diwaryna çyzgylar» («Tamamlanmadyk aýdym») goşgusyny göçürip alyň, okaň hem-de «Insert» shemasynyň kömeginde goşgy tekstini derňäň.

## 23-NJI TEMA. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA ÝAPONIÝA WE AZIÝANYŇ TÄZE INDUSTRIAL DÖWLETLERI

Ikinji jahan urşunda Ýaponiýa ýeňlişe sezewar boldy. Uruşda 6,5 mln. ýaponlar heläk boldy, Ýaponiýa özüniň ähli koloniýalaryndan aýryldy. Döwlet ABŞ tarapyndan okkupasiýa edilip, häkimiýet general **Duglas Makarturyň** ýolbaşçylygyndaky ABŞ-nyň okkupasion goşunlarynyň ştabyna geçdi. 1952-nji ýyla çenli Ýaponiýa hökümeti şu ştab tarapyndan gözegçilik edildi, döwleti modernizasiýa etmek boýunça meýil we inisiatiwalar hem şu ştaba degişlidi.

**Ikinji jahan urşy Ýaponiýa üçin nähili netijeler bilen tamamlanypdy?**

Ýaponiýada demokratik prosesleri başlan amerikalylar iki maksady: **birinjiden,** Ýaponiýanyň demokratik döwlete aýlanmagy we hiç haçan başgalara howp salmazlygyny; **ikinjiden,** ýaponlarda özüniň müň ýyllyk söweşjeňlik däplerine eýe bolan söweşjeňlik ruhuny söndürmegi göz öňünde tutupdy.

**«Ýaponça milli ruh» düşünjesine kesgitleme beriň.**

Şu ýyllarda ABŞ-nyň ykdysady kömegi hem yzygider artdy. Ýaponiýada zähmet gatnaşyklaryny demokratlaşdyrmak maksadynda **1946-njy ýylda** profsoýuz guramalary barasynda kanun kabul edildi. Aziýaça ideologiýa, zähmet däplerine eýe bolan ýaponlary günbatarça



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

zähmet usullaryna gönükdirmek añsat geçmedi. Amerikalylar ýaponlary iň döwrebap biznes usullary bilen tanyşdyryp bardy. **1950-nji ýyldan** kadrlary taýýarlamagyň amerikaça standartlary yglan edildi. Ýapon önümleriniň hilini gowulandyrmaklyga uly üns berildi. **Edwards Deming** we başga amerikaly meşhur ykdysatçylar dokladlar bilen çykyş etdiler. Ýaponiýanyň ykdysadyny dolandyrýan döwlet sistemasy döredildi. Bu çäreler 1950 – 1960-njy ýyllarda Ýaponiýanyň doly ykdysady diklenmegine alyp geldi.

**Ýaponiýada demokratiýanyň şekillenmegi.** Şol bir wagtda demokratik reformalar hem alyp baryldy. Syýasy we dini erkinlikler barasynda direktiwa kabul edildi. Metbugatda senzura ýatyryldy, ähli syýasy tussaglar azat edildi, öňki militaristik jemgyýet guramalary dargadylyp goýberildi. Syýasy partiýalary gaýtadan düzmek prosesi başlandy. Amerikalylar ýaponlara demokratiýa şertlerinde ýaşamagy öwretdi.

**Ýaponiýanyň ykdysady gudraty.** Bütin dünýäde **«ýapon ykdysady gudraty»** diýip ykdysadyň örän tiz – ýylyna 11 % -den ösüş döwrüne aýdylýar. Bu döwür 1956 – 1970-nji ýyllary öz içine alýar. Onda aýratyn hem senagatyň ösüş depginleri örän ýokary bolup, bu esasan agyr senagat we himiýa önümçiligini ösdürmegiň hasabyna boldy. 1960-njy ýylyň ahyryna gelip Ýaponiýa ähli içki önüminiň möçberi boýunça dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orna çykyp aldy. Ýaponiýa özüniň üstünliklerini Tokioda bolup geçen **«EKSPO–70»** sergisinde üstünlikli görkezdi.

**Postindustrial modeliň şekillenmegi.** Ýapon «ykdysady gudraty» arzan nebite esaslanan bolup, 1970-nji ýyllardaky nebit krizisi Ýaponiýany özüniň ykdysady sistemasyny düýpli özgertmegine mejbur etdi. Senagatda önümçiligiň ylma esaslanan ugurlaryna esasy üns garadyldy. Önümiň bahasynyň esasy bölegini ylmy täzelikler, işgärleriň tehnik ukyby, dizaýn, nou-hau we şular ýalylar düzdi. 1980-nji ýyldan Ýaponiýada **26 sany tehnopolisler** düzüldi. Şol ýyllary Ýaponiýa jahan bazaryna täze görnüşdäki önümleri – mikroprosessorlar, personal kompýuterler, senagat robotlary we tiz üýtgeýän önümçilik sistemalary bilen çykdy. Döwletde postindustrial ykdysady model şekillendi we ol postindustrial siwilizasiýa esas boldy.

**Aziýanyň täze industrial döwletleri.** XX asyryň 60 – 80-nji ýyllarynda Aziýanyň birnäçe döwletleri tiz modernizasiýalaşdyrmagy amala aşyrmak arkaly ösüşiň ýokary depginlerine göterildi. Meselem,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Günorta Koreýa, Taýwan, Singapur, Gonkong ýaly döwletleri «Aziýa ýolbarslary», «täze industrial döwletler» diýip atlandyryp başladylar.



**1956–1970-nji ýyllar...**
**1970-nji ýyllarda...**
**1946-njy ýylda...**
**1980-nji ýyllardan...**

XX asyryň ikinji ýarymynda «täze industrial döwletler» Aziýa kontinentinde durnukly sosial-ykdysady ösüşiň simwolyna aýlandy. Bir nesliň göz öňünde döwlet galaklykdan ösüşiň ýokary derejesine ýetdi. Muňa Günorta Koreýa aýdyň mysal bolup biler.



Koreýa Respublikasy.

Örän garyp bolan Günorta Koreýada 1970-nji ýyldan agyr senagat, ilki bilen, metallurgiýa, maşyn gurluşygy, himiýa senagaty ösdürildi. Elektronika senagaty güýçli depginde ösdi. Ilki bilen lampaly radiopriýomnikler, ak-gara telewizorlardan başlan Günorta Koreýa, soňra magnitofonlar, reňkli telewizorlar, kompýuterler, mikroshemalar, soňra videomagnitofonlar, lazerli proigriwateller, mikrotolkunly peçler we ahyr soňunda personal IHM-ler önümçilige geçdi.

Daşky söwdada hem şuňa laýyk özgerişler bolup geçdi. Günorta Koreýa polat, deňiz gämileri, awtomobiller, öý-hojalyk elektronikasy we başga şular ýaly önümleri eksport etmek boýunça dünýä liderleriniň hataryndan orun eýeledi. 1990-njy ýyla gelip Günorta Koreýa ykdysady ösen industrial döwlet görnüşinde şekillendi we postindustrial ösüş elementlerine eýe bolup, jahan ykdysadyýetinde möhüm orun eýeledi.




**1946-njy ýylda Ýaponiýada zähmet gatnaşyklaryny demokratlaşdyrmak maksadynda kärdeşler birleşmeleri barada kanun kabul edildi.**

**1970-nji ýyllardan Günorta Koreýada agyr senagat, ilki bilen, metallurgiýa, maşyn gurluşygy, himiýa senagaty ösdürildi.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Koreýa Respublikasy.

**Taýland, Malaýziýa, Indoneziýa, Filippin** Ýaponiýa modeli esasynda kapitalistik ösüş ýolundan ösüp barýan we ýokary netijeleri gazanýan ikinji tolkun döwletleri hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aziýadaky täze industrial döwletleriň ählisini parlament demokratiýasy we köppartiýalylyk sistemasy, hususy mülke esaslanan telekeçilik we erkin bazary ösdürmek, ösen döwletleriň kömegine daýanmak we daşky inwestisiýalar üçin amatly şertler döretmek ýaly umumy taraplary birleşdirip durýar.



**Direktiwa** – ýokary guramanyň oňa boýun egýän guramalara berýän görkezmesi, ýerine ýetirilmeli bolan resminama.

**Militarizm** – jemgyýetde harbylar gatlagy we harby ruhuň üstünligine, harby güýje daýanýan syýasy ulgam. Bu ulgamda döwlet harajatlarynyň uly bölegi harby maksatlara gönükdirilýär.

**Tehnopolis** – tehnologik täzelikleri netijeli ulanmak maksadynda döredilen erkin ykdysady çäk. Işiniň esasyny ylmy barlaglar düzýär.

**Inwestisiýa** – ykdysadyýetiň haýsy-da bolsa bir ugruna uzak möhletleýin kapital girizmek.

**Dizaýn** – proýektirlemek, çyzmak, oýlap tapmak. Dizaýn – bu proýektirleme pikirlenmesini we döredijiligiň utgaşyklygyna esaslanan iş görnüşi.

**Nou-hau** – käbir görnüşdäki önümçiligi guramak üçin zerur bolan tehniki, täjirçilik we başga bilimler toplumy. Bu adalga resminama çalşygy, işçleri okatmak, hünärmenleriň gatnaşmagy nazarda tutulan halkara ylalaşyklarda we şertnamalarda ulanylýar.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Uruşdan soňky Ýaponiýanyň ýagdaýyna umumy taryp beriň.
2. Ýaponiýada demokratik prosesleri başlan amerikalylar öz öňünde nähili maksatlary goýupdy?
3. Ýaponiýa ykdysadyny reforma etmekde D. Makkarturyň ýolbaşçylygyndaky Amerika administratorlary nähili rol oýnady?
4. Ýaponiýanyň «ykdysady gudraty»nyň esasy faktorlary nämelerden ybaratdy?
5. 1970-nji ýylda Ýaponiýa ykdysady duçar bolan problemalar nämelerden ybaratdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Ýaponiýada postindustrial ykdysady maliýeniň şekillenmegine nähili faktorlar itergi boldy?
7. Aziýanyň «Täze industrial döwletleri» termini haçan peýda boldy?
8. Aziýanyň «Täze industrial döwletleri»ni nähili umumy taraplar birleşdirip durýar?

### Özbaşdak iş

Koreýa Respublikasynyň kartasy bilen tanyşyň we dolandyryş-çäk birlikleriniň atlaryny depderiňize bellik ediň hem-de olary ýat tutmaga çalşyň.

Internet arkaly Ýapon adalaryna wirtual syýahat guraň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalary derňäň.

Ýapon ýazyjysy Ýasusi Inoueniň «Günbatar ülkesi baradaky hatyralar» kitabynyň «Günbatar ülkesi baradaky birinji hatyralar» bölegini okaň hem-de Özbegistanyň Daşkent, Samarkant, Buhara ýaly şäherleri baradaky maglumatlary gysgaça konspekt ediň.

## 24-NJI TEMA. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA HYTAÝ HALK RESPUBLIKASY

Ikinji jahan urşy ýyllarynda Hytaýda resmi häkimiýet Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygyndaky Gomindan partiýasy (Milli partiýa)na degişlidi. 1945-nji ýylda döwlet serhetleri we ilatyň uly bölegi gomindançy Çan Kaýşiniň hökümeti tarapyndan gözegçilik edilýärdi.

**Hytaýda Gomindan partiýasy haçan düzülipdi?**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Çan Kaýşiniň hökümeti BMG-ny düzmekde aktiw gatnaşdy we beýik döwlet hökmünde Howpsuzlyk Geňeşiniň bäş sany hemişelik agzalaryndan biri boldy. 1945-nji ýylyň awgustynda SSSR we ABŞ-nyň dellalçylygynda Hytaý Kommunistik partiýasy bilen Gomindanyň arasynda duşuşyklar bolup, özara duşmançylyk hereketlerini togtatmaklyga ylalaşyldy.

**Raýatlyk urşy.** Dünýäde «sowuk uruş» başlanyp gidipdi, indi SSSR we ABŞ Hytaýdaky wakalaryň parahat geçmeginden peýda görmeýärdi. Bu wagta gelip kommunistler bilen gomindançylaryň arasyndaky gatnaşyklar hem ýamanlaşyp başlady. Garaşylmadyk ýagdaýda **1946-njy ýylyň iýunynda** Hytaýda raýatlyk urşy gaýtadan başlandy.

ABŞ tarapyndan goldap-kuwwatlanan Çan Kaýşiniň armiýasy 1947-nji ýylda kommunistleriň paýtagty Ýanan şäherini eýeläp aldy. Emma bu raýatlyk urşundaky gomindançylaryň soňky ýeňişi boldy.

Hökümet tarapyndan gözegçilik edilýän serhetlerde ABŞ-nyň kömegine garamazdan sosial-ykdysady ýagdaý gitdigiçe erbetleşip bardy. Uzak dowam eden uruş sebäpli ykdysadyň ösüşi bozuldy, işsizleriň sany gitdigiçe artyp bardy, adamlar närazyçylyk bildirip başlady. Bir näçe regionlarda gozgalaňlar başlandy.

Şol wagtda Mao Szedunyň ýolbaşçylygyndaky kommunistlere degişli çäklerde SSSR örän uly kömek görkezdi. SSSR-iň ykdysady kömegi we ýaragy bilen Halk-azatlyk armiýasy gaýtadan düzüldi, armiýa pugta tertibe getirildi. Bu hereketler uruş strategiýasyny düýpli üýtgetmek mümkinçiligini berdi.

1947-nji ýylyň iýulynda Halk-azatlyk armiýasy hüjüme geçdi. Birnäçe hüjümleriň netijesinde Demirgazyk we Merkezi Hytaýyň köp regionlary kommunistleriň gözegçiligi astyna geçdi. Gomindan armiýasynda doly depressiýa başlandy. Gomindan režiminiň ykdysadyýeti we maliýesi heläkçilik ýakasyna gelipdi. ABŞ ony saklap galmaga hereket etdi.



Mao Szedun – Hytaý halkynyň serdary.

Emma tiz arada kommunistler bütin Hytaýy eýeläp aldy. 1949-njy ýylyň sentýabrynda Pekinde Milli syýasy geňeş konferensiýasy açyldy. **1-nji oktýabr** güni Hytaý Halk Respublikasy diýip yglan edildi.

**1952-nji ýylyň dekabrynda** Hytaý Kommunistik partiýasy Merkezi Komiteti döwletde



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«sosializm gurmak» barasynda karar kabul etdi. Onda döwleti industrlaşdyrmak, önümçilik gatnaşyklaryny gaýtadan gurmak, syýasy demokratiýany ösdürmek göz öňünde tutuldy. Bu wezipeleri ýerine ýetirmek uzak möhlete, 15 ýyla niýetlenen bolup, bu möhletde olaryň köpçüligi amala aşman galdy.

1960-njy ýylda Hytaýy ösdürmegiň **«Uly bökmek»,** 1970-nji ýylda **«Medeni rewolýusiýa» diýip at** alan örän garşylykly syýasatlary amala aşyrylsa-da, olar Hytaýa hiç hili ykdysady we syýasy peýda geritmedi. Tersine, döwletiň ýagdaýyny agyrlaşdyrdy.



**1946-njy ýyl iýunda ...** **1947-nji ýylda ...** **1949-njy ýyl 1-nji oktýabr ...** **1952-nji ýylyň dekabrynda ...**

**Täze reformalaryň başlanmagy.** Mao Szedun wepat edenden soňra häkimiýete gelen Den Sýaopin we başga pragmatikler 1970-nji ýylyň ahyryndan Hytaýda reformalaryň täze strategiýasyny işläp çykdy. 1981-nji ýyldan oba-hojalygyny giň gerimde gaýtadan gurmak başlandy. Netijede Hytaý özüni azyk önümleri bilen üpjün etmek problemasyny çözüp, önümleri daşary döwletlere eksport edip başlady.

Syýasy ösüşde kommunistik režimiň esasy taraplary saklap galyndy. 1989-njy ýylyň baharynda Pekin talyplarynyň närazyçylyk demonstrasiýasyna başga şäherlerde millionlarça intelligentler goşuldy. 1989-njy ýylyň maýynda Pekinde adatdan daşary ýagdaý yglan edildi. **Den Sýaopin Týananmin meýdanyndaky** demonstrasiýany güýç bilen dargadyp goýbermegi buýurdy. Talyplara garşy ýaragly güýç ulanyldy, ýüzlerçe ýaşlar heläk boldy, birnäçe adamlar tussag edildi. ABŞ-nyň Kongressi Hytaýa garşy sanksiýa yglan etdi. Emma onuň industrial döwletler bilen gatnaşyklary ýamanlaşmady. Çünki bu wagta gelip Hytaý örän uly abraýa eýe bolan döwlete aýlanypdy. Bu wakalara garamazdan, Hytaýda reformalar dowam etdirildi.

**Daşary syýasat.** Halkara gatnaşyklarda Hytaý uzak ýyllaryň dowamynda özüni ikinji derejeli döwlet hökmünde duýup geldi. Hytaý BMG we başga halkara guramalarda özüniň ornuna eýe däldi, onuň ornuny Taýwanda ýerleşen Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygyndaky gomindançylar eýeläpdi. Günbatar döwletleriniň köpüsi bilen diýen ýaly normal gatnaşyklar ýokdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Hytaý Halk Respublikasy.




**1981-nji ýyldan oba hojalygyny giň möçberde gaýtadan gurmak başlandy.**

**1989-njy ýylyň maýynda Pekinde adatdan daşary ýagdaý yglan edildi.**

1970-nji ýyllardan başlap ýagdaý üýtgedi. Günbatar döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklar diklendi, Taýwanyň ornuna BMG-da özüniň ornuny eýeledi. ABŞ bilen gatnaşyklar gowulandy, diňe SSSR bilen gatnaşyklary kynlygyça galyberdi. **1980-nji ýylda** Hytaý ýadro ýaragyna eýe bolan döwlete aýlandy we halkara gatnaşyklarda şoňa görä orun eýelemäge hereket etdi. 1980-nji ýylyň ikinji ýarymyndan SSSR bilen hem gatnaşyklary gowulandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Pragmatik** – pragmatizm tarapdary, filosofik ulgam. Gündelik durmuş manysynda pragmatik – durmuşa görä öz garaýyşlaryny we amallaryny peýdaly netijelere garap şekillendirýän adam.

**Strategiýa** – hökümetiň önümçilik, girdeji we harajat, býujet, salgyt, kapital girizmek, nyrhlar, durmuş taýdan gorag babatdaky uzak möhletleýin, iň möhüm çäreler plany.

**Sanksiýa** – halkara ylalaşyklary we normalary bozan bir topar şahslara ýa-da bütin başly döwlete görä ulanylýan çäklendiriji çäre. Sanksiýa ykdysady, harby, syýasy we başga görnüşde bolmagy mümkin.

**Uly ilerleme** – 1960-njy ýyllarda Hytaýda sosialistik ykdysadyýeti şekillendirmek üçin ulanylan syýasat.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Hytaýda raýatlyk urşunyň başlanmagyna näme sebäp boldy we ol nähili gutardy?
2. Hytaýda amala aşyrylan «uly bökmek» syýasatynyň ähmiýeti nämededi?
3. Medeni rewolýusiýa we onuň Hytaý üçin netijeleri nämelerden ybarat boldy?
4. Hytaýda täze reformalaryň başlanmagyna nähili sebäpler itergi boldy?
5. XX asyryň 80 – 90-njy ýyllarynda Hytaýyň daşary syýasaty hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
6. Hytaýdaky reformalar XXI asyryň başlaryna gelip nähili netijelere alyp geldi?

## Özbaşdak iş



Temanyň tekstinde beýan edilen taryhy waka bolup geçen çäkleri Hytaýyň kartasynda görkezmäge çalşyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ötkir Haşimowyň «Depder polýasyndaky bitiklar» kitabyndan alnan aşakdaky bölegi okaň we depderiňize tema bilen baglap esaslanan esse ýazyň: «Urşuň gowusy bolmaýar. Emma iň gazaply uruş – raýatlar urşy. Sebäbi, ol nesilden nesle «miras» geçip, ebedi dowam edýär!»

## 25-NJI TEMA. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA HINDISTAN WE PAKISTAN

Ikinji jahan urşunyň gutarmagy bilen Hindistandaky hind we musulman dini wekilleriniň arasynda gelişmezçilikler has-da ýitileşdi. Munuň üstüne uruşdan soňky azyk-owkat krizisi Hindistany açlyk ýagdaýyna alyp gelip, ýagdaýyny örän kynlaşdyrdy.Bu ýagdaý Beýik Britaniýany tizräk Hindistany terk etmäge mejbur etdi.

**Hindistan milli garaşsyzlygy üçin göreşen haýsy watanperwerleri bilýärsiňiz?**

**Garaşsyzlygyň yglan edilmegi.** 1946-njy ýylyň 9-njy dekabrynda Guramaçylyk mejlisi açyldy. Iňlisler Hindistany iki sany döwlete – Hindistana we Pakistana bölmek meýilnamasyny işläp çykdy. Ilatyň hind we musulman dinine uýmaklyklary bölünmek üçin esas edip alyndy.

**1947-nji ýylyň 15-nji awgust** güni iki sany garaşsyz döwlet – Hindistanyň we Pakistanyň düzülenligini yglan etdi. Hindistan hökümetini Jawaharlal Neru, Pakistan hökümetini bolsa Liikat Alihan dolandyrdy.

Hindistanyň bölünmegi birnäçe problemalary getirip çykardy. Bölünmeklik wagtyndaky dawalarda adamlaryň köpçülikleýin öldürilmegi uzak ýyllaryň dowamynda Hindistan we Pakistanyň arasynda özara duşmançylyk duýgusyny şekillendirdi. Özüniň ýurduny taşlap, başga regionlara göçmek hem millionlarça adamlaryň durmuşyna ýaman täsir görkezdi. Musulmanlary goramakda günäkärlenen **Mahatma Gandi** hind-fanatigi tarapyndan öldürildi.

M. Gandiniň ölümi hindler üçin örän uly milli betbagtçylyk boldy. Bu betbagtçylyk gazaplanan adamlary az kem köşeşdirdi, oýlanyp görmäge, gan dökülişigi togtatmaga mejbur etdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ykdysady ösüş.** Koloniýaçylygyň ykdysady galdyklaryny ýeňmek aňsat geçmedi. Hökümet giň reformalary alyp bardy. Ykdysadyň ähli ugurlary erkin bazar syýasatyna çekilip, olaryň esasyny hususy telekeçilik we hususy inwestisiýalar düzdi.

**1946-njy ýyl 9-njy dekabrda...**
**1947-nji ýyl 15-nji awgust...**
**Hindistanyň taryhynda M. Gandiniň işi...**




Hindistan we Pakistan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Iň uly reforma agrar ugurda geçirildi. Ýer onda zähmet çekýän daýhanlara bölüp berildi. Ýeri kärendesine berip, ondan peýda almaga esaslanan sistema ýatyryldy. Emma zähmet hasyldarlygy artmady, hasyldarlyk örän haýal ösdi, azyk-owkat problemasy ýene uzak wagt saklanyp galdy.

1950-nji ýylyň ikinji ýarymy – 1960-njy ýylda Hindistanda güýçli depginlerde industirleşdiriş başlandy. Döwlete degişli iri senagat kärhanalary guruldy. Emma ykdysady ösüş netijeleri ilatyň ösüş depginleriniň öňünde örän pes bolup, ähli milli önümiň ýarymyndan köprägi içerde peýdalanmaga sarp edilýärdi. Netijede 1960-njy ýylda saglygy goramak, tälim, ylym we medeniýet ugurlarynda gazanylan üstünliklere, ykdysadyýetdäki özgerişlere garamazdan, ilatyň ýaşaýyş derejesi, durmuş medeniýeti pesligiçe galyberdi.

**Döwrebap syýasy sistemanyň şekillenmegi.** XX asyrda garaşsyzlygy gazanan Aziýa we Afrika döwletleriniň içinde Hindistan hemişelik parlament demokratiýasyny şekillendirip bilen ýeke-täk döwlet boldy. **1949-njy ýylda** Hindistanyň täze Konstitusiýasy kabul edildi. Konstitusiýa esasy demokratik erkinlikleri, ynsan hukuklaryny, kastalar deňligini, häkimiýetiň bölüniş prinsipini yglan etdi.

**1960–1970-nji ýyllardaky krizis.** **1965-nji ýylda** Hindistan bilen Pakistanyň arasynda başlanan uruş Hindistanda içki syýasy durnuklylyga hem ýaman täsir görkezdi. Urşy togtatmak üçin **1966-njy ýylda** Daşkentde Hindistanyň we Pakistanyň arasynda gepleşikler alyp baryldy. Gepleşikler üstünlikli jemlenip, **Daşkent deklarasiýasy** kabul edildi.



**1950-nji ýyllaryň ikinji ýarymy – 1960-njy ýyllar Hindistanda ...**

**1965-nji ýyl...** **1966-njy ýyl...**

Şu döwürde ykdysady kynçylyklar hem artdy. 1966 – 1967-nji ýyllarda ykdysady durgunlyk bolup geçdi. Soňky ýyllarda hem senagatyň ösmegi örän pes derejede boldy. Döwlete açlyk hemişe howp salyp durdy. 1960-njy ýylda agrar reforma geçirildi. Emma ol ýagdaýy gowulandyrmady. Hind daýhanlary heniz hem açlyk derejesinde gün geçirýärdi.

Şeýle ýagdaýda baş ministr Indira Gandi 1970-nji ýylda birnäçe möhüm reformalary amala aşyrdy. Olar esasan ykdysada döwletiň aralaşmagyny kemeltmäge garadylandy. Netijeler ýaman bolmady. Senagat we oba hojalygynyň ýyllyk ösüşi aýgytly artdy. 1980-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nji ýyllaryň ortalaryndan döwlet galla bilen özüni-özi üpjün edip başlady. Daşary ýurt inwestisiýalary hem köpeldi.

Emma 1990-njy ýylyň başynda Hindistanyň ykdysady ýagdaýy ýene ýamanlaşdy. Ykdysady ösüş togtady diýen ýalydy, inflýasiýa güýçlendi, işsizlik artdy.



Indira Gandi.

**Daşary syýasat.** 1950-nji ýylda **«J.Neru kursy»** şekillendi. Bu beýik döwletleriň arasyndaky dawalardan çetde durmak syýasatydy. J. Neru Goşulmazlyk hereketiniň inisiatiwaçylaryndan biri boldy. Goşulmazlyk hereketi Hindistanyň bütin XX asyrdaky daşary syýasatyny kesgitläp berdi.

**Pakistan.** Yslam dini Pakistan üçin milleti jebisleýji faktor bolup geldi. Emma garaşsyzlykdan soňra döwlet çylşyrymly syýasy prosesi başyndan geçirdi. Dini we ýerli dawalar durnukly syýasy sistemanyň şekillenmegine, ykdysadyň ösüşine päsgel berdi. Pakistanda zähmetkeşleriň ýagdaýy agyrlygyça galdy.

**1977-nji ýylda** harby agdarylyşyk bolup geçdi – häkimiýete general **Ziýo ul-Hak** geldi. Ol parlamenti dargadyp goýberdi, premýer-ministri wezipesinden azat etdi we erkin saýlawlar geçirdi. **1988-nji ýyldaky** saýlawlaryň netijesinde häkimiýete **Benazir Bhuttonyň** ýolbaşçylygyndaky Pakistan halk partiýasy geldi. B. Bhutto döwletiň baş ministri boldy. Ziýo ul-Hakyň döwründe tussag edilen ähli syýasy işgärlere amnistiýa berildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**1947-nji ýylyň 15-nji awgust güni iki garaşsyz döwlet – Hindistan we Pakistan döredilendigi yglan edildi.**

**1966-njy ýylda Hindistan bilen Pakistanyň arasynda Daşkent deklarasiýasy kabul edildi.**

**1977-nji ýylda Pakistanda harbiy agdarylyşyk bolup geçdi.**

1990-njy ýylda Pakistanyň prezidenti B.Bhutto hökümetini korrupsiýada günäkärläp, baş ministri wezipesinden azat etdi, täze saýlaw geçirildi we onda B.Bhutto ýeňlişe sezewar boldy.



**Amnistiýa** – häkimiýetiý ýokary organy tarapyndan jenaýat edenlere görä ulanylýan jenaýat jezasyndan bölekleýin ýa-da doly azat etmek usuly.

**Kurs** – syýasatyň ýönelişi, ýol.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Uruşdan soň näme üçin Hindistany garaşsyz we ýeke-täk döwlet hökmünde saklap galmagyň alajy bolmady?
2. Hindistanyň bölünmegi nähili problemalary getirip çykardy?
3. Nähili faktorlar Hindistanda döwrebap syýasy sistemanyň şekillenmegine sebäp boldy?
4. Pakistan garaşsyzlyk gazanandan soňra 1950 – 1960-njy ýyllarda nähili syýasy ýagdaý emele geldi?
5. Pakistanda 1977-nji ýyldaky harby agdarylyşyk nähili netije bilen gutardy?

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, Hindistana we Pakistana degişli çäkleri depderiňize aýry ýazyň we çäk taýdan bölünişine öz pikiriňizi bildiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap Özbegistanda meşhur bolan Hindi kinolarynyň sanawyny düzüň we «Meniň söýgüli filmim» temasynda esse ýazyň.

n.ziyouz.com saýtyndan Şaraf Raşidowyň «Kaşmir aýdymy» kyssasyny göçürip alyň we okaň hem-de kiçi okuw taslamasyny taýýarlap, gurnak sapagynda tanyşdyryş dabarasyny geçiriň.

## 26-NJY TEMA. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA TÜRKIÝE, EÝRAN WE OWGANYSTAN

**1946–1980-nji ýyllarda Türkiýe.** Türkiýeniň prezidenti Ismet Inýonýu ikinji jahan urşundan soňra Atatürkiň ýoluny dowam etdirdi, döwletde ýeke-täk partiýa diktaturasy saklanyp galdy.

**Osmanly türkler döwleti hakda nämeleri bilýärsiňiz?**

«Sowuk uruş» ýyllarynda Türkiýe Günbatar bilen bile boldy. Beýik Britaniýa, soň ABŞ Turkiýä maliýe we ykdysady taýdan kömek etdi. Türkiýe «Marşall meýilnamasy»na girizildi, NATO agza boldy.



Turgut Ozal.

Günbatar döwletleri bilen arkadaşlykda, olaryň kömegine garamazdan, 1980-nji ýyla çenli Türkiýede ykdysady ösüş depginleri pes boldy. Demokratik prosesler haýal ösüp, syýasatda armiýanyň roly ýokarylygyça galdy. Bu 1960–1970-nji ýyllarda birnäçe harby agdarylyşyga alyp geldi.

1980-nji ýylyň sentýabrynda general **Kenan Ewren** nobatdaky harby agdarylyşyk geçirip, ýene-de harbylar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

häkimiýeti ele aldy. Örän güýçli, hat-da gorkunçly usullar bilen bolsa-da, döwletde tertip ornadyldy. **1982-nji ýylyň noýabrynda** geçirilen referendum täze konstitusiýany tassyklady.




Türkiýe we Eýran.

1983-nji ýylda Türkiýeniň baş ministri bolan **Turgut Ozal** Türkiýede XX asyryň ahyrlarynda amala aşyrylan reformalarda örän uly rol oýnady. Ol Türkiýede örän tizlik bilen ykdysady reformalar başlap goýberdi. Ykdysadyýetde döwletiň roly peseldi, döwlet sektoryny giň hususylaşdyrmak başlandy, eksporty ösdürmek üçin erkin ykdysady zonalary düzmek barasynda kanunlar kabul edildi. Netijede Türkiýe güýçli depginler bilen ösüş ýoluna düşdi.

Ykdysatdaky döwlet sektorynyň üstünligi uruşdan soňky Türkiýeniň harakterli tarapydy. Diňe T. Ozalyň reformalary muňa çäk goýdy, döwletde syýasy ýagdaý hem gowulandy. **1989-njy ýyldaky** saýlawlarda T.Ozal Türkiýe Respublikasynyň prezidenti edip saýlandy. 1990-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

njy ýyldan baş ministr wezipesini başga bir tejribeli syýasatçy **Sulaýman Demirel** eýeledi.

**Daşary syýasatda** Türkiýe uzak ýyllardan bäri Ýewropa Soýuzyna girmek üçin hereket edip gelýärdi. Türkiýeniň ykdysady we syýasy taýdan Ýewropa bilen baglanmagyna, NATO-nyň agzasy bolmagyna garamazdan, heniz Ýewropa Soýuzyna kabul edilmedi.



**1980-nji ýylyň sentabrynda...**
**1983-nji ýylda Türkiýe...**
**T. Ozalyň işi...** **S. Demireliň işi...**

**Eýran.** 1946-njy ýyly iňlis we sowet goşunlary Eýrandan alyp çykyp gidildi. 1950-nji ýylyň birinji ýarymynda Eýran syýasaty esasan döwlet nebit senagatyny millileşdirmäge bagyşlandy.



**Sefewiler döwleti barada nämeleri bilýärsiňiz?**

Eýran patyşasy Muhammet Riza Pahlawiý döwrebap, bilimli adamdy.Ol döwletde korrupsiýa garşy, ykdysadyýeti modernizasiýa etmek üçin birnäçe çäreleri amala aşyrdy. 1963-nji ýylda referendum geçirilip, onda patyşa döwletde reformalar geçirmek teklibini girizdi. Referendumda ilat patyşanyň teklibini goldady. Bu reformalar umumy at bilen **«ak rewolýusiýa»** diýip at aldy. «Ak rewolýusiýa»nyň on ýylynda Eýran ykdysady ösüş boýunça dünýäde iň ýokary derejesine ýetdi. Eýranyň nebitden alýan girdejisi hem has ösdi. Senagatyň maşyn gurluşygy, stanok gurluşygy we başga ugurlary tiz ösdi.



Muhammet Riza Pahlawy.

**Patyşa häkimiýetiniň agdarylmagy.** Patyşanyň reformalary netijesinde döwletiň döwrebap ösüşi Eýrandaky dindarlary örän howsala saldy. Olar patyşa garşy agitasiýa alyp bardylar. Bu agitasiýa dindarlaryň ýolbaşçylygyndaky halk gozgalaňlaryna alyp geldi. Netijede **1979-njy ýylyň fewralynda** hökümet ýolbaşçysy boşadyldy. Patyşa režimi agdaryldy, Eýran Yslam Respublikasy diýip yglan edildi. Dindar şahslardan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

düzülen Geňeş täze konstitusiýany işläp çykmaklyga girişdi. Tizlik bilen tertibiň dini normalary yglan edildi: alkogol kabul etmek, saz, tans, kino, şahmat oýny, kitaplar gadagan edildi, ähli kinoteatrlar ýapyldy. Aýallar yslam däpleri boýunça geýinmäge, perenji orap ýörmäge mejbur edildi.

Günbatar döwletleri Eýrana garşy sanksiýalar yglan etdi. Döwletiň ykdysady ýagdaýy agyrlaşdy. Şeýle ýagdaýda **1980-nji ýylda** Irak goşunlary Eýrana çozup girdi. Başlanan Eýran-Irak urşy 1988-nji ýyla çenli dowam etdi. Eýranda azyk-owkat gytçylygy başlanyp, kartoçka sistemasy yglan edildi, ykdysat krizise ýüz tutdy. Bütin dünýäde Eýrana halkara terrorizmiň we yslam fundamentalizminiň ojagy diýip garalýan boldy. Şeýle ýagdaýda rewolýusiýanyň öňdebaryjysy, Eýran Yslam Respublikasynyň dini ýolbaşçysy Oýadilloh Ruhulloh Humaýniý 1989-njy ýylda aradan çykdy.

1990-njy ýylda ykdysady ýagdaý durnuklaşyp, ÄIÖ (ähli içki önüm)iň ösüş depginleri tizleşdi. Şol ýyllarda yslam radikalizmi hem az-kem peseldi.

**1963-nji ýyl... 1979-njy ýyl...**
**Eýran–Yrak urşy we onuň netijeleri...**

**Owganystan.** Owganystan patyşasy **Muhammet Zohir-patyşa** ylymly adam bolup, owgan jemgyýetini gowy bilýärdi we modernizasiýalamagyň möhümligini örän gowy duýýardy.

**Owganystanyň hökümdary Ahmethan haçan häkimiýet başyna gelipdi?**

Bu döwürde Owganystana SSSR, Fransiýa, Hytaý kömek berip başlady, nemisler, ýaponlar, hindler arkadaşlykda kärhanalar gurdy. Emma Sosial durmuşda özgerişler haýal geçdi, ýiti reformalar amala aşyrylmady. Şoňa garamazdan, bu özgerişler patyşany agdarmak tarapdarlaryny aktiwleşdirdi. Netijede **1973-nji ýylda** patyşa tagtdan agdaryldy. **Muhammet Dawut** prezident diýip yglan edildi.

M. Dawut birnäçe reformalary amala aşyryldy. Emma bular owgan halkynyň örän kem bölegine täsir etdi. Iň möhüm çärelerden biri sowatsyzlygy ýok etmek boýunça döwlet edarasynyň gurulmagy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

boldy. Döwlet tälimi doly özüniň göz astyna aldy, ähli mekdepler we okuw jaýlary Magaryf wezirliginiň ygtyýaryna geçirildi.

**1977-nji ýylda** täze Konstitusiýa kabul edildi, oňa görä M. Dawut ömürlik prezident diýip yglan edildi. Emma M. Dawut armiýanyň üstünden özüniň hökmüni ornadyp bilmedi.

**1973-nji ýylda ...** **1977-nji ýylda ...**
**1978-nji ýyl 27-nji aprel ...**
**1979-njy ýyl dekabr ...**

1978-nji ýylyň 27-nji aprelinde Owganystanyň harby-howa güýçleriniň komandiri polkownik Abdul Kadyryň ýolbaşçylygyndaky harbylar döwlet agdarylyşygyny amala aşyryp, M. Dawudy häkimiýetden çetletdi. Rewolýusion geňeş düzülip, ol özüni Owganystandaky ýokary häkimiýet diýip yglan etdi. Geňeşe **Nur Muhammet Tarakiý** ýolbaşçylyk etdi.




Owganystan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Häkimiýete gelen toparyň içinde hem agzybirlik ýokdy. Netijede N. M. Tarakiý öldürildi. Häkimiýeti **Hafizulla Amin** özüniň eline aldy. Ol SSSR-e ýüzlenip, Owganystana sowet goşunlaryny girizmegi sorady.

Şeýle şertde **1979-njy ýylyň dekabrynda** Owganystana sowet goşunlary girizildi. H. Amin öldürildi. Döwletde ýagdaý agyrlaşyp, açlyk başlandy. Millionlarça adamlar döwleti terk edip, goňşy döwletlerde gaçgyna aýlandy. Häkimiýetde duran Owganystan halk demokratik partiýasyna (OHDP) garşy bolan söweşjeň mujahitler döwletiň uly bölegine gözegçilik edýärdi.




**1983-nji ýylda Turgut Ozal Türkiýäniň baş ministri boldy.**

**1963-nji ýylda Eýranda referendum geçirilip, onda şa ýurtda özgertmeler geçirmek teklibini girizdi.**

**1979-njy ýylyň dekabrynda Owganystana sowet goşunlary girizildi.**

1986-njy ýylda häkimiýete **Muhammet Najibulla** geldi. Ol howpsuzlyk komitetiniň başlygy bolup, gaýratly we gujurly adamdy. Onuň syýasaty ençe üstünlikli boldy. **1989-njy ýylda** SSSR özüniň goşunlaryny alyp çykyp gitdi, ABŞ we Pakistan bolsa gozgalaňçylara ýarag ýetirip bermegi togtatdy. M. Najibulla häkimiýeti saklap galdy, emma bu uzak dowam etmedi. 1991-nji ýylyň ahyryna gelip SSSR dargap gidenden soňra M. Najibullanyň hökümeti agyr ýagdaýda galdy.



**Terrorizm** – parahat ilaty gynamak, gorkuzmak, beden taýdan ýok etmäge esaslanan syýasat.

**Fundamentalizm** – könelişen düşünjeleri tankydy gaýtadan seretmäge ýiti garşy çykýan, adaty gymmatlyklary dikeltmek üçin göreşýän örän konserwatiw dini akym.

**Yslam radikalizmi** – dini-syýasy aňyýet we amaly işler bolup, ol musulman ilat ýaşaýan döwletleriň içki we olaryň gatnaşmagyndaky halkara meseleleri, şonuň ýaly-da, döwletara gatnaşyklary şerigat esasynda çözmek üçin şert döretmäge ugrukdyrylan.

**Mujohid** – jihatda gatnaşýan musulman.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Türkiýede 1945 – 1980-nji ýyllarda amala aşyrylan reformalar nähili netijelere alyp geldi?
2. Türkiýeni tiz ösüş ýoluna alyp baran T.Ozalyň reformalary hakynda aýdyp beriň. Bu reformalar nähili netijelere alyp geldi?
3. Eýrandaky «Ak rewolýusiýa» nähili maksatlary göz öňünde tutupdy we ol nähili netijelere alyp geldi?
4. 1979-njy ýylda Eýranda patyşa reżiminiň agdarylmagy we Eýran Yslam Respublikasynyň yglan edilmegine nähili faktorlar sebäp boldy?
5. Eýran-Irak urşy nähili netijeler bilen gutardy?
6. Owganystanda 1979-njy ýylda amala aşyrylan «rewolýusiýa» owgan jemgyýetinde nähili özgerişlere alyp geldi?
7. Owganystandan sowet goşunlary alyp çykylandan soňra döwletde nähili prosesler bolup geçdi? Döwletiň parahat ösüş ýoluna geçmegi nähili amala aşdy?

## Özbaşdak iş



«Owganystan» kartasyndan peýdalanyp oňa serhetdeş döwletleriň adyny depderiňize göçürip ýazyň we ýatda saklaň..



Internet arkaly Türkiýä wirtual syýahat guraň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalary derňäň.



n.ziyouz.com saýtyndan Eziz Nesiniň «Täsin çagalar» romanyny göçürip alyň we okaň, kiçi okuw taslamasyny taýýarlap, gurnak sapakda tanyşdyrylyş geçiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 27-NJI TEMA. 1946 – 1991-NJI ÝYLLARDA LATYN AMERIKASY DÖWLETLERI

Ikinji jahan urşundan soňra Latyn Amerikasy döwletlerinde ykdysady reformalar geçirmek üçin amatly şert emele geldi: olar ençe uly walýuta zapasyna eýe boldy, jahan söwdasynda olaryň paýy artdy. Bu ýagdaý Latyn Amerikasy döwletlerinde köpçülikleýin, emma awtoritar režimleriniň şekillenmegi üçin amatly şert döretdi.



**Ikinji jahan urşunda Latin Amerikasynyň gatnaşygy barada nämeleri bilýärsiňiz?**

1970-nji ýylyň ahyry – 1980-nji ýylyň başynda Latyn Amerikasy döwletlerinde diktatorlyk režimlerine garşy göreş aktiwleşdi. Bu 1979-njy ýylda Nikaraguada rewolýusiýa, Salwador we Gwatemalada rewolýusion hereketiň güýçlenmegine alyp geldi. Günorta Amerika döwletleri – Ekwator, Peru, Boliwiýa, Argentina, Braziliýa we Urugwaýda harby režimler raýatlyk hökümetleri bilen çalşyryldy.

XX asyrda Latyn Amerikasy döwletleri üçin umumy bolan modernizasiýalamagyň **üç sany – rewolýusion, neokonserwatiw we reformaçylyk** wariantlary aýdyň göze göründi. Bu wariantlary üç sany döwletiň mysalynda görüp çykarys.

**Kuba: modernizasiýalamagyň rewolýusion warianty.** 1950-nji ýylyň ahyrynda Karib deňzindäki kiçijik ada – Kubada bolup geçen wakalar bütin dünýäniň ünsüni özüne çekdi. Kuba jemgyýeti modernizasiýa etmegiň rewolýusion ýoluny saýlady.

1959-njy ýylyň 1-nji ýanwar güni Fidel Kastronyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňçylar Kubanyň paýtagty Gawana şäherine girip geldi, rewolýusiýa ýeňiş gazandy. F. Kastro diňe aýgytly özgerişler Kubany yzagalaklykdan alyp çykarar, jemgyýeti ösüşiň döwrebap derejesine göterer diýip oýlap, aýgytly sosial-ykdysady syýasaty amala aşyrdy.



Fidel Kastro.

ABŞ-nyň Kubadaky täze hökümete duşmançylykly gatnaşyklary anyk bolandan soň, F. Kastronyň hökü-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

meti SSSR bilen ylalaşyk arkaly döwletiň goranyş gudratyny berkidip başlady. Bu bolsa 1962-nji ýyldaky Karib krizisine alyp geldi.

**1970-nji ýyllaryň ahyry – 1980-nji ýyllaryň başlarynda ...**
**1979-nji ýylda ...** **1962-nji ýylda ...**

Kuba ilkinji döwürde jemgyýet durmuşynyň ähli ugurlarynda diýen ýaly modernizasiýa etmekde uly üstünlikleri gazandy.Diňe agrar döwlet bolan Kubany agrar-industrial döwlete aýlandyrmak kursy saýlandy.

Emma 1980-nji ýyldan jemgyýeti modernizasiýa etmegiň Kuba wariantynda käbir kemçilikler göze görnüp başlady. Ykdysady ösüş depginleri, ilatyň ýaşaýyş derejesi peseldi. SSSR-iň dargamagy Kuba üçin örän uly zarba boldy. 1990-njy ýylda köpçülik F. Kastro režiminiň ýykylmagyny çak edýärdi. Emma bu režim saklanyp galdy.

**Çili: modernizasiýanyň neokonserwatiw warianty.** Ikinji jahan urşundan soňky geçen wagtyň dowamynda Latyn Amerikasy döwletleri jemgyýeti modernizasiýa etmegiň optimal wariantyny gözlediler. 1960-njy ýylda Çilide hökümet döwleti modernizasiýalamaga hereket etdi. Bunda ol öňki öňdebaryjy döwletlerde synagdan geçen reformaçylyk sistemalaryna esaslandy. Emma başlanan reformalar gitdigiçe jemgyýetdäki bölünişigi güýçlendirdi, döwlet durmuşynyň sosial-syýasy ugurlarynda aýgytly görnüş emele geldi. Nobatdaky prezident saýlawlaryndan öň Halk birligi blogy düzülip, oňa kommunistler, sosialistler, radikallar we Halkyň ýeke-täk hereketi girdi. 1970-nji ýylda şu blogyň kandidaty Salwador Alýende Çiliniň prezidenti edip saýlandy.

S. Alýende hökümeti çuň reformalary amala aşyrmaga girişdi. Emma jemgyýet peýdalaryna täsir edýän, adatdaky ýaşaýyş derejesini, däp bolan sosial gatnaşyklary bozýan her bir çäre ýaly S. Alende hökümetiniň başlan reformalary hem döwletde dürli garaýyşlary, garşylyklary emele getirdi. **1973-nji ýylda** döwlet agdarylyşygy amala aşyrylyp, häkimiýete general **Augusto Pinoçet** başçylyk edýän harby hunta


Augusto Pinoçet.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

geldi. Çilide gabaw halaty yglan edildi. Konstitusiýa we ähli demokratik erkinlikler diýen ýaly ýatyryldy.

Pinoçet hökümetiniň saýlan modernizasiýalamagyň neokonserwatiw warianty uly sosial problemalara alyp geldi. Ilki bilen, aýlyk, aýratyn hem reformalaryň ilkinji ýyllarynda, has-da kemeldi, işsizlik tiz ösdi.



**1960-njy ýyllarda Çilide... 1970-nji ýylda... 1973-nji ýylda...**

Neokonserwatiw modernizasiýalamagyň beýle garşylykly netijeleri döwletdäki umumy syýasy şerte hem täsir görkezdi. 1989-njy ýylda geçirilen prezidentlik saýlawda Hristian-demokratik partiýasynyň öňdebaryjysy P.Eýlwin ýeňiş gazandy. Diktatura döwri gutardy.

**Meksika – modernizasiýalamagyň reformaçylyk warianty.** 1958-nji ýylda Meksika senagat önümleriniň umumy möçberi boýunça Latyn Amerikasynda birinji orna çykdy. Döwletiň üstünlikli ykdysady ösüşinde döwlet sektory esasy rol oýnady.

Latyn Amerikasynda uly şow-şowa sebäp bolan Kuba rewolýusiýasy Meksika ýolbaşçylaryny hem sosial ugurda çynlakaý üns bermäge çagyrdy. Emma modernizasiýalamagyň Kuba wariantyny kabul etmezden, Meksika şol wagtda Çili wariantyna hem ynamsyzlyk bilen garady. Meksikada höküm sürýän güýçler ösüşiň liberal-reformaçylyk ýolundan gaýtmady.




**1959-njy ýyl 1-nji ýanwar güni F. Kastronyň baştutanlygynda gozgalaňçylar ynkylaby ýeňiş gazandy.**

**1970-nji ýylda halk fronty dalaşgäri Salwador Alýende Çiliniň prezidenti edip saýlandy.**

**1958-nji ýylda Meksika senagat önümleriniň umumy göwrümi boýunça Latyn Amerikasynda birinji orna çykdy.**

1980-nji ýyldaky jahan ykdysady krizisi Meksika üçin uly synag boldy. Krizisi ýeňip geçen bolsa-da, işsizlik, daşky karz has artdy, daşky dünýä, birinji orunda ABŞ-a baknalyk hem artdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Harby režim** – döwleti dolandyrmak şekli bolup, onda bütin häkimiýet harbylara degişli bolýar. Adatda, harby režimler harby agdarylyşyk arkaly ornaşdyrylýar.

**Agrar-industrial ýurt** – esasy baýlygyny oba hojalyk önümleri düzýän, senagaty oba hojalyk önümlerini we tebigy baýlyklary gaýtadan işlemäge gönükdirilen ýurt.

**Harby hunta** – döwlet agdarylyşygy arkaly häkimiýete gelen, adatda sütemkärlik we diktatorlyk usullary bilen döwleti dolandyrýan harbylaryň häkimiýeti.

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. 1950 – 1980-nji ýyllaryň birinji ýarymynda Latyn Amerikasynyň döwletlerinde bolup geçen esasy syýasy özgerişler hakynda aýdyp beriň.
2. Modernizasiýalamagyň Kuba has bolan rewolýusion ýoly nähili düýpli özgerişleri göz öňünde tutýar?
3. Modernizasiýalamagyň Kuba warianty özüni akladymy? 1980-nji ýylda bu wariantyň nähili kemçilikleri göze göründi?
4. Çilide S. Alýende hökümetiniň reformalary käbir üstünliklere garamazdan näme üçin giňden ýaýramady?
5. Pinoçet diktaturasy döwründäki reformalar Çiliniň soňky ösüşinde nähili rol oýnady?
6. Meksikada modernizasiýalamagyň reformaçylyk warianty Kuba we Çili wariantlaryndan nämesi bilen tapawutlanýar?
7. XXI asyrda Latyn Amerikasy döwletleriniň jahan syýasatynda uly täsire eýe bolmazlygynyň sebäpleri nämede?

## Özbaşdak iş



1963-nji ýylda Kubanyň ýolbaşçysy Fidel Kastronyň Özbegistana sapary hakyndaky maglumatlary gözläp tapyň hem-de «Şaraf Raşidow we Fidel Kastro» temasynda maglumat taýýarlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Internet arkaly Latyn Amerikasy döwletlerine wirtual syýahat guraň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalary derňäň.

ziyouz.uz saýtyndan Alwaro Ýunkeniň «Mugallyma üçin bägül» hekaýasyny göçürip alyň we okaň, mugallymlar hakda ýazylan başga hekaýalar bilen deňeşdirip, derňewini depderiňize ýazyň.

## 28-NJI TEMA. 1946–1991-NJI ÝYLLARDA AFRIKA DÖWLETLERI

**Ikinji jahan urşy we onuň netijeleri.** Ikinji jahan urşundan soňra Afrikada milli-azatlyk hereketiniň harakteri özgerdi. **1945-nji ýylda** Mançester şäherinde V **Panafrika kongresi** boldy. Ol Afrika halklarynyň göreşinde hil taýdan täze döwür başlanandygyny aňlatdy. Bu kongresde öňkülere garanda örän köp Afrika guramalary gatnaşdy. Kongresde koloniýaçylyga we imperializme garşy ruh üstün boldy. Afrikanyň ähli regionlaryndaky we döwletlerindäki ýagdaý ara alyp maslahatlaşyldy. Kongres bütin materige we ähli iri regionlara hem-de döwletlere garadylan täze rewolýusion talaplary öňe sürdi.

**Ikinji jahan urşunda Afrika halklarynyň gatnaşygy barada nämeleri bilýärsiňiz?**

Birnäçe Afrika döwletleri üçin uruşdan soňky ýyllar syýasy partiýalary düzmek, koloniýa režimlerini agdarmak üçin göreş döwri boldy. Afrikalylaryň aňynda koloniýaçylyk düşünjesi Ýewropanyň hokum sürmegi bilen baglydy. Şol sebäpli garaşsyzlyk üçin göreş köplenç ähli ýewropa degişli zatlardan ýüz öwürmeklige aýlanyp gitdi. Bu hakynda Günbatar Afrikaly şahyr **Bernar Dade** şeýle ýazypdy:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Men galstuk dakmagy islemeýärin.*
*Boýnuma bezegli zynjyr dakaryn,*
*Edepli Ýewropanyň gulluk zynjyry.*
*Men sagat dakmagy islemeýärin.*
*Elime zulumy dakyp ýörerin,*
*Ýewropanyň manysyz zulmuny.*

Metropoliýalar hem assa-ýuwaş höküm sürýän öňki usullardan ýüz öwrüp başlady.

**«Afrika ýyly».** Koloniýaçylykdan azat bolmak prosesiniň iň ýokary derejesi 1960-njy ýyla dogry geldi. Ol taryha «Afrika ýyly» görnüşinde girdi. Şol ýyl jahan kartasynda 17 sany täze Afrika döwletleri peýda boldy. Olaryň köpçüligi fransuz we iňlis koloniýalarydy. Afrikanyň iň uly döwletleri Nigeriýa we Kongo özüniň garaşsyzlygyny yglan etdi. Koloniýaçylyk döwründe ikä bölünip giden Somali birleşip, garaşsyz Somali Demokratik Respublikasy adyny aldy.

«Afrika ýyly» materikdäki ýagdaýy üýtgedip goýberdi. Başga döwletlerde hem koloniýa gurluşygynyň ýykylmagy gutarnyksyz bolup galdy. Soňky ýyllarda Beýik Britaniýa garaşly ähli döwletler özüniň garaşsyzlygyny yglan etdi. 1975-nji ýylda Portugaliýada rewolýusiýa bolup geçenden soňra onuň koloniýalary hem garaşsyz döwletler hökmünde düzüldi.

Şeýlelikde, 1990-njy ýyla gelip, Sährадan günortada 40-dan gowrak syýasy garaşsyz döwletler emele geldi. Olaryň köpçüligi özlerini respublika diýip yglan etdi.

**Afrika döwletleriniň problemalary.** Koloniýaçylyk reżiminiň agdarylmagy we syýasy häkimiýetiň afrikalylara geçmegini bütin Afrika örän uly üstünlik diýip hasaplady. Olar özleriniň umytlaryny garaşsyzlyk bilen bagladylar. Durmuş derejeleri tiz gowulanar, diýen ynam ginden ýaýrapdy. Bu ýakymly umytlara ilatyň köpçüligi ýaly sadalyk bilen bolmasa-da, her bir afrikaly liderleriň hem köpçüligi ynanýardy.

Durmuş hakykatdan-da gowulanyp başlady. Afrikalylar döwlet apparatynyň ähli bogunlaryny, armiýany, polisiýany özleri şekillendirip başlady. Afrikalylaryň medeniýetiniň ösüşi üçin giň mümkinçilikler peýda boldy. BMG we başga halkara guramalaryň işinde deň hukuk bilen gatnaşmak, täze döwletler we olaryň raýatlarynyň özlügini görkezmeginde uly rol oýnady. Ýaş döwletler dünýäniň birnäçe



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döwletlerinden, BMG-nyň ýörüteleşen organlaryndan, halkara fondlardan we banklardan kömek alyp başlady.

«Sowuk uruş» şertlerinde gapma-garşy bloklaryň arasynda Afrika döwletlerine täsir görkezmek üçin göreş başlandy. Garaşsyzlygy gazanan döwletleriň bir bölegi sosialistik döwletler, ilki bilen Sowet Soýuzyna eýerip,«kapitalistik bolmadyk ösüş ýolu»ny saýlady. Köpçülik ýagdaýlarda kapitalistik bolmadyk ýoly saýlap alan döwletlerde kyn ýagdaýlar emele geldi, garaşsyzlyk üçin göreşen agşamky liderler we höküm sürýän partiýalar häkimiýete gelenden soň, zalym we diktatora aýlandylar, raýatlaryň uruşlary bolsa köp gan dökülmegine alyp geldi. Emma kapitalistik ýoly anyk diýip bilen başga birnäçe döwletlerde hem şeýle, bir meňzeş diýen ýaly problemalar peýda boldy.



**«Afrika ýyly»... 1975-nji ýylda...**
**Afrika döwletleriniň meseleleri bu...**

Birnäçe Afrika döwletleri özbaşdaklyk yglan edilenden soň hem dünýäniň iň garyp döwletlerinden bolup galyberdi. Özbaşdak döwleti gurmak örän çylşyrymly proses bolup geçdi. Kynçylyklaryň köpçüligi geçmişdäki koloniýaçylyk bilen, başga bir bölegi bolsa koloniýaçylykdan öňki däpler bilen baglydy.

Koloniýaçylyk sistemasy ýykylandan soň koloniýa dolandyryş sistemasy hem ýatyryldy we häkimiýete täze, döwleti dolandyrmak tejribesine eýe bolmadyk adamlaryň gelmegi ýagdaýy has-da çylşyrymlaşdyrdy. Birnäçe Afrika döwletlerinde köp sanly, tejribesiz we peýdasyz, gulagyna çenli korrupsiýa batyp galan, döwlet baýlygyny derbi-dagyn edýän we şu esasda bir-birini goldap-kuwwatlaýan býurokratik apparat emele geldi. Şeýle şertde ýeke-täk tertip we güýje eýe bolan gurama armiýa bolup galdy. Netijede dyngysyz harby agdarylyşyklar bolup geçdi. Häkimiýete gelen diktatorlar çäksiz baýlyklary eýeläp aldylar. Ykdysadyýetiň iş alyp barşy, narkotikleri öndürmek we dargatmak, näkanuny görnüşde altyn we almaz gazyp almak, hat-da adam söwdasy ýaly ýaman ýagdaýlaryň giň ýaýramagyna alyp geldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Afrika ýutlary.

Döwlet serhetleriniň gowşaklygy hem Afrika döwletleriniň şekillenişini örän kynlaşdyrdy. Serhetler koloniýaçylyk döwründen miras galan bolup, özbaşdak döwletleriň düzülmeginde ilatyň etnik



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

degişliligi hasaba alynmandy. Bu hal hemişe etnik dawalary getirip çykardy we millionlarça gaçgynlaryň peýda bolmagyna alyp geldi. Döwletlerara we her bir döwletiň çäklerindäki etnik dawalar Afrika üçin hakyky külpete aýlandy.

Garyplykdan, uruş we genositden, senagatyň ýoklugy sebäpli işsizlik we alaçsyzlykdan gutulmak üçin millionlarça afrikalylar özüniň materigini taşlap gitdiler. Häzir Beýik Britaniýa, Fransiýa ýaly Ýewropa döwletlerinde millionlap afrikalylar ýaşaýarlar. Nelegal immigrantlaryň hem köp bolanlygy üçin olaryň anyk sanyny hiç kim bilmeýär. Birnäçe afrikalylar özüniň watanlaryna gaýtmak üçin däl eýsem, Ýewropada özüniň hukuklaryna eýe bolmak üçin göreşýärler.




**1990-njy ýyllara gelip, Saharadan günortada 40-dan gowrak syýasy garaşsyz döwletler döredi.**

**1975-nji ýylda Portugaliýada ynkylap bolup geçensoň onuň koloniýalary-da garaşsyz döwletler hökmünde döredi.**

Döwletleriň we etnoslaryň arasyndaky birnäçe garşylyklara garamazdan, ähli afrikalylar materikdäki ahyrky koloniýa režimi – Günorta Afrika Respublikasyndaky aparteid gurluşyny garalamaga goşulyşýardylar.



**Armiýa** – döwletiň ýaragly güýçleri. Onuň esasy wezipesi ýurdy daşky duşmandan goramak.

**Polisiýa** – ençeme ýurtlarda döwlet dolandyryş organy bolup, esasy wezipesi hereketdäki düzümi goramak we jemgyýetçilik tertibini saklamakdan ybarat.

**Genosid** – ilatyň käbir toparlaryny ýa-da tutş halklary syýasy, jynsy, milli, etnik ýa-da dini belgiler esasynda gyrgyn etmek.

**Aparteid** (apartheid – aýry-aýry ýaşamak) – jynsy kemsitmäniň iň erbet görnüşi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Birinji jahan urşy, uruşdan soňky V Panafrika kongresi Afrika halklarynyň koloniýaçylyga garşy göreşiniň harakteriniň özgermegine nähili täsir görkezdi?

2. Materigiň özbaşdaklyk simwoly bolan 1950-nji ýylyň ahyryndaky ilkinji özbaşdak döwletler we «Afrika ýyly» hakynda aýdyp beriň.

3. Garaşsyzlygy gazanan birnäçe Afrika döwletleri näme üçin «kapitalistik bolmadyk ösüş» ýoluny saýlady?

4. Afrika döwletleri garaşsyzlygy gazanandan soňra nähili problemalara duçar boldular?

5. Afrika döwletlerinde etnik problemalaryň hemişe peýda bolmagyna garaşsyzlykdan öňki nähili faktorlar sebäp boldy?

6. Aparteid nähili gurluş? Genosid näme?

7. Afrika halklarynyň öňünde XX asyryň 90-njy ýyllarynda nähili problemalar bardy?

## Özbaşdak iş



«Afrika döwletleri» kartasy bilen tanyşyň we temanyň tekstindäki wakalar bilen baglylykda düşündiriş ýazyň.



Temanyň teksti esasynda «Afrika» temasynda bäş hatarly goşgy «Sinkweýn» düzüň we depderiňize ýazyň.



ziyouz.com saýtyndan Ernest Heminguеýiň «Goja we deňiz» kyssasyny göçürip alyň we okaň, kiçi okuw taslamasyny taýýarlap, gurnak sapagynda tanyşdyrylyş geçiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 29-NJY TEMA. XX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMYNDA YLMYŇ WE MEDENIÝETIŇ ÖSÜŞI

**Ylmy-tehnik rewolýusiýa we onuň netijeleri.** Soňky ýüz ýylyň dowamynda ylmyň ösüşi XX asyryň ikinji ýarymynda ylmy-tehnik rewolýusiýa alyp geldi. Bu rewolýusiýanyň esasy belgileri tebigy we sintetik materiallardan harytlary köpçülikleýin öndürmek, maşynlardan giň gerimde peýdalanmak, önümçiligiň konweýerli liniýalaryny, zawod-awtomatlaryny we senagat robotlaryny döretmek boldy. Ylmy-tehnik rewolýusiýa jahan ykdysadyýetini kapitalizmiň postindustrial döwrine alyp çykdy.

Ikinji jahan urşundan soň başlanyp giden «sowuk uruş», ABŞ we SSSR-iň arasyndaky ýaraglanyş bäsleşigi kosmos ugruna hem göçdi. **1957-nji ýylyň 4-nji oktýabr** güni Sowet Soýuzynda dünýäde birinji Ýeriň emeli hemrasy uçuryldy. Akademik **S. P. Kadaýowyň** ýolbaşçylygyndaky topar tarapyndan Aýa kosmik korabl uçurmak barasynda barlaglar alyp baryldy. Olaryň netijesinde **1961-nji ýylyň 12-nji aprel** güni dünýäde birinji gezek **Ýuriý Gagarin** «Wostok» kosmik korablynda kosmos giňişligine uçdy. Kosmonawtika döwri başlanyp, ol kosmos giňişligi hakyndaky bilimlerimizi giňeltdi.



**Dünýäde birinji demirýol haçan we haýsy döwletde oýlap tapylypdy?**

**Tebigat ylymlaryndaky açyşlar.** Bu ýyllarda tebigat ylymlarynyň gazanan iň uly üstünliklerinden biri lazeriň açylmagy boldy. Bu açyş XX asyryň fizika ylmyndaky iň parlak açyşlardan biri hökmünde kabullandy. 1960-njy ýylda sowet fizikleri N.G.Basow, A.M.Prohorow we amerikaly alym Ç.Tauns **lazer**–(bu iňlisçe Light Amplification by Stimulated Emission of Radiation–mejbury şöhlelenmek netijesinde ýagtylygyň güýçlendirilmegi sözleriniň baş harplaryndan alnan)–şöhläniň düýbünden täze görnüşini döretdiler. Bu üç alyma fizika ugrunda **Nobel sylagy** berildi.

Täze tehnika we tehnologiýalardan peýdalanmak bilen bagly ýene bir täzelik kompýuteriň döredilmegi boldy. Kompýuter (iňlisçe computer–«hasaplaýjy») ilki bilen habary täzeden işlemek we haaplamak üçin döredildi, elektron hasaplaýjy maşyn–EHM diýip atlandyrylýardy we göwrümi örän uludy. 1959-njy ýylda amerikaly inženerler D. Kil-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bi we R. Noýs tarapyndan **yarymgeçiriji integral mikroshemalary**ň döredilmegi kompýuter we başga enjamlaryň göwrüminiň has-da gysgarmagyna, onuň ulanylýan ugurlarynyň giňelmegine alyp geldi. Integral mikroshemalaryň döredilmegini alymlar XX asyryň soňky 50 ýylynyň içinde edilen iň meşhur açyşlar diýip hasapladylar.



Adamzat taryhynda birinji bolup kosmosa perwaz eden ynsan – Ýuriý Gagarin.

Häzir ählimiziň ulanýan el telefonlary hem XX asyryň açyşlarynyň biridir. Şwesiýanyň Telewerket kompaniýasy 1940-njy ýylyň ahyrynda el telefonlaryny döretmegiň üstünde iş alyp barýardy. Şwedler tarapyndan teklip edilen birinji köpçülikleýin el telefon baglanyşygy MTA – Mobil telefon sistem (mobil telefon sistemasy) diýip atlandyryldy. 1970 – 1980-nji ýyllarda **Erikson, Philips** we başga birnäçe meşhur kompaniýalar tarapyndan el telefon apparatlarynyň täze görnüşleri döredildi. Şol ýyllarda döwrebap görnüşdäkilere golaý bolan apparatlar peyda boldy. Massaçuset tehnologiýa instituty işgärleri uzak aralykdan durup kompýuter arkaly baglanyşyk etmek mumkinligini esaslady we Internetiň döredilmegini ýakynlaşdyrdy. 1969-njy ýylda Internetiň döwürdeşi ARPANET döredildi. **1972-nji ýylda E-mail** (elektron poçta) peýda boldy.



**1957-nji ýylda ...** **1961-nji ýylda ...**
**Ýarymgeçirijli integral mikroshemalaryň oýlap tapyjylary bu ...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Sungat.** XX asyryň ikinji ýarymynda sungatda abstraksionizm (abstraksiýa-howaýy) ugry has meşhur boldy. Abstraksionizm fotografiýa sungatynyň ösmegine özüne has bolan jogap görnüşinde peyda boldy. Abstraksionizm wekilleri indi şekilde hereketi, duýgyny aňlatmaga hereket etdiler, aslynda, olaryň pikrine görä, edil şolary fotografiýada aňlatmagyň alajy ýokdy.

Abstraksionizme garşylykly görnüşde pop-art (köpçülikleýin sungat) peýda boldy we tiz Ýewropa ýaýrady. Pop-arta yhlaslylaryň pikirine görä, dünýädäki her bir enjam özüniň ilki başdaky ähmiýetini ýitirip, çeper, estetik görnüşi aňlatmagy mümkin.

Sungatyň bu ugurlarynda älemiň keşbindäki logik we anyklygyň ýoklugy sungatdaky modernizm basgyjy özüniň mümkinçiliklerini tamamlanlygyny aňladýardy. Indi Günbatar we Gündogar sungaty, geçmiş we döwrebap stiller, folklor we köpçülikleýin medeniýet elementlerini ozünde jemlän postmodernizm stili peýda boldy.

**Edebiýat.** Uruşdan soň bir näçe ýazyjylaryň romanlary uruşy çeper usullar bilen suratlandyrmaga bagyşlandy. Bu döwürde köpçülik eserler antifaşistik, pasifistik ruhda ýazylan bolsa, 1960-njy ýyldan soň realizm jemgyýetdäki täze wajyp problemalary görkezmek guralyna aýlandy. Olarda ynsanyň we tabigatyň arasyndaky aýrylmaz baglanyşyk, tabigatdaky betbagtçylyklar ynsan we jemgyýetiň ahlaksyzlygyna alyp gelmegi hakynda örän täsirli çeper obrazlar arkaly aýdyň beýan edilýärdi.




**XX asyryň ikinji ýarymynda ylmyň ösmegi ylmy öwrülişige getirdi.**

**1969-njy ýylda Internetiň geçmişdeşi ARPANET döredildi.**

**1972-nji ýylda E-mail (elektron poçta) peýda boldy.**

Beýan edilmegiň realistik görnüşi XX asyryň täze ebedi ugry – köpçülikleýin edebiýatda özüne ýol topdy. Bu edebiýat köpçülikleýin okyjylara niýetlenip, anyk nusgalar esasynda ýazylan, çeperçilik taýdan o diýen ýaly beýik bolmadyk, ideýa taýdan bar bolan tertipleri goldap-kuwwatlamaga gönükdirilen eserlerdir. Bu – bazaryň ähli kanunlaryna amal edýän, harydarlaryň dürli gatlamyna niýetlenen edebi harytdyr. Bu özüniň açyk söwda harakteri, göwnüni açma funksiýasy we wakalaryň ösüşiniň öňünden mälimligi bilen XX asyryň birinji



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýarymyndaky edebiýatdan otrisatel taraplary bilen tapawutlanýardy. Bu eserleriň çeperçiligi barasynda belli bir pikir aýdyp bolmaýar, olary okamak akly we çyn ýürekden berilmegi talap etmeýär, olar häzirki zamanda wagt geçirmegiň bir görnüşi bolup galdy.

**Konweýer** (convey – geçirmek) – pytraýan, bölekli ýa-da däneli ýükleriň ornuny üýtgetmäge niýetlenen dyngysyz geçirip durýan maşyn.

**Postmodernizm** – medeniýetde modernizmiň esasy prinsiplerini ret edýän we geçmişdäki stillerden we ýönelişlerden käte kinaýa bilen peýdalanýan XX asyryň ikinji ýarymyna degişli ýöneliş.

**Pasifizm** (pacificus – parahatçylyk söýüji) – zulumkärligi ýok etmek üçin oňa garşy göreş aňyýeti. Pasifistik hereket, parahatçylyk üçin – urşa garşy jemgyýetçilik hereketi bolup, esasan, parahatçylyk ýoly bilen, urşuň ahlaksyz häsiýetini paş edýän garşylyk hereketi.

### Berkitmek üçin sorag we ýumuşlar

1. Kapitalizmiň postindustrial döwründe ylmy-tehnik ösüş nähili basgyçlary öz içine alýar?
2. «Sowuk uruş» döwründäki bäsleşik köpçülikleýin gyrgyn ýaraglarynyň nähili täze görnüşleriniň döredilmegine we kosmosy eýelemek üçin nähili ylmy barlaglaryň alyp barylmagyna sebäp boldy?
3. Döwrebap EHM-lar, kompýuterler we el telefonlarynyň döredilmeginde integral mikroshemalaryň oýlap tapylmagy nähili rol oýnady?
4. Internetiň peýda bolmagyna nähili teoriýa esas boldy?
5. Abstraksionizm näme we ony nähili taryplamak mümkin?
6. XX asyryň edebiýaty we sungatyndaky nähili ugurlary taryplap bilýärsiňiz? Edebiýat we sungatyň sosial durmuşa täsiri nämelerde ýüze çykýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Özbaşdak iş



«Kosmosa syýahat» temasynda tanyşdyrylyş taýýarlaň we wideorolik görnüşinde gurnak sapagynda görkeziň.



Internet arkaly XX asyrda ylym-bilimiň we tehnikanyň ösüşine degişli materiallary gözläp tapyň hem-de okuw taslamasyny taýýarlaň.



ziyouz.com saýtyndan «Jahan edebiýaty» žurnalynda neşir etdirilen çeper-taryhy eserleri göçürip alyň we dynç alyş döwründe olary okap çykyň, «Dynç alyş we kitap okamak» temasynda okuw portfoliosyny taýýarlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel***

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

***Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:***

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE